**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

**Amanmyrat  Garlyýew,**
**Allaberdi Annageldiýew**

# NEBIT WE GAZ PUDAGYNYÑ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Aşgabat – 2010

**Amanmyrat Garlyýew, Allaberdi Annageldiýew,** Nebit we gaz pudagynyñ ykdysadyýeti.

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby, Aşgabat – 2010 ý.

# I. SÖZBAŞY.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda başlanan we barha rowaçlanýan Täze Özgertmeler we Beýik Galkynyşlar syýasaty Garaşsyz we Baky Bitarap Döwletimiz Türkmenistany ykdysady, syýasy, medeni taýdan ösdürmek bilen, dünýäde öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna goşdy. Ösüşiň hem täze özgertmeleriň aýgytly ýoly bilen öňe barýan mähriban Watanymyzda ähli ugurlarda uly sepgitlere ýetilip ýurt möçberinde beýik işler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiz „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: Halka daýanyp, halkyň hatyrasyna“ atly göwrümli işinde: „Ýurdumyzda baş maksatnama hökmünde bilim ulgamyny, şol sanda akademiki, ýokary, hünärment – tehniki we orta bilim mekdeplerini düýpli özgertmek boýunça maksatnamanyň yglan edilmegi tötänden däldir. Ýurdumyzda hakyky köşk ýaly çagalar baglary hem mekdepler hem gurulýar, olarda kompýuter otaglary döredilýär we iň häzirki zaman okuw maksatnamalary işlenip taýýarlanýar“ – diýip belleýär.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly häzirki wagtda bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep–terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär.

Bu ugurda ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna – geljekki nebit–gaz senagatynyň hünärmenlerine ýurdumyzyň ýangyç–energetika toplumynyň ykdysadyýetini öwretmek, onuň esaslaryny özleşdirmek derwaýys wezipeleriň biri bolup durýar.

Bu okuw dersiniň gurluş düzümini esasan hem nebit-gaz senagatynyň ykdysadyýeti tutýar. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň esasy sütüni bolup durýan nebit–gaz senagatynyň ykdysadyýetini öwrenmek ilkinji nobatda nebit-gaz ýataklaryny özleşdirmek bilen bagly bolup durýar.

Bu babatda umumy ykdysady ugurlar bilen bilelikde geologiýa–gözleg işleriniň, nebit-gaz gatlaklaryny burawlamak, guýulardan nebit, gazy çykarmak, sarp edijilere ugratmak ýaly işleriň gurnalyşy, meýilnama düzüliş, ýerine ýetirilýän işleriň, hyzmatlaryň, öndürilýän önümiň özüne düşýän gymmaty, zähmet öndürijiligi, esasy önümçilik serişdeleriniň ulanylyşynyň netijesini ýokarlandyrmak ýaly her bir nebit–gaz kärhanasynyň esasy wezipelerinden ugur alynýar. Bu bolsa geljekki geologlaryň  we geofizikleriň, nebit–gaz guýularyny burawlaýjy, nebit–gaz ýataklaryny senagat taýdan ulanýan hünärmenleriň we nebit-gaz senagaty boýunça beýleki ugurlardaky okaýan talyplaryň ykdysady kadalar, düzgünler, hasaplamalar bilen birlikde hasabat, maliýe ulgamy, buhgalteriýa bilen baglanyşykly ylmy nazarýetler bilen içgin tanyşmaga we kämil derejeli hünärment bolup ýetişmeginde uly orun eýelär.

Bu okuw dersiniň esasy maksady nebit–gaz senagatynda ykdysady deňeşdirmeleri, girdejileriň we çykdajylaryň hasaplamalaryny içgin öwrenip düşewüntliligiň möçberlerini tassyklanan kadalara laýyklykda kesgitläp bilmeklerini we dogry ulanmaklaryny gazanmakdan ybaratdyr. Okuw maksatnamasy nebit–gaz senagatynyň ykdysadyýetiniň ugurlarynyň umumy we amaly okuwlaryň özboluşly bölümlerinde, talyplaryň dersi doly özleşdirmegi üçin nebit–gaz kärhanalarynyň mysalynda ykdysady işleriň gurlyşyny wezipe edip goýýar. Bu bolsa nebit-gaz kärhanalarynyň tehniki hojalyk işleriniň netijesine ykdysady seljeriş geçirmek we okuw döwründe beýleki ugurlar boýunça geçilýän dersler bilen utgaşdyrmak zerurlygyny döredýär. Bu maksatlardan ugur alnyp düzülen dersiň esasy wezipesi talyplaryň düşünjelerini köp taraplaýyn ösdürmek, okuw döwründe özleşdirilýän sapaklaryň, olaryň düşünjesine düýpli ornaşmagyny gazanmak bolup durýar. Umuman aýdanymyzda nebit–gaz senagatynyň ykdysadyýeti dersi, nebit-gaz çykaryjy, buraw işleri kärhanalaryň we olara hyzmat edýän edaralaryň öňünde duran

önümçilik wezipeleriniň ýerine ýetirilişiniň, aýry–aýry bölümleriň, sehleriň, brigadalaryň amala aşyrýan önümçilik işlerine ykdysady seljerme geçirmek, onuň jemleriniň esasynda kärhananyň hojalyk, tehniki, maliýe işleriniň netijesine baha bermek bolup durýar.

# II. NEBIT-GAZ SENAGATYNYÑ ÖSÜŞINIÑ ESASY SEPGITLERI

## Nebit-gaz senagatynyñ gysgaça taryhy

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ özüniñ „Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy: Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna“ atly ýurdumyzda Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynda ýerine ýetirýän tutanýerli işleri beýan edýän giñ göwrümli işinde :

„Biziñ ata-babalarymyz gadymy döwürlerden bäri tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak we onuñ peşgeşlerinden rejeli peýdalanmak ukyplaryny kämil derejä ýetiripdirler, öz durmuş ýörelgelerini iñ ýokary derejä çenli kämilleşdiripdirler“

Hormatly Prezidenentimiziñ belleýşi ýaly „Biziñ sahawatly we bereketli türkmen topragymyza, Hydyr gören toprak”, diýip ýöne ýere aýdylmaýar. Hak nazary düşen bu topraga bereket nury eçilipdir. Ummasyz baýlyklara, ösümliklere, çig-mal känine, dürli magdanlara, baý haýwanat dünýäsine, tebigy täsinliklere we gymmatly ýadygärliklere baý bolan türkmen ili özüniñ täsinligi gözelligi we zähmetsöýer ajaýyp halky bilen dünýä ýurtlarynyñ ünsüni özüne çekýär.

Mähriban topragymyzyñ iñ esasy baýlyklarynyñ biri hem nebit-gaz serişdeleriniñ ummasyz gorlary bolup durýar. Ýurdumyzy ykdysady sütünleriniñ esasy bolup durýan nebit-gaz ulgamy özüniñ başlangyjyny asyrlaryñ jümmüşinden alyp gaýdýar. Gadymy taryhy ýazgylarda irki döwürlerde Gerodotyñ we Aristoteliñ, Strabonyñ we Petroklyñ, Pliniýiñ we Ptalomeýiñ dürli çeşmelere salgylanyp, bizi topragymyzyñ baýlyklary baradaky ýazgylary bize gelip ýetipdir. Tebigy özboluşlygyna laýyklykda köp ýerlerde Gündogar-Günbatar Türkmenistanyñ depe-düzleriniñ, alañ-baýyrlarynyñ atlarynyñ hem bu ýerleriñ ýerasty gorlarynyñ güýçli täsirlere baglydygyny añladypdyr. Meselem : Boýa-dag, Kükürtlije,

Gaýnak, Çokrak, Goturdepe, Monjukly, Şorja, Patlawyk, Gögerendag, Yñdarlan ýaly birnäçe täsin ýerleriñ atlary ýer asty güýçleriniñ edýän täsirleri we emele getirýän görnüşleri barada habar berýär. Nebitdag, Nebitlije oý, Nebitdakyl ýaly ýerler bolsa, asly "nafta" sözi bolup durýan biziñ günlerimizde, "nebit" sözüne öwürlen uly çig mal ojagynyñ irki döwürlerde bardygyny subut edýär.

İrki döwürlerden Orta asyrlara çenli türkmen topragyndan alynýan nebit, deriden ýasalan meşiklere guýlup, Hindistanyñ we Arabystanyñ, Eýranyñ we Ýewropanyñ ýurtlaryna äkidilipdir. Şol döwürlerde hazarýaka türkmenleriniñ duz çykarmak bilen birlikde, guýy gazyp çykarýan nebit önümleri, özge ýurtlar bilen söwda aragatnaşygyny etmäge uly goldaw beripdir.

Maglumatlara laýyklykda, diñe 1836-njy ýylda Çeleken ýarym adasynda 3410 sany nebit guýusy bolup, olardan bir ýylda umumy 8,4 müñ tonna nebit alnypdyr. XIX asyryñ ortalaryndan Zakaspiý çöketliginde nebit serişdeleri üçin gözleg işleriñ giñ göwrümi başlanypdyr. Şol döwrüñ geologiki gözlegleriniñ ýazgylarynda Nebit-dag, Boýa-dag, Gum-dag, Monjukly, Çekişler, Keýmir, Gamyşly-dag meýdançalarynda Çeleken ýarym adasynyñ Alygül, Gökçulba, Kişmişli, Sarygaýa, Gyzyldepe, Çokrak ýaly ýerlerinde barlag işleri geçirilip şol meýdançalar geologiki gözleg işlerini geçirmäge degişli hasap edilipdir. 1876-ýylda Çelekende 700 sany el bilen gazylan nebit guýusy we 3 sany buraw guýusy bolupdyr. 1877-nji ýylda bolsa gazylan guýularyñ sany 2000-e ýetip olaryñ diñe 127-sinden nebit alnypdyr.

Şeýlelik bilen Russiýanyñ, Bakuwyñ nebit çykarmak boýunça şol wagtky kompaniýalary, XIX asyryñ 90-njy ýyllarynda bolsa iri nebit senagatçysy Nobel dagylar Çeleken ýarym adasynyñ meýdanlarynda nebit guýularyny burawlamaga başlapdyrlar. Şol bir wagtyñ özünde Nebit-dag meýdançasynda hem burawlaýyş işlerini geçirmäge taýýarlyk

görlüp başlanypdyr. Şol ýyllarda Nebit-dagda 5 sany çuñ bolmadyk guýular burawlanyp, olaryñ her haýsyndan gije-gündüziñ dowamynda 30-35 tonna nebit alnypdyr. XX asyryñ başlarynda bolsa Çeleken, Nebit-dag ýataklarynda nebit guýulary burawlanyp, 1913-nji ýylda Çelekende 448,0 müñ tonna nebit çykarylypdyr.

Türkmenistanda nebit çykarmagyñ esasy guramaçylyk we senagat taýdan özleşdirilmesi geçen asyryñ 20-nji ýyllaryndan başlanýar. 1925-nji ýylda Çelekende "Türkmennebit" tresti döredilip, şol ýerdäki nebit, ozokerit känleri senagat taýdan işlenip başlanýar. 1927-nji ýylda bolsa Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) şäherinde "Türkmendagsenagat" birleşigi döredilip onuñ düzümine Çeleken nebit promyselleri bilen birlikde, Nebit-dagdaky nebit meýdançalary hem girýärler. Şol ýyllardan başlap bu çäklerde gözleg-agtaryş işleriniñ giñ möçberleri amala aşyrylyp başlanýar. 1924-1927-nji ýyllarda Türkmenistan boýunça her ýylda 300 metrlik çuñluk gazylyp, 1920-nji ýyldan 1930-njy ýyla çenli 40,0 müñ tonna golaý nebit çykarylýar.

Şol ýyllarda ýurdumyzda nebit-gazly ýataklaryñ özleşdirilip, önüm berýän guýularyñ burawlanyp başlamagy, önümçilik kärhanalaryna işçi güýçlerini çekmäge uly mümkünçilik döredipdir. 1929-njy ýylda bütin Türkmenistan boýunça 193 işçi, şol sanda türkmenlerden 35 adam nebit promysellerinde işläpdirler. Şol döwürlerde diñe bir Çelekende ýa-da Nebit-dagda däl-de, eýsem Boýadagda, Çekişlerde,Keýmirde we beýleki meýdançalarda gözleg işleri geçirilip başlanypdyr. 1930-njy ýylyñ 2-nji aprelinde Nebit-dag meýdançasynda 11-nji guýuda güýçli nebit akymy alnypdyr. Ýerasty nebit gorlaryny uly möçberleriniñ bardygyny 1931-nji ýylda, 24-nji guýudan, 1932-nji ýylda 17-nji guýudan alnan nebit akymy doly subut edipdir. Bu açyşlar bolsa burawlaýyş işleriniñ giñ göwrümde alnyp barylmagyny talap edipdir. Şol ýyllarda ilki bug bilen işleýän, soñ elektrik energiýasyna geçirilen çarh görnüşli buraw desgasy işe

girizilip, 1928-1932-nji ýyllarda 9,8 müñ metr çuñluk burawlanyp, onuñ 8,9 müñ metri gözleg guýulary üçin burawlanypdyr. Bu işleriñ netijesinde çykarylýan nebitiñ möçberleri artyp, 5 ýylyñ dowamynda Türkmenistan boýunça 77,0 müñ tonna nebit çykarylypdyr.

Beýik Watançylyk urşunyñ başlanmagy bilen nebit önümlerine bolan isleg hasda köpelýär. Bu agyr ýyllarda türkmen nebitçileri agyr zähmet şertlerinde işlemek bilen Watan goragy üçin zerur bolan nebitiñ her ýylda ýarym million tonnasyny çykarypdyrlar. 1943-nji ýylda Russiýadan göçürilip getirilen nebiti gaýtadan işleýän zawodyñ desgalary we enjamlary gurnalyp, Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) şäherinde nebiti gaýtadan işleýän zawod işe goýberilýär. Bu bolsa Türkmenistanda nebit senagatynyñ ösmegine uly täsirini ýetiripdir.

1946-njy ýylda “Türkmennebit” tresti “Türkmennebit” birleşigine öwrülýär we Nebitdag (häzirki Balkanabat) şäherine göçürilip getirilýär.

Şol döwürlerden başlap giñden ýaýbañlandyrylan geologiki-gözleg we burawlaýyş işleriniñ netijesinde täze-täze nebit-gazly ýataklary açylýar. Gumdag (1948ý), Gyzylgum (1952ý), Goturdepe(1956ý), Ekerem (1957ý), Gamyşlyja (1958ý), Barsagelmez (1962ý), Burgun (1967ý), Guýjuk (1972ý), Çekişler (1973ý), Ördekli (1975ý), Ekizak (1976ý) we başgalar.

1959-1962-nji ýyllarda türkmen nebitçileri Çeleken meýdançasynda Günbatar deñiz gatlaklarynda gözleg işlerini geçirip, uly nebit gorlarynyñ üstini açdylar we önümçilige göýberdiler.

Ýurdumyzda nebit ýataklary bilen birlikde tebigy gazy çykarmak ugrunda hem uly işler alnyp barylýar. 1968-nji ýylda Mary welaýatynyñ Şatlyk meýdançasynda tebigy gazyñ uly möçberlerde ýataklary açylýar. Bu açyşlaryñ netijesinde Garagumda, uly çäklerde gözleg–burawlaýyş işleri giñ möçberde alnyp barylýar.

1970-nji ýylyň 21-nji awgustynda, 6-njy guýudan tebigy gazyň uly göwrümli çüwdürimi açylyp, bir gije-gündiziň dowamynda 1,0 mln kub. metr gaz alynýar.

Şol ýyllardan başlap Türkmenistanda çykarylýan gazyň möçberleri artyp, „Orta Aziýa–Merkez“ gaz geçirijisi arkaly ýylda 12,0 mlrd kub. metr gaz akdyrylyp başlanýar.

Nebit-gaz senagaty 1970-nji ýyllarda has-da gülläp ösmek bilen, çykarylýan nebitiň möçberi bir ýylda 17,0 mln tonna çenli ýetirilýär. Emma 1980-nji ýyllarda umumy önümçilik ünsden düşürilip, nebitdir, gazyň çykarylyşy peselýär we onuň kuwwatlyklaryny ýokarlandyrmak baradaky geçirilýän çäreler oňyn netijelerini bermeýär.

Diňe mähriban döwletimiz Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny almagy bilen nebit we gaz pudagyna uly üns berlip, biziň günlerimizde onuň ösüş depgini ýokarlandy.

## Nebit-gaz senagaty Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynda.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler syýasaty mähriban Watanymyz Türkmenistanyň halk hojalygynda, ylymda, medeniýetde we ähli ugurlar boýunça uly ösüşlere alyp barmak bilen, Garaşsyz we Baky Bitarap Watanymyzy bütin dünýa tanatdy.

Hormatly Prezidentimiziň „Döwlet adam üçindir“ diýen ýörelgesi boýunça ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda beýik sepgitlere ýetildi. Ýurdumyzyň ykdysadyýeti ýokary durnukly ösüş depginleri boýunça dünýä ýurtlarynyň arasynda öňde barýar. Geçen ýylda jemi içerki önümiň öndürilişi 106,1% bolup, senagatyň ösüş depgini 123,7%, gurluşykda bolsa bellenen mukdaryndan 131,3% ösüş gazanyldy. Dürli pudaklara goýberilen maýa goýumlarynyň möçberleri 22

mlrd.manatdan geçip, daşary söwda dolanyşygymyz 16,8% etdi.

Milli ykdysadyýetimiziñ beýleki pudaklary bilen bilelikde ýangyç-energetika toplumynda hem düypli özgertmeler amala aşyrylýar. Bu toplumyñ ösdürilmegi Döwletiñ ykdysady strategiýasynyñ ileri tutulýan ugry bolup durýar. Ýurdumyzyñ ýangyç energetika toplumyny döwrebaplaşdyrmak, tehniki taýdan üpjün etmek boýunça geçirilýän işleriñ giñ möçberi munuñ subutnamasydyr. Energiýa serişdeleriniñ eksport ugurlaryny diwersifaksiýalaşdyrmaga, energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge, dünýäniñ öñdebaryjy ýurtlary, iri nebit-gaz kompaniýalary bilen bu ugurda hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga aýratyn ähmiýet berilýär.

Bu kanuna laýyk zatdyr, çünki Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ýurdumyzyñ ýangyç-energetika kuwwatyny bütin adamzadyñ abadançylygynyñ hatyrasyna ulanmagyñ tarapdarydyr. Bu bolsa umumyadamzat bähbitlerini öñe sürüp, ynsanperwerlik taglymatyna saldamly goşant goşýar.

Ýurdumyzyñ Ýaşulularynyñ Daşoguz şäherinde geçirilen maslahatynda kabul edilen „Türkmenistanyñ durmuş-ykdysady ösüşinin 2011-2030 ýyllar üçin Milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiñ çäklerinde „Gündogar-Günbatar“ gaz geçirijisiniñ gurluşygy ägirt uly hem-de möhüm ähmiýetli taslamalaryñ biri boldy.

Hormatly Prezidentimiziñ başlangyjy bilen öñe sürlen bu taslama boýunça amala aşyryljak işler gaz geçirijileriñ infrastrukturasynyñ häzirki zaman ulgamynyñ möhüm bölegi bolar we Türkmenistanyñ milli ykdysadyýetiniñ örän güýçli depginde pugtalanýan mümkünçilikleriniñ artmagyna,halkara energetika bazasynyñ emele gelýän täze ýagdaýlaryna laýyklykda kämilleşmegine we döwrebaplaşmasyna getirer.

Geçirijilik kuwwaty ýylda 30 mlrd. kubometr gaza barabar bolan bu täze ulgam ozal işläp gelýän we tebigy gazyñ iri

eksporteri bolan Türkmenistanyñ energetika strategiýasynyñ çäklerinde göz önünde tutulýan täze ugurlarda ähli halkara turba geçirijilerini serişdeler bilen üpjün etmek üçin goşmaça kepilleşdirme bolup hyzmat eder.

Türkmenistan Russiýa we Eýrana gazy eksport etmegiñ eýýäm däp bolan ugrundan başga hem geçen ýarym ýylda öz eksport mümkünçiliklerini duýpli giñeltdi. 2009-nji ýylyñ dekabryndan başlap Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisi işe girizildi, onuñ taslama kuwwaty bir ýylda 40 mlrd.kubometr gaza barabardyr. Şu ýylyñ ýanwaryndan başlap bolsa Döwletabat-Sarahs-Hangeran gaz geçirijisi işläp başlady. Bu bolsa, Eýrana ikinji turba geçiriji bolup, goñşy ýurda gaz ibermegiñ mümkünçiligini hakykatda iki esse artmagyna getirdi. Päkistanyñ, Hindistanyñ, Ýewropa ýurtlarynyñ birnäçesiniñ bazarlaryna Türkmen gazynyñ eksportynyñ geljegi uly ugurlarynyñ hatarynda garalýar,we ol ýurtlar Türkmenistany energetika pudagynda ygtybarly we uzak möhletleýin hyzmatdaş hökmünde tanalýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ 2009-njy ýylyñ sentýabrynda BMG Baş assambleýasynyñ 64-nji sesiýasynda çykyş edip, dünýäniñ energetika giñişligindäki gatnaşyklarynyñ uniwersal modelini, bähbitlerini köptaraplaýyn deñagramlygyna esaslanan modelini döretmek, energetika howpsuzlygynyñ global arhitekturasy babatda garaýyşlaryñ deñ gelmesi, hyzmatdaşlygyñ uzak möhletleýin bähbitlerine we artykmaçlyklaryna göz ýetirmek barada aýratyn nygtady.

Milli ykdysadyýetimiziñ baý çig mal we uglewodorod gorlary, olaryñ önümçilik taýdan özleşdirilişi, olaryñ ösüs depgini, ýurdumyzda amatly maýa goýum ýagdaýynyñ döredilmegi bilen şertlenendir, ol bolsa halkara hukugynyñ degişli kadalary, milli kanunçylygymyz bilen berklenendir. Ýurdumyzyñ nebit-gazly ýataklaryny gözläp tapmak, pudagyñ önümçilik serişdelerini dünýä ülñülerine laýyk gelýän täze tehnika we öñdebaryjy tehnologiýa bilen üpjün etmek, Hazaryñ

türkmen ýalpaklygynda we Amyderýanyň sag kenarynda uglewodorod ýataklaryny senagat taýdan çalt özleşdirmek, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda täze häzirki zaman enjamlary gurmak, bu giň möçberli taslamalar Türkmenistanyň ýangyç–energetika toplumynyň okgunly ösüşini äşgär görkezýär.

Soňky 10 ýylda geçirilen gözleg işleri Hazaryň türkmen bölegini öz içine aldy. Bu ýerde deňiz nebit-gaz ýataklarynyň birnäçesi açyldy. Hazar deňziniň çäklerini goşmak bilen, Türkmenistanyň tutuş çägi nebit we gaz gözleg-agtaryş işlerini alyp barmagyň meýdanydyr. Gözleg guýularynyň çuňlugyny artdyrmak, guýulardaky önki burawlanan aralyklary goşmaça öwrenmek, buraw işleriniň goşmaça möçberini geçirmek boýunça, göz öňünde tutulan işler uglewodorodlaryň çaklanylýan serişdeleriniň esasy böleginiň gorlaryny, senagat derejesine geçirmäge mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň nebit-gaz pudagynyň düzüminiň çäklerinde „Türkmennebit“ döwlet konserni, ilkinji nobatda, Günbatar Türkmenistanda nebitdir-gazyň çykarylyşyny artdyrmak hem-de uglewodorod baýlygyny giňeltmekde zerur bolan işleriň tutuş toplumy bilen meşgullanýar. Munuň üçin döwlet konserniniň ygtyýarynda çykaryş, ulag,gurluşyk, we abatlaýyş, şeýle hem, ylmy-barlag, taslama işlerini alyp barýan onlarça esasy we kömekçi önümçiligiň kärhanalary hem-de promysel-geofiziki işleri geçirmek üçin kärhanalar bar.

Sebitde nebit-gaz infrastrukturasy hereket edýär we yzygiderli kämilleşdirilýär.

Günbatar Türkmenistanda çykarylýan nebitdir tebigy uglewodorod gazy ýokary harytlyk hili bilen tapawutlanýar: olarda zyýanly himiki komponentler bolan kükürt, kömürturşy we kükürtli wodorod gazy ýokdur.

Günbatar Türkmenistanyň sebitinde nebit-gaz toplumynyň geljek ýyllardaky ösüşi täze ýokary geljegi bar bolan ýerleri özleşdirmek, geologiýa-gözlegiň ugurlary, şeýle

hem guýulary burawlamakda, ýataklary we känleri özleşdirmekde, guýulary düýpli abatlamakda hem-de beýleki işlerde häzirki zamanyñ ýokary netijeli tilsimatlaryny peýdalanmak arkaly üpjün edildi.

Geljekde nebit gaz senagatynyñ kuwwatlyklaryny ösdürmek ugrunda alyp barylýan işler, biziñ döwletimiziñ energiýa howpsuzlygyny berk kepillendirer we ýurdumyzyñ garaşsyzlygyny hem-de döwlet özygtyýarlygyny pugtalandyrmagyñ, jemgyýetde asudalygyñ, bol-elinligiñ esasy bolup durar.

Tassyklanan Maksatnama laýyklykda bellenen döwür içinde Hazar deñziniñ türkmen bölegindäki nebit-gaz gorlarynyñ ägirt uly möçberlerini özleşdirmek, bu maksatlar üçin uly mukdarda maýa goýumlaryny goýmak bilen daşary yurt kompaniýalary bilen bilelikde dünýä ülñülerine laýyk gelýän tehnologiýany, täze tehnikany çekmeklik göz öñünde tutulýar. Şeýle hem ýurdumyzyñ guryýer çäklerinde ýerleşen Akpatlawuk-Keýmir, Garabil-Gurrukbil, Günorta Ýoleten, Garajaowlak ýataklary toplumyny, Amyderýanyñ sag kenarynda we merkezi Türkmenistanda ýerleşýän nebit-gazly meýdançalary senagat taýdan giñden özleşdirmek işleri uly depgin bilen dowam eder.

Şunuñ bilen birlikde Günbatar Türkmenistanda Goturdepe, Barsagelmez, Akpatlawuk, Keýmir, Gündogar Çeleken, Gögerendag, Körpeje, Nebitlije, Şatut ýaly meýdançalaryñ nebit-gaz çykaryş önümçilik kuwwatlyklarynyñ durky täzelenip, döwrebap enjamlaşdyrylar we nebit-gaz çykarmagyñ kämil usullary ornaşdyrylar. Täze tilsimatlary ornaşdyrmak babatda işlenip geçilýän we täze işe girizilýän ýataklarda burawlamagyñ ýapgyt-gönükdirilen, kese guýulary gazmak usullaryny ulanmak we şol bir wagtda bir guýuda gatlaklary aýratynlykda ullanmagy ornaşdyrmak bellenilýär. Köp ýyllardan bäri ullanyp gelinýän Goturdepe, Barsagelmez, Gumdag, Nebitdag, Gamyşylja nebitli ýataklarda nebitiñ çykarylyşynyñ möçberlerini saklap galmak bilen ony

ýokarlandyrmagyñ tilsimat usullaryny giñden ulanmak, guýulary düýpli abatlamak,nebit çykarmagyñ gazlift usulyny giñden ornaşdyrmak, nebit gatlaklarynyñ önüm beriş kuwwatlylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen basyş arkaly suw goýbermek we önüm çykarmagyñ beýleki mehanizmleşdirilen usullarynyñ hem-de gatlaklaryñ nebit berijiligini ýokarlandyrmagyñ täze görnüşlerini ornaşdyrmagyñ hasabyna üpjün etmek göz öñünde tutulýar.

Esasy önümçilik pudaklaryny ösdürmegiñ meýilnamalaryny şu ulgamlary öz serişdeleriniñ we daşary ýurt maýa goýumlarynyñ çekilmeginiñ hasabyna maliýeleşdirmek göz öñünde tutulýar.

Nebit-gaz senagatynda goýberilýän düýpli maýa goýumlaryny ykdysady bähbitli ugurlara gönükdirilmekde, nebit-gazly meýdançalary senagat taýdan özleşdirilmekde, nebit-gazy çykarmakda dolandyryş işlerini kämilleşdirmek, ýerine ýetirilýän işleriniñ hilini ýokarlandyrmak we umumy pudak boýunça girdejiligi, ykdysady ösüşleriñ depginini ösdürmek öñde goýulan wezipeleriñ esasy bolup durýar.

Bu maksatlarda önümiñ özüne düşýän gymmatyny azaltmak, zähmet öndürijiliginiñ ýokarlanmagyny gazanmak, zähmetiñ guralyşyny kämilleşdirmek, sarp edilýän çykdajylaryñ möçberlerini tygşytlamak we ähli ugurlarda düşewintliligi gazanmak esasy borçlaryñ biridir. Geljekde nebit-gaz senagatynda, ykdysady işiñ ýola goýulşyny, dolandyrylyşyny kämilleşdirmek, önümçiligiñ netijeliligini gazanmakda onuñ hemmetaraplaýyn täsirini ýokarlandyrmak pudagyñ öñünde duran uly wezipeleriñ biridir.

# III. NEBIT-GAZ SENAGATYNYÑ YKDYSADYÝETI WE KÄRHANALARYÑ ESASY YKDYSADY GÖRKEZIJILERI

## Türkmenistanyñ nebit-gaz senagaty

Nebit-gazly ýataklary gözläp agtarýan, nebit-gaz çykarýan, nebiti gaýtadan işlemek bilen ýangyç, himiýa, önümlerini öndürýän, tebigy gazy daşary ýurtlara iberýän ulgamlary özüne birleşdirýän senagat toplumdyr.

Toplumyñ belli bir ugurlary önümçilik şertlerinde özara baglanyşykly bolmak bilen, öñde duran wezipeleri ýerine ýetirmekde maksadalaýyk işlenip düzülen meýilnamalar esasynda işleýärler. Mysal üçin, nebit önümleriniñ möçberini artdyrmak wezipesi, diñe bir nebit-gaz cykaryjy kärhanalaryñ önümini köpeltmegi däl-de, eýsem täze meýdançalarda geologiýa-gözleg işleriniñ depginini ýokarlandyryp önümli nebit ýataklaryny alyp, ony önümçilik taýdan özleşdirmegi talap edýär. Şeýle hem gaýtadan işleýän zawodlaryñ durkuny täzelemek, kuwwatlygyny ýokarlandyrmak, täze nebit geçirijilerini gurmak we işe goýbermek zerurlygyny döredýär.

Uglewodorod serişdeleriniñ täze-täze gorlaryny gözläp tapmakda, önümçilik taýdan taýýarlamakda toplumyñ geologiýa-gözleg kärhanalary meşgul bolýarlar. Bu maksatlar üçin, tassyklanan meýilnamalara laýyklykda olar ýurdumyzyñ ähli künjeklerinde geologiki-gözleg işlerini ýerine ýetirýärler. Meýdançalarda gözleg-buraw işlerini burawlaýyş kärhanalary amala aşyrýarlar. Olaryñ esasy wezipesi nebit-gaz guýularyny burawlap, nebit-gaz çykaryjy kärhanalaryna tabşyrmakdyr. Nebit-gaz çykaryjy kärhanalar-bu toplumyñ iñ bir wajyp düzümi bolmak bilen ähli nebit-gaz guýularynyñ önümli işlemegini, çykarylýan nebitiñ, gazyñ hiliniñ ýokary bolmagyny we sarp edijilere ýitgisiz tabşyrylmagyny üpjün etmelidirler. Nebit-gaz çykaryjy kärhanalary häzirki zaman önümçilik kuwwatlyklary, desgalary we enjamlary bilen üpjün

edilip nebit çykarmagyñ kämilleşdirilen usullaryny önümçilige ornaşdyrýarlar.

Geologiýa-gözleg, burawlaýyş we nebit-gaz çykaryjy kärhanalar-nebit-gaz çykaryjy topluma girýär.

Nebitden nebit önümleriniñ dürli görnüşlerini işlap bejermek bilen nebiti gaýtadan işleýän zawodlar meşgul bolýarlar. Türkmenistanda bu ulgam-Türkmenbaşynyñ nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda jemlenmek bilen, Garaşsyzlyk ýyllary içinde zawodyñ durky täzelenip, onuñ kuwwatlygy ýyl-ýyldan artýar.

**Nebit-gaz senagatynyñ ykdysadyýeti.**

Bu ýurdumyzyñ halk hojalygynyñ esasy senagat önümçiliginiñ biri bolan nebit-gaz kärhanalarynda önüm-öndürmekde, sarp edijilere ugratmakda, gaýtadan işlemekde zähmet-önümçilik gatnaşyklaryny, öndürilýän önümiñ, ýerine ýetirilýän işleriñ, hyzmatlaryñ özüne düşýän gymmatyny, zähmet öndürijiligini, girdejiligini, düşewüntligi we ykdysady netijeligi öwrenýän dersdir. Pudagynyñ öndürýän esasy önümi bolan nebiti, gazy, gaz kondensatyny çykarmakda, olaryñ mukdaryny ýokarlandyrmakda önümçilik kuwwatlyklarynyñ ýagny esasy önümçilik serişdeleriniñ netijeli ulanyşyna, olaryñ aýry-aýry görnüşleriniñ ýerine ýetirýän işlerine ykdysady seljerme geçirmek we degerli netijeleri kesgitlemek bu ugurdaky wezipeleriñ biri bolup durýar.

Pudagyñ ykdysadyýetini öwrenmek nebit-gaz çykaryjy, geologiýa, gözleg-burawlaýyş müdirlikleriñ we olara hyzmat edýän kärhanalaryñ önüm öndürmekdäki işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmekdäki amala aşyrýan işlerine sarp edýän harajatlaryna, gazanylýan girdejilerine umumy önümcilik-tehniki netijeleri jemleme geçirmek arkaly seljerme geçirmekdir. Bu ugurdaky hasaplamalary işläp düzmek, her bir işiñ netijesi boýunça gazanylan maglumatlary ähli görkezijiler bilen özara baglanyşdyryp kärhananyñ işiniñ ykdysady

netijelerini kesgitlemek ykdysady işiñ esasy maksady bolup durýar.

Bu babatda önümçiligiñ depginini ýokarlandyrmak, dolanşyk serişdelerini tygşytlamaga, önümçilik kuwwatlyklaryny doly güýjünde ulanmakda, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda, öndürilýän önümiñ, ýerine ýetirýän işleriñ, hyzmatlaryñ özüne düşýän gymmatyny peseltmekde, düşewüntligiñ derejesini ýokarlandyrmakda öñdebaryjy teklipleri girizmek ykdysady gullugyñ işgärleriniñ esasy borçlarynyñ biridir.

Bu maksatlar üçin täze tehnikany, dünýä ülñelerine laýyk gelýän tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmakda, zähmetiñ guralyşyny, aýlyk haklarynyñ tölenişini, maddy höweslendirmeleri we hojalyk hasaplaşygynyñ gurnalyşyny yzygiderli kämilleşdirmekde pudagyñ ykdysady gullugynyñ oñünde uly wezipeler durýar.

Her bir senagat kärhanasy halk hojalygynyñ esasy toplumy bolup, özüniñ balansyny ýöredýär we ýuridiki tarap hökmünde hereket edýär ýagny hususy emlägi bolup, şertnamalary baglaşýar, özüne kabul edilen borçlar üçin jogapkärçilik çekýär.

Kärhana öz öñünde duran döwlet borcnamalaryny doly hojalyk hasaplaşygynyñ ýola goýulmagy netijesinde amala aşyrýar. Bu hasaplaşygyñ esasy çykdaýjylary özüniñ gazanan girdejileriniñ hasabyna ýapmak, ähli işgärlere degerli şertleri döredip, olary öndürijilikli zähmete bolan maddy höwesi döredip az harajatlar bilen tehniki-ykdysady görkezijileriñ depgininiñ ösmegini gazanmak bolup durýar.

Kärhananyñ esasy wezipesi önüm öndürmekdäki çykdaýjylaryñ öwezini dolmak we önümçiliginiñ girdejiligini gazanmak, ýagny önümi ýerlemekden gelýän girdejileriñ hasabyna çykdajylary ýapmakdyr.

## Esasy ykdysady görkezijiler

Ýokary edaralar tarapyndan tassyklanan, kärhananyñ önümçilik-hojalyk işiniñ görkezijileri we kärhananyñ özüniñ hasaplamalary esasynda kesgitlän esasy görkezijileri bolup durýar.

Bu görkezijiler umumy görnüşde ähli önümçilik-hojalyk işleriñ jemlerini häsiýetlendirýän, kärhananyñ ähli işleriniñ jemleriniñ netijesidir we muña şu aşakdakylar girýar:
ýerleşdirilen önümiñ göwrümi, önümiñ esasy görnüşleriniñ taýýarlanyşy, umumy girdeji, önümçiligiñ düşewüntliligi;
zähmet baradaky görkezijiler boýunça-zähmetiñ öndürijililigi, işgärleriñ sany, zähmet haky gaznasy;
önümiñ özüne düşýan gymmaty baradaky görkezijiler, býudžet bilen hasaplaşyk, düýpli gurluşyk, tehnikany we tehnologiýany önümçiligine ornaşdyrmak, awtomatizasiýa we mehanizasiýa boýunça işler baradaky görkezijiler;
işgarleriñ durmuş derejeleriniñ ösüşini kesgitleýän-ortaça aýlyk haklarynyñ ösüşi baradaky maglumatlar bolup durýar.

Esasy görkezijiler ähli ulgamlar üçin deñ derejede bolup, ol bütin halk hojalygy boýunça umumy maglumatlary jemlemäge we yzygiderli alyp gitmäge zerur görkezijileriñ biri bolup durýar. Şunuñ bilen birlikde her bir toplumyñ, pudagyñ öz öndürýän önümlerine, ýerine ýetirýän işlerine, amala aşyrýan hyzmatlaryna laýyklykda umumy görkezijileriñ görnüşleri önümçiligiñ häsiýetine görä üýtgäp biler. Mysal üçin, önümiñ göwrümi boýunça görkeziji şol kärhananyñ işiniñ esasy ugurlaryny we maksadyny görkezmelidir.

Mysal üçin geologiki we gidrogeologiki şekilleri döredýän geologiki gullugyñ öndürýän önüminiñ esasy görnüşi barlanyp öwrenilýän meýdançanyñ göwrümi ($km^2$); geofiziki iş alyp barýan karhananyñ önüminiñ esasy görnüşi anyk geologiki barlag işlerini geçirmäge taýýarlanan toplumlaryñ sany we atlary; gurluş-gözleg buraw işlerini alyp barýan kärhana üçin çuñ gözleg buraw islerini alyp barmak üçin

meýdançalaryñ sany $C_2$ derejeli nebit-gaz gorlarynyñ ösüş depginini bolup durýar.

Burawlaýyş edaralarynyñ esasy görkezijileri bolup onuñ gazylyp gutarylan guýularyñ sany bilen hasaplanýar. Bu görkeziji nebit-gaz çykaryjy edaralaryñ doly talabyny ödeýär we önümi ýerlemek görkezijisi bilen deñeşdirilýär.

Burawlaýyşda ýerine ýetirilen işleriñ jemlerini häsiýetlendirilende çuñluk burawlamagyñ möçberleri - bir buraw desgasynyñ bir aýdaky çuñlugynyñ (metr) möçberi hasaplanylýar. Bu görkezijini hil baradaky hökmünde seretmek bolar. Ol mundan başga-da önümçilige we bisarpa harç edilen iş wagtynyñ görkezijisi hem bolup durýar. Buraw kärhanasynyñ özboluşlygy zähmet öndürijiliginiñ netijesini bir buraw brigadasynyñ ýerine ýetiren gazuw işlerinde görmek hem-de önümiñ öndürilmegine siñdirilen zähmetiñ möçberinde seljermek bolýar. Munuñ ýaly usullary köp zähmeti talap edýän, ýagny desga gurluşygynda, zähmetiñ sarp edilişi sagatlarda ýa-da gije-gündiziñ dowamynda bir desgany gurnamaklygyñ netijesi bilen ölçenýän işlerde ulanylýar.

Nebit-gaz çykaryjy edaralarynda esasy görkezijiler bolup nagt görnüşinde nebitiñ we gazyñ çykarylan mukdary, guýularyñ önüm beriş ukybyna we görnüşlerine görä çykarylan önüm, bir aýyñ dowamynda guýunyñ işleýiş kuwwaty, guýularyñ önüm beriş derejesi we beýlekiler göz öñüne tutulýar. Zähmet öndürijiliginiñ görkezijileri hökmünde bolsa, belli bir mukdarda bir guýu üçin (ýa-da 1 tonna nebit/gaz üçin) sarp edilen zähmetiñ göwrümi hasaplanylýar.

Her bir kärhananyñ esasy ykdysady görkezijileriñ biri bolup önümi öndürmek we ony ýerlemek bolup durýar. Bu görkezijiler önümi ýerlemegiñ nagt we pul görnüşindäki hasaplamalaryny öz içine alýar. Bu görnüşler üçin her bir kärhana önümiñ hili baradaky çaklamalary, önümçilik kuwwatlyklaryñ möçberleri we täze girizilmeli kuwwatlyklar baradaky hasaplamalary özünde jemleýär. Ýagny, nähili önümçilik kuwwatlyklar bilen näçe mukdarda we hili boýunça

geçginli önüm öndürip boljakdygy barada ykdysady hasaplama edilýär. Bu işde bolsa esasy serişdeleriñ nähili derejede ulanyşyna aýratyn üns berilmelidir. Bu hasaplamalarda we meýilnama düzülende öndüriljek önümiñ nagt görnüşindäki möçberi, önümiñ umumy, harytlyk we ýerleşdirilen görnüşleri, esasy serişdeleriñ gymmaty we olaryñ girdejiligi (düşewüntligi) göz öñünde tutulýar.

Bu hasaplamalaryñ özeni bolsa zähmetiñ öndürijililigi, önümçiligi düsewüntliligi, maliýe çykdaýjylary, zähmet haky, maddy-tehniki üpjünçilik bolup durýar. Bu işler amala aşyrylanda umumy düzülen baş maksatnamalardan, önümçiligiñ esasy kuwwatlyklarynyñ hasaplamalary we beýleki görkezijilerden ugur alyşmalydyr.

Nebit – gaz senagaty kärhanalarynyň umumy tehniki – ykdysady görkezijileri.

| № | Görkezijileriň görnüşleri | Ölçeg birligi | 2009 | | | | 2008 ýyl bilen deňeşdirme | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Tabşyryk | Hakyky ýerine ýetirilen | +/- | % | +/- | % |
| *1* | *2* | *3* | *4* | *5* | *6* | *7* | *8* | *9* |
| 1. | Umumy çykarylan nebit | müň tn. | | | | | | |
| | şol sanda: | | | | | | | |
| | nebit | müň tn. | | | | | | |
| | kondensat | müň tn. | | | | | | |
| 2. | Umumy çykarylan gaz | mln.$m^3$ | | | | | | |
| 3. | Harytlyk nebit | müň tn. | | | | | | |
| 4. | Harytlyk gaz | mln.$m^3$ | | | | | | |
| 5. | Ulanyň guýular: | guýu | | | | | | |
| | şol sanda: | | | | | | | |
| | - nebit guýulary | guýu | | | | | | |
| | - gaz guýulary | guýu | | | | | | |
| | hereketsiz guýular: | guýu | | | | | | |
| | - nebit guýulary | guýu | | | | | | |
| | - gaz guýulary | guýu | | | | | | |
| 6. | Öndürilen önümleriň bahasy (GBSS goşulmanda) | mln.man | | | | | | |
| | - nebit | | | | | | | |
| | - gaz | mln.man | | | | | | |
| | Öndürilen önümleriň bahasy | mln.man | | | | | | |
| 7. | (GBSS bilen bilelikde) | mln.man | | | | | | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | - nebit | | | | | | | |
| | - gaz | | | | | | | |
| | Çykdajylar | mln.man | | | | | | |
| | şol sanda: | mln.man | | | | | | |
| 8. | - nebit | mln.man | | | | | | |
| | - gaz | | | | | | | |
| | Önümiň özüne düşýän gymmaty | mln.man | | | | | | |
| | 1 tn. nebit | mln.man | | | | | | |
| 9. | 1000m³ gaz | | | | | | | |
| | 1-nebit-gaz çykaryjy işgäre düşýän önüm | | | | | | | |
| | bir işgäriň zähmet öndürijilegi | | | | | | | |
| 9.1 | Sarp edijilere iberilen önümler: | müň man | | | | | | |
| | - nebit | | | | | | | |
| 9.2 | - gaz | müň man | | | | | | |
| | içki bazara: | | | | | | | |
| 10. | - nebit | müň tn. | | | | | | |
| | daşarky bazara: | | | | | | | |
| | - nebit | müň tn. | | | | | | |
| | Önümçilik hajatlary üçin iberileni. | müň tn. | | | | | | |
| | içki bazara: | | | | | | | |
| | - gaz | müň tn. | | | | | | |
| | daşarky bazara: | | | | | | | |
| | - gaz | müň tn. | | | | | | |
| 11. | Önümçilik hajatlary üçin iberileni. | | | | | | | |
| | Iberilen önümleriň bahasy: | | | | | | | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 12.<br><br>13. | içki bazara:<br>- nebit<br>daşarky bazara:<br>- nebit<br>içki bazara:<br>- gaz<br>daşarky bazara:<br>- gaz<br>Ýerlenen önümleriň bahasy:<br>içki bazarda:<br>- nebit<br>- gaz<br>daşarky bazarda:<br>- nebit<br>- gaz | müň tn.<br>müň tn.<br>mln.man<br>mln.man<br>mln.man<br>mln.man<br>mln.man | | | | | | |
| Geologo – gözleg işleri | | | | | | | | |
| 14. | Gorlaryň ätiýäçlygy<br>- nebit<br>- kondensat<br>- gaz<br>Ýrine ýetirilen işleriň bahasy:<br>- ulanyş guýularyny burawlamak | <br>müň tn.<br>müň tn.<br>mln.$m^3$<br>mln.man<br>mln.man | | | | | | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 15. | - gözleg guýularyny burawlamak<br>Burawlanan çuňluk ulanyş guýulary<br>gözleg guýular | mln.man<br><br>müň metr<br>müň metr | | | | | | |
| Gurluşyk | | | | | | | | |
| 16. | Düýpli maýa goýumlarynyň möçberi<br>şol sanda:<br>önümçilik maksatlary üçin<br>şolardan: desgalary, enjamlary satyn almak<br>Önümçilige degişli däl ulgamlar üçin:<br>Öz gurluşyk güýçleri bilen ýerine ýetirilen işler<br>önümçülüge ornaşdyry-lan esasy serişdeler (fondlar) | mln.man<br><br>mln.man<br>mln.man<br>mln.man<br>mln.man<br>mln.man | | | | | | |
| Girdeji | | | | | | | | |
| 17. | Girdeji – jemi<br>şol sanda esasy önümçilikden:<br>- nebit<br>- gaz | mln.man | | | | | | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | burawlaýyş<br>gurluşyk<br>ylmy-barlag | | | | | | | |
| Býujete geçirilen tölegler | | | | | | | | |
| 18.<br><br><br><br><br><br><br><br><br><br>19. | Goşulan baha salynýan salgyt:<br>- girdeji salgydy<br>- emläk salgydy<br>- ýer gatlaklaryny ulanylany üçin salgyt<br>- beýleki tölegler<br>- ykdysady jerimeler<br>- algylar<br>- bergiler<br>Işgärler sany.<br>şol sanda:<br>senagat önümçilikde işleýänler<br>Ortaça zähmet haky | mln.man<br><br><br><br><br><br><br><br><br><br>adam sany<br>adam sany<br>müň man. | | | | | | |

# IV. NEBIT WE GAZ SENAGATYNYŇ GURLUŞ DÜZÜMI WE DOLANDYRMAK

Nebit we gaz senagaty, ýangyç–energetika toplumynyň esasy bölegi bolmak bilen, önümçiligiň çylşyrymly pudagy bolup durýar. Nebiti we gazy çykarmakda, nebit önümlerini öndürmekde we ony sarp edijilere ýetirmekde önümçilik ulgamynda ykjam baglanyşykly, dürli tehnologiki häsiýetli köp sanly önümçilik birleşikleri hereket edýär.

Häzirki döwürde nebit we gaz senagatynda umumy tehnologiki häsiýetli we nebit-gaz önümini öndürmäge gönükdirilen şu aşakdaky pudaklar hereket edýärler:

1) Nebiti we gazy çykarmak;
2) Nebit we gaz ýataklaryny gözläp tapmak we barlag geçirmek;
3) Guýulary burawlamak (nebit, gaz, gözleg, öwreniş we beýlekiler);
4) Nebiti we gazy gaýtadan işlemek we nebithimiýa;
5) Nebit-gaz ulgamynda gurnama–gurluşyk işleri.

Bir önümçilik toplumynyň hatarynda şeýle köp ugurly pudagyň hereket etmegi nebit we gaz senagatynyň birnäçe aýratynlyklary bilen düşündirilýär. Bu babatda esasy önümi öndürýänler nebit we gazy çykarýan we ony gaýtadan işleýän ugurlar esasy önümçilik birleşikleri bolup durýarlar. Bu ugurlaryň wezipelerine we ösüş depginleriniň möçberlerine beýleki ulgamlaryň esasy önümçilik wezipeleri bagly bolup durýar. Sebäbi gaýtadan işlenjek nebitiň we gazyň möçberleri nebit-gaz çykaryjy kärhanalaryň önümçilik kuwwatlyklaryna bagly bolup durýar ýa-da nebit we gazy çykarmagyň möçberleri ony gaýtadan işläp biljek zawodlaryň işjeňlik kuwwatyna bagly bolup durýar. Şol sebäpli hem bu ulgam önümçilik taýdan has arabaglanyşykly işlemeli bolýar we öndüriljek önümleriň göwrümi barada hökmany suratda maglumatlary özara hasaplap işlemeli bolup durýarlar. Häzirki

döwürde biziň ýurdumyzda nebitiň çykarylyşynyň ýokarlanmagy, täze-täze nebit-gazly ýataklaryň önümçilik taýdan özleşdirilip başlanmagy bilen nebiti gaýtadan işleýän we nebithimiýanyň ulgamlarynyň önümçilik kuwwatlyklarynyň göwrümi giňeldilip önüm öndürmek derejesi ýokarlandyrylýar.

Nebit we gaz ýataklaryny önümçilik taýdan özleşdirmek, ýagny gatlaklardan nebiti, gazy çykarmak ilkinji nobatda tebigy energiýanyň, gatlaklaryň basyş güýjüni netijeli ulanmaklygyň hasabyna amala aşyrylýar. Bu usula çüwdürim (fontan) usuly diýilýär. Bu usulyň möhleti gutarandan soň bolsa mehaniki usul, ýagny gysylan gazy guýa akdyrmak ýada sorujy nasoslary ulanmak döwri başlanýar.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda ylmyň we tehnikanyň ösmegi, dünýä ülňülerine gabat gelýän tehnologiýanyň we täze tehnikanyň önümçilige ornaşdyrylmagy bilen nebit we gaz ýataklaryny özleşdirmekde, nebitiň we gazyň çykarylyş usullaryny kämilleşdirmekde netijeli işler ýerine ýetirilýär. Bu ugurda gurulýan täze gaz gysyjy desgalar, gazy taýýarlaýan we akdyrýan täze desgalar, önümçilige girizilýän desgalar we enjamlar nebit-gazly ýataklaryň önüm beriş kuwwatyny ýokarlandyrmakda uly mümkinçilikler döredýärler.

Nebit we gaz senagatyny ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri hem geologiki–gözleg işleriniň netijesinde nebit we gaz gorlarynyň ätiýaçlygyny döretmek bolup durýar. Geçirilen barlaglaryň we geologiki gözleg işleriniň emele getiren gorlaryň ätiýaçlygynyň möçberlerine burawlaýyş işleriniň we nebit–gazyň çykarylyşynyň we gaýtadan işlenjek önümiň möçberleriniň taslamasy işlenip düzülýär. Häzirki zaman gözleg agtaryş işleri, ylmy barlag, geologiki, geofiziki we geohimiki çärelerini geçirmek uly guýulary burawlamak wezipelerini amala aşyrmak bolup durýar. Gözleg–barlag işleri häzirki döwürde ýurdumyzyň ähli künjeklerinde, şol sanda deňiz ýalpaklarynda üstünlikli ýerine ýetirilýär. Bu ugurda ýörite döreden önümçilik gurluşyklary netijeli işleri geçirmek

bilen nebit–gaz çykaryjy pudagyň öňündäki wezipeleri ýerine ýetirmäge uly mümkinçilikleri döredýär.

Nebit we gaz senagatynda esasy ugurlaryň biri hem nebit-gaz guýularyny burawlamak işleri bolup durýar. Burawlaýyş işleriniň netijesinde gatlaklaryň önüm beriş kuwwaty, gorlaryň barlanyp, ýatagy önümçilik taýdan özleşdirmegiň hasaplary işlenip düzülýär. Burawlaýyş işleriniň göwrümi, meýdançalaryň ýerlerine, gatlaklarynyň tebigy gurluşyna, basyş güýjüne, nebit we gaz akymlarynyň çuňlugyna we beýleki ýagdaýlara bagly bolup durýar. Şol sebäpli hem burawlaýyş işlerine ylmy barlag we taslama, gurnama-gurluşyk, dürli ugurlar boýunça üpjünçilik meseleleri bagly bolup durýar. Bu babatda pudagyň ähli gurluş düzümleri bökdençsiz işi ýola goýmak bilen guýularyň gurluşygynyň hilini ýokary derejede üpjün etmek wezipesini ýerine ýetirýärler. Ulgamda gözleg–agtaryş, burawlaýyş işlerini doly amala aşyrmak we gerekli netijeleri gazanmak, umumy nebit-gaz toplumynyň gelejekdäki wezipeleri kesgitlemekde, nebitiň we gazyň çykarylyşynyň möçberlerini hasaplamakda, gaýtadan işlemekde meýilnamalary düzmekde uly orun eýeleýär.

Ýokarda bellenip geçilen ulgamlaryň ýerine ýetirýän işleriniň ahyrky netijesi nebiti we gazy gaýtadan işleýän senagaty çig mal bilen üpjün etmek bolup durýar. Bu ugurda ýurdumyzda dünýä talaplaryna laýyk gelýän tehnologiýalar ornaşdyrylan zawodlar toplumy gurlup, onuň durky täzelenýär. Zawoda iberilýän nebitiň hili ýokary bolmak bilen, täzeden işlemekden alynýan nebit önümleri dünýä bazarynda uly isleg bilen alynýar. Bu bolsa nebit we gaz senagatynda alnyp barylýan işleriň netijeliginiň alamatydyr.

Nebit–gaz senagatynyň ösüş depgini ähli ugurlarda gurnama–gurluşyk işlerine bagly bolup durýar. Şol sebäpli hem ähli ulgamlarda gurnama–gurluşyk birlikleri hereket etmek, olar önümçilik, hojalyk we durmuş ähmiýetli desgalary, binalary gurmak bilen önümçilik kuwwatlyklarynyň işe girizilmegini, gözleg–agtaryş, burawlaýyş, nebit–gaz çykaryş,

gaýtadan işleýiş ulgamlarynyň üznüksiz hereket etmegini üpjün edýärler. Şeýlelik bilen bu agzalyp geçilen ugurlar bitewi bir önümçilik pudagyny emele getirmek bilen tehniki, tehnologiki we guramaçylyk dolandyryş usullary birmeňžeş bolmadyk ulgamlardyr. Nebit–gaz senagatynyň özboluşlygy we aýratynlygy hem şu ýagdaýlar bilen bagly bolup durýar.

## Pudagy dolandyrmagyň guramaçylyk gurluşy barada düşünje.

Dolandyryş iki düzümden ybarat bolup: dolandyrylýanlardan we dolandyrýanlardan emele gelip, öz aralarynda maglumatlaryň akymy we görkezmeler bilen bagly bolup durýar.

Dolandyrylýanlar– kärhanalaryň seh toplumlaryndan, desgalardan, stanoklardan, maşynlardan we beýlekilerden durýar;

Dolandyrýanlar–dolandyryjy guramalaryň toplumydyr. Bu iki düzüm gurluşy öz aralarynda berk baglanyşykda bolmak bilen, degişlilikde iş alyp barýarlar.

Dolandyrýan tarap daşky maglumatlardan, borçnamalardan, sarp edijiler baradaky sanlardan, ylmy-tehniki görkezijilerden peýdalanýar. Bu maglumatlar dolandyrýan tarapa tapgyrlaýyn, dolandyrylýan tarapa bolsa kadaly, bökdençsiz gelip durýar. Bu taraplar özlerini dolandyrýarlar we işiň dowamynda dolandyryşyň daşky görnüşlerini hem kabul edýärler.
(Ministrlikden, Döwlet bankyndan we ş.m.)

Dolandyrýanlar we dolandyrylýanlar bilen özara gatnaşyk dürli görnüşlerde bolup, olar esasan hem şu aşakdakylardyr:

1) önümçilik ýagdaýynda;
2) borçlaýyn ýagdaýda;
3) önümçilik – diwan ýagdaýda.

Önümçilik ýagdaýyndaky dolandyryşa – dolandyryjynyň gönüden–göni önümciligi dolandyrmakdaky usuly bolup, bu görnüş bir dolandyryjynyň elinde jemlenýär. Munuň ýaly ýagdaýda önümçiligiň ähli meseleleri dolandyryşyk tarapyndan dessine ýerine ýetirilmelidirler. Dolandyrýan tarap önümçiligiň netijesini hem doly jogap berýär. Bu usulyň görnüşi şu aşakdaky düzümde bolýar:




Dolandyryşyň borçlaýyn ýagdaýdaky ýolbaşçylygyň aýry-aýry bölümler tarapyndan amala aşyrylmagynyň göz öňüne tutýar. Bu düzümde her bir toplum, her bir bölüm öz borçlaryny ýerine ýetirmek bilen dolandyryşyň umumy netijesini özleriniň täsirini ýetirýärler. Bu görnüş şu aşakdaky usulda amala aşyrylýar:

Önümçilik – diwan ýagdaýdaky dolandyryş–ýolbaşçy özüniň diwany hökmünde ýolbaşçylygy amala aşyrsada, her bir bölüm önümçilik ulgamlaryna gönüden–göni täsir etmezden öz borçlaryny ýerine ýetirýärler we ýolbaşçy önümçilige ýeke-täk ýolbaşçylyk edýär. Munuň ýaly ýagdaýda ýörite maslahatlar, hereket edýär. Bu düzümiň görnüşi şu aşakdaky ýaly bolýar:




Dolandyryşyň gurluşy bölümlerden ybarat bolýar. Dolandyryşyň bölümi – bu özbaşdak gurluş düzümi bolmak bilen, olar belli–bir wezipeleri (meýilnamalaşdyryjy, hasap alyp baryjy, kadalaşdyryjy we ş.m.) ýerine ýetirýärler. Dolandyryşyň derejeleri gurluş düzümine bölümleriň, bölümçeleriň deň derejedäki dolandyryş birleşmeleri girýärler (önümçilik ulgamçalarynyň jemleýji dolandyrylyşy, sehleriň dolandyrylyşy we ş.m.).

Bu dolandyryş görnüşleriň özara baglanyşygyndan dolandyryşyň diwany emele gelýär.

## Dolandyrmagyň tehniki serişdeleri.

Pudakda önümi öndürmekde, ýagny nebiti, gazy çykarmakda, ony sarp edijilere ugratmakda, onuň möçberlerini ýokarlandyrmak üçin gözleg–agtaryş we ulanyş buraw işlerini giň göwrümde amala aşyrmakda we şular bilen bagly ulag, abatlaýyş, gurnama–gurluşyk, üpjünçilik we beýleki işleri amala aşyrmagy dolandyrmakda maglumat almak, olary seljermek, şonuň esasynda hem ykdysady–tehniki netije çykaryp görkezme, karar, buýruk işläp düzmek möhüm wezipe

bolup durýar. Bu babatda pudagyň kärhanalarynda dürli görnüşli maglumatlar, hasabatlar kabul edilýär. Muňa ähli meýilnamalaryň we çäreleriň ýerine ýetirilşi baradaky maglumat, kadalar, hasaplamalar, belli-bir işiň, hyzmatyň ýerine ýetirilişi baradaky amala aşyrylan iş göwrüminiň kadalary we beýlekiler. Şu maglumatlaryň esasynda dolandyryş diwany gutarnykly çözgüt kabul edýär.

Emma gündelik, hepdelik, aýlyk, çärýeklik we ýyllyk maglumatlary kabul edip işläp, hünärment seljerme geçirip çözgüt kabul etmek uly çykdajylary we wagty talap edýär. Şol sebäpli hem bu çäreler tehnikanyň we ýöriteleşdirilýän serişdeleriň kömegi bilen ýa-da şu döwürde giň ýaýran elektron hasaplamalar enjamlaryň, kompýuterleriň kömegi bilen amala aşyrylýar. Bu işleri ýerine ýetirmek üçin bolsa şu aşakdaky işlerden ugur almak bolýar.

- maglumaty kabul etmek;
- maglumaty bellige almak we saklamak;
- maglumaty degişli dolandyryş edarasyna ibermek;
- maglumaty mehaniki, awtomatiki işlemek;
- maglumatyň nusgasyny köpeltmek.

Ilkinji maglumatlary kabul etmek – bu çylşyrymly we zähmet talap ediji işdir. Sebäbi ilkinji maglumatlardan, olaryň takyklygyndan we öz wagtynda gelip gowuşmagyndan dolandyrmagaň ýola goýulşy we onuň gurnalyşy başlanýar. Kärhanalarda ilkinji maglumatlar önümçiligiň görnüşine, göwrümine, olaryň gözegçilik edilşine we mukdaryna bagly bolýar. Maglumatlary kabul edip ýygnamak dürli görnüşli tehniki serişdeler, ölçeýji abzallar, hasaplaýjy enjamlar, bellige alýan abzallar we beýlekiler ulanylýar. Mysal üçin nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda ölçeg-barlag abzallaryň kömegi bilen gyzgynlygyň, basyşyň, sarp etmegiň we derejeleriň möçberlerini anyklap we gözegçiligi amala aşyryp bolar.

Ilkinji maglumatlary umumylykda seljerip, dolandyryşyň geljekki tapgyrlarynda we önümçiligiň maksatnamalaryny düzenlerinde ulanynýar. Şol sebäpli hem şol maglumatlar

hökmany suratda resminamalarda bellige alynmalydyrlar (çalşyk toparlarynyň žurnallarynda, hasabatlarda, kepilnamalarda we ş.m.). Häzirki döwürde maglumatlar kompýuterde işlenip düzülýär we belli-bir programmalarda alnyp barylýar.

Maglumatlary kabul etmekde çakgan hereket etmek zerurdyr. Bu babatda aragatnaşyk serişdeleri, telefon, faks, modem, teletaýp, dispetçer kommutatorlary, önümçilik telewizion desgalary we beýleki gurallar, abzallar ulanylýar.

## Dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan gurluşy.

Dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan gurluşy (DAG) – bu gurluş häzirki zaman hasaplaýyş enjamlarynyň kömegi bilen önümçiligi dolandyrmagyň iň kämil görnüşlerini öz içine alýan häzirki zaman tilsimatlarynyň toplumydyr.

DAG – ulanmaklyk maglumatlaryň giň mukdaryny kabul etmek, olaryň üýtgeýşine gözegçilik etmek, dolandyryşy kämilleşdirmek ýaly funksiýalary ýerine ýetirýär. Häzirki döwürde uly möçberli maglumatlaryň matematiki modulyny işläp düzmek, kadalaşdyrylan mukdarlara bap getirmek we doly işläp düzmek awtomatiki toplumlar arkaly ýerine ýetirilýär. Kärhanalarda, konsernde maglumatlar awtomatlaşdyrylan abzallar arkaly kartogrammalarda ýöriteleşdirilen kartoçkalarda we beýleki tassyklanan hasabat ýörediji perfokartalarda bellige alnyp soň kompýuterde işlenip düzülýär. Maglumatlarynyň awtomatlaşdyrylan gurallar arkaly alnan maglumatlarynyň matematiki, ykdysady we maliýe jemleri „Eksel“ programmasy arkaly kompýuterde işlenip, gutarnykly hasabat düzülýär we dolandyrmagyň jogapkär işgärleriniň dykgatyna ýetirilýär.

DAG – bu ykdysady–maliýe, hasabat we hasaplaýyş programma düzüji, awtomatika boýunça hünärmenleriň gatnaşmagynda işlenip düzülýän ulgamdyr. Bu işlenip düzülen

işler ýola goýulanda önümçiligiň sarp edilýän wagty we işçi güýji, şeýle hem gol zähmeti bilen iş wagty tygşytlanylýar.

DAG– önümçiligi kämilleşdirmekde, dolandyryşyň netijesini ýokarlandyrmakda önümçiligiň ösüş depgininiň öňe gitmeginde uly orun eýeleýär. Bu iş häzirki zaman tilsimatlaryny ulanmak arkaly barha kämilleşýär we şonuň bilen birlikde hem işgärlerden, hünärmenlerde uly ussatlygy we hünär taýdan ýokary taýynlygy talap edýär.

## Pudagy dolandyrmagyň aýry-aýry bölünişleri boýunça dolandyrmagy bölmegiň wezipe-borçlary.

Kärhanalarda dolandyrmagyň aýry-aýry bölünişleri bolup olar esasynda hem şu aşakdaky gulluklardan ybaratdyr:
- umumy hojalyk ýolbaşçylygy;
- ykdysady gulluk;
- tehniki gulluk;
- önümçilik-tilsimat gullugy we başgalar;

Umumy hojalyk ýolbaşçylyk – kärhananyň başlygy we onuň orunbasarlary tarapyndan amala aşyrylýar.

Ýolbaşçy – kärhananyň önümçilik, tehniki–ykdysady görkezijilerine jogap berýär. Ol özüniň gol astyndaky diwan düzümi arkaly ýolbaşçylygy amala aşyrýar. Ýolbaşçy kärhananyň esasy öndürýän önümini, ýerine ýetirýän işleriň göwrümini doly amala aşyrmak üçin ähli dolandyryş çäreleri ýerine ýetiýär we oňa gözegçilik edýär. Şonuň bilen birlikde hem her bir gullugyň işine jogapkär işgärlerden hasabatlary kabul edýär, dolandyrmagyň kämil ugurlaryny önümçilige ornaşdyrmakda degişli işleri ýerine ýetirýär. Täze tehnikany, öňdebaryjy tehnologiýany netijeli ulanmak barada iş alyp barýar. Şol bir wagtyň özünde hem üpjünçilik, durmuş meselelerine hem gözegçiligi ýerine ýetirýär. Bu babatda ýolbaşçynyň ähli ugurlar boýunça orunbasarlary, baş inžener, baş geolog, baş ykdysatçy, maddy serişdeler boýunça

orunbasary, gurluşyk boýunça orunbasary we beýlekiler bolýarlar.

Kärhanada ykdysady işi dolandyrmagy – baş ykdysatçy ýerine ýetirýär. Bu iş önümçilik–hojalyk işlerini meýilnamalaşdyrmak, maddy we maliýe serişdelerini tygşytly harç etmek, işleriniň jemini jemlemek we ykdysady seljerme geçirmegi öz içine alýar. Bu gulluga ykdysady meýilnama bölümi, zähmeti guramak we zähmet haky bölümi, maliýe bölümi, kadalaşdyrmak gulluklary degişlidirler. Kärhananyň baş inženeri-tehniki we önümçilik tilsimat gulluklaryna ýolbaşçylyk etmek bilen önümçilikde tehnika we tehnologiki işleri önümçiligiň ulgamynda tehniki desgalary ornaşdyrmak, tehniki hasaplamalary işläp düzmek, önümiň hilini ýokarlandyrmak, täze peýdaly teklipleri girizmek, ylmy barlaglaryň netijesini iş ýüzünde amala aşyrmak ýaly çäreleri geçirýär. Baş inženeriň zähmeti goramak we howpsyzlyk tehnikasy baradaky orunbasary, baş mehanik, baş energetik we beýleki ugurlar boýunça jogapkär işgärleri bolýar.

Tehniki gulluk – önümi öndürmek we işleri ýerine ýetirmek boýunça tehnikany yzgiderli kämilleşdirmek we önümçilige ornaşdyrmak boýunça işleri dolandyrýar. Bu bölüm kärhanada tehnikany ösdürmek boýunça çäreleri işläp düzýär we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Şeýle hem bu gulluk önümçilige peýdaly teklipleri ornaşdyryp ykdysady netijeleri gazanmakda, kämil enjamlary, desgalary ulanmakda anyk işleri ýetirýär.

Önümçilik-tilsimat gulluklary, önüm öndürmegi tehnologiýasynyň doly we dogry ýerine ýetirilmegi, esasy önümçilik serişdeleriniň kuwwatlygynyň kadalarynyň işlenip düzülişine, maddy serişdeleriň sarp edilmeginiň kadalaryny şeýle hem işgärleriň tehniki okuwlaryny ýola goýup olaryň hünär derejeleriniň ýokarlanmagyna degişli işleri ýerine ýetirýär we ähli gurluşlarda bu işi dolandyrmaga ýolbaşçylyk edýär. Bu gullugyň kärhananyň görnüşine görä beýleki wezipeleri hem bolup biler.

Umuman aýdanymyzda dolandyryşyň aýry-aýry bölünişleri boýunça dolandyrmak işleri her gulluk üçin işlenip düzülen düzgünnamalar we jogapkär işgärleriň wezipe borçlary (funksiýalary) tarapyndan kesgitlenilýär we kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýär. Olaryň ýerine ýetirilişi üçin her bölümlerde jogapkär işgärler tassyklanylýar we olar öz möhletinde hasabat berýärler.

## V. ESASY ÖNÜMÇILIK SERIŞDELERINIÑ (FONDLARYNYÑ) GÖRNÜŞLERI WE DÜZÜMI.

Senagat önümçiliginde ulanylýan önümçilik we zähmet serişdeleri- esasy önümçilik serişdelerine we dolanşyk serişdelerine bölünýärler.

**Esasy önümçilik serişdeleri** önüm öndürmek işiniñ ähli tapgyrlarynda köpgezekleýin ulanylýar we özüniñ ilkibaşky görnüşini ýitirmän saklap, kuwwatlygynyñ kemeliş derejesini öndürilýän önümiñ gymmatyna geçirýärler.

**Dolanşyk serişdeleri** bolsa tersine, önümçiligiñ ähli tapgyrlarynda doly ulanylýar we özüniñ ilkibaşky görnüşini ýitirmek bilen, özüniñ bahasyny öndürýän önümiñ özüne düşýän gymmatyna geçirýärler. Bu serişdelere çig mal, maddy serişdeler, ýangyç we beýlekiler girýärler.

Umumy senagatda, sol sanda nebit-gaz pudagynda esasy önümçilik serişdeleri iki görnüşe, ýagny senagat-önümçiligine we senagata degişli däl bolan görnüşlere bölünýärler.

Senagat-önümçilik esasy serişdelerine senagat önümini öndürmekde ulanylýan zähmet gurallary, esbaplary girýärler. Esasy serişdeler özleriniñ ýerine ýetirýän tehnologik wezipelerine we ulanyş esasy ugurlaryna laýyklykda şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1. Jaýlar;

2. Desgalar;
3. Geçiriji desgalar;
4. Maşynlar we enjamlar;
5. Ulag serişdeleri;
6. Gurallar;
7. Önümçilik we hojalyk serişdeleri;
8. Beýleki gerekli serişdeler;

Nebit-gaz senagatynda esasy serişdeler öz ugurlary boýunça toparlaýyn şu aşakdaky görnüşde häsiýetlendirilýär:

1. *Jaýlar* - önümçilige hyzmat ediş bazasynyñ, inžener-tehnologiki gullugynyñ, promyselleriñ, gaz gysyjy desgalaryñ, bug gazanlarynyñ, garažlaryñ, ambarlaryñ we ş.m. jaýlary.
2. *Desgalar* - nebit, gaz, suw akdyryjy guýular, nebit ýygnaýjy çelekler, kollektorlar, amgestral ýollar we ş.m.
3. *Geçiriji desgalar* - turba geçirijileri, (nebit, gaz, suw, bug we ş.m geçirijileri) kabel we elektrik geçirijileri, telefon we telegraf liniýalary, radionokatlar we ş.m.
4. *Maşynlar we enjamlar:*

a) kuwwatlyk maşynlary we enjamlary içinden ýandyrylýan hereketlendirijiler, elektrohereketlendirijiler, transformatorlar, çuñluk elektrosorujylary we ş.m.

b) iş kuwwatlyk maşynlary we enjamlary-buraw desgalary, sementleýji desgalar, stanok-kaçalkalar, nebit sorujy turbalar, ştangalar, fontan armaturlary, guýularda synag geçiriji we barlag işlerini geçirýän agregatlar we ş.m.

ç) ölçeýji we sazlaýjy abzallar, laboratoriýa enjamlary, çuñluk basyşyny ölçeýji manometrler, guýularda anyklaýyş işlerini amala aşyrýan gurallar, olçeýjiler we ş.m.

d) beýleki enjamlar.

5. *Ulag serişdeleri* - hereket edýän awtomobil, demirýol, suw we howa ulaglary, esasy (magistral) nebigaz geçirijileri we ş.m.
6. *Gurallar* - turbalar we ştangalar üçin elewatorlar, turbakesijiler, buraw turbalary, agaçlar we beýleki ulanylýan gurallar.

7. *Esasy serişdeleriñ beýleki görnüşleri:*

Şu sanalyp geçilen esasy önümçilik serişdeleriniñ topary-dürli görnüşde önümçilikde ulanylmak bilen, onuñ netijeliligine öz täsirlerini ýetirýärler. Bularyñ içinde iñ esasylary maşynlar we desgalar, geçiriji desgalar bolup durmak bilen olara esasy fondlaryñ işjen toparlary diýilýär we olar senagat önümini öndürmek uçin esasy orun eýeleýärler. Önümçilik fondlaryñ käbir toparynyñ bahasynyñ umumy fondlaryñ bahasynyñ jemine bolan gatnaşygy esasy önümçilik serişdeleriniñ gurluş düzümini emele getirýärler.

Senagatyñ ähli ugurlarynda önümçilik fondlarynyñ gurluş düzümi birmeñzeş bolmaýar.

Nebit-gaz senagatynda bolsa bu görkeziji özboluşly bolup şu aşakdaky görnüşde häsiýetlendirilýär:

1. Özüniñ gymmaty boýunça beýlekilerden ýokarda durýan nebit-gaz guýulary ähli önümçilik fondlarynyñ 60-65 % tutýar;
2. Turbageçirijileriñ nebiti, gazy, suwy akdyrmak üçin giñ toplumyñ ýerleşdirilmegi, elektrogeçirijileriñ uzak aralyklardaky toplumy geçiriji desgalaryñ köpelmegine getirýär;
3. Jaýlar bolsa umumy önümçilik serişdeleriniñ içinde udel agramy boýunça uly orun tutmaýar;

Nebit-gaz çykaryjy kärhanalaryñ esasy önümçilik serişdeleri nebit promysellerinde, önümçilige hyzmat ediş bazalarynda, nebiti taýýarlanyş we akdyryş sehlerinde we beýleki önümçilik meýdançalarynda ýerleşýär.

Mysal hökmünde bir nebit-gaz çykaryjy kärhananyñ 3 ýyl aralykdaky esasy senagat-önümçilik serişdeleriniñ (fondlarynyñ) düzüminde seljerme geçireliñ:

| *Esasy serişdeleriň topary* | *Ýylyň jemi boýunça galany* | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | *2000ý.* | | *2001ý.* | | *2003ý.* | |
| | *mlrd. man.* | *%* | *mlrd. man.* | *%* | *mlrd. man.* | *%* |
| Jaýlar | 18,0 | 0,9 | 240,2 | 9,7 | 1889,3 | 9,8 |
| Desgalar | 1659,6 | 86,2 | 1396,1 | 56,5 | 7587,2 | 39,3 |
| Geçiriji desgalar | 111,3 | 5,8 | 241,7 | 9,8 | 1306,9 | 6,8 |
| Maşynlar we | 132,8 | 6,9 | 446,8 | 18,1 | 4026,3 | 20,9 |
| Ulag serişdeleri | 2,0 | 0,1 | 142,3 | 5,8 | 4470,2 | 23,1 |
| Gurallar, önümçilik we hojalyk hem-de beýleki gerekli serişdeler | 2,6 | 0,1 | 2,5 | 0,1 | 16,1 | 0,1 |
| JEMI | 1928,3 | 100,0 | 2469,6 | 100,0 | 19296,0 | 100,0 |

Görkezilen maglumatlara laýyklykda 2000-nji ýylyň ahyryna çenli desgalaryň (esasan hem nebit-gaz guýularyň) umumy fonduň 86,2% tutýar, maşynlar we enjamlar -6,9%, ulag serişdeleri bolsa-0,1% tutýarlar.

2003-nji ýylyň ahyryna çenli bolsa desgalaryň udel agramy 39,3%-çenli peselýär, maşynlar we enjamlar 20,9%, ulag serişdeleri 23,1% çenli ösýär. Şeýle hem jaýlaryň möçberi 9,8% çenli ösýär.

Esasy fondlaryň özara möçberleriniň uýtgemeginiň esasy sebäbi şol kärhanada täze önümçilik kuwwatlyklarynyň şol goýberilmegi, täze ýataklary özleşdirmek işleri, önümçilik maksatly jaýlaryň gurulmagy we ulag we ýörite tehnikalaryň täze tapgyrynyň gelmegi we täze kuwwatlyklarynyň bahasynyň ýokarlanmagy bolup durýar.

## Esasy serişdeleri ulanmagyñ görkezijileri.

Nebit-gaz senagatynda esasy serişdeleri ulanmagyñ derejesi uly orun eýeleýär.

Esasy serişdeleri kämil we netijeli ulanmak maýa goýumlaryny tygşytly harç etmäge we olaryñ ykdysady netijeleriniñ ýokarlanmagyna getirýär.

Esasy serişdeleri ulanmagyñ esasy görkezijileri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Serişde netijeliligi - esasy serişdeleriñ 1 manatlyk möçberine düsýän harytlyk önümiñ göwrümi. Bu görkeziji şu aşakdaky formula esasynda kesgitlenýär:

$$S_n = \frac{Q}{S_b}$$

**Q** - harytlyk önümiñ hereket edýän nyrhlardaky ýyllyk bahasy;
**$S_b$** - esasy önümçilik serişdeleriñ bir ýyldaky ortaça bahasy;

Nebit-gaz çykaryjy senagatyñ aýratynlyklaryna laýyklykda serişdeleriñ netijeliliginiñ görkezijileri önümiñ hakyky görnüşini, ýagny 1 tonna nebitiñ ýa-da 1000m$^3$ gazyñ esasy serişdeleriñ 1000 manatlyk möçberine laýyklykda hem kesgitlenýär.

***<u>Serişdeleriñ sarp edilişi</u>*** - manatlyk harytlyk önüm öndurmek üçin ulanylýan esasy önümçilik serişdeleriñ gymmaty. Bu görkezijiniñ peselmegi kärhananyñ ykdysady görkezijilerine netijeli täsir edýär. Nebit-gaz senagatynda 1 tonna nebit ýa-da 1000 m$^3$ gaz öndürmek üçin ulanylan esasy önümçilik serişdeleriniñ bahasy uly orun eýeleýär.

***<u>Zähmetiñ serişdeler bilen üpjünçiligi</u>*** – $S_z$-esasy önümçilik serişdeleriniñ bir ýyllyk ortaça bahasynyñ senagat-önümçilik işgärleriniñ sanyna bolan gatnaşygydyr. Bu görkeziji işgärleriñ esasy serişdeler bilen üpjünçiligini kesgitlemek bilen, önümçiligiñ mehanizasiýa we awtomatizasiýa bilen

üpjünçiliginiñ derejesini hem anyklaýjy bolup şu aşakdaky formula arkaly hasaplanylýar:

$$S_z = \frac{S}{I_s}$$

bu ýerde:

$I_s$ -senagat-önümçilik işgärleriñ sany;

Esasy önümçilik serişdeleriniñ ulanylyşyny kesgitlemek ýyllyk öndürijiliginiñ görkezijisi arkaly amala asyrylýar, ýagny öndürilen önümiñ ýa-da ýerine ýetirilen işleriñ (hyzmatlaryñ) bir ýyldaky möçberiniñ, desgalaryñ we enjamlaryñ bir ýyldaky ortaça sanyna bolan gatnaşygyny hasaplamak arkaly kesgitlenýar:

$$Ö_ý = \frac{Ö}{S_S};$$

bu ýerde:

$Ö_Ý$ - ýyllyk öndürijilik;

$S_S$ - serişdeleriñ ortaça sany;

Nebit-gaz pudagynda esasy serişdeleriñ birinji derejesi hökmünde nebit-gaz guýulary, nebiti çykarmak, arassalamak, ýygnamak, akdyrmak üçin ulanylýan enjamlar, desgalar bolup durýar. Guýulary netijeli ulanmagyñ görkezijisi ulanyş derejesini we guýularyñ fonduny ulanmagyñ derejesini hasaplamak arkaly kesgitlenýar.

Guýularyñ hereket edýän fondunyñ ulanyş derejesi - bu iş wagtynyñ – $W_i$, hereket edýän guýularyñ fondlaryñ kalendar wagtyna bolan gatnaşygydyr – $W_K$:

$$D_{nd} = \frac{W_i}{W_k};$$

Ulanylýan guýularyñ netijeliliginiñ derejesi guýularyñ iş wagtynyñ ulanylýan guýularyñ fondunyñ kalendar fondunyñ wagtyna bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenýär:

$$D_{ug} = \frac{W_i}{W_k};$$

Eger-de birinji görkeziji diñe hereket edýän guýulary ekstensiw (diñe wagta bagly) ulanmagy häsiýetlendirilýän bolsa, ikinji görkeziji-ähli ulanyşdaky guýularyñ önüm beriş derejesini kesgitleýär.

Guýulary kuwwatlygy boýunça ulanmagyñ (intensiw) derejesi islenen wagtyñ bir san birliginde çykarylan nebitiñ göwrümi bilen kesgitlenýär.

Guýularyñ iş wagty-guýu/sagatda, guýu/günde, guýu/aýda-möçberde ulanylýar. Guýu/aý-720 guýu/sagatda ýa-da 30 guýu/güne deñdir. Bir aýyñ dowamynda çykarylan nebitiñ möçberi (guýu/aýda) bir guýunyñ bir aýdaky beren nebitiniñ ortaça hasabydyr. Aşakdaky tablisada bir nebit-gaz cykaryjy kärhananyñ 2000-2003-nji ýyllarda guýularyñ ulanyş fondunyñ düzümi we gurluşy baradaky görkezijilerine syn edeliñ:

| T/b | Görkezijileriñ atlandyryşy | 2000.01.01. | | 2001.01.01. | | 2002.01.01. | | 2003.01.01. | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | sany | jemi % | sany | jemi % | sany | jemi % | sany | jemi % |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| 1 | Guýularyñ ulanyş fondunyñ sany-hemmesi | 180 | 100,0 | 180 | 100,0 | 181 | 100,0 | 176 | 100,0 |
| | şol sanda: -hereket edýäni | 177 | 98,3 | 179 | 99,4 | 178 | 98,3 | 175 | 99,4 |
| | olardan: önüm berýäni | 177 | 98,3 | 177 | 98,3 | 175 | 96,7 | 175 | 99,4 |
| | -hereketsiz durany | 2 | 1,1 | 1 | 0,6 | 2 | 1,1 | - | - |
| | -synagda durany | 1 | 0,6 | - | - | 1 | 0,6 | 1 | 0,6 |
| 2 | Hasapda duran 1 guýý/aýlarý: | | | | | | | | |
| | -ulanyş fondundakylar | 2229,0 | | 2190,0 | | 2194,3 | | 2120,5 | |
| | -hereket edýän fondundakylar | 2210,5 | | 2167,4 | | 2169,8 | | 2105,0 | |
| | hereket edýän fondda işlenen | 2122,6 | | 2105,1 | | 2113,6 | | 2064,3 | |
| 3 | Her bir işlän guýunyñ ortaça öndüren nebiti (tn/guýý) | 47,1 | | 41,3 | | 39,7 | | 75,8 | |
| 4 | Ulanyş guýularyny ulanmagyñ derejesi | 0,952 | | 0.961 | | 0,963 | | 0,973 | |
| 5 | Hereket edýän guýularyñ fonduny ulanmagyñ derejesi | 0,960 | | 0,971 | | 0,974 | | 0,981 | |

Görkezilen sanlara laýyklykda guýulary ulanmagyñ-ulanyş fonduny we hereket edýän ulanmagyñ derejesiniñ görkezijisi ösýär. Birinji görkeziji 0,952-den 0,973-e çenli ösüpdir. Bu bolsa şu nebit-gaz çykaryjy kärhanasynyñ guýularyñ fondy boýunça maksadalaýyk iş alyp barýanlygyny görkezýär.

2003-nji ýylyñ 1.01. çenli hereketsiz işlemäni duran guýu galmandyr, diñe bir guýu synagda galypdyr.

Esasy önümçilik serişdelerini ulanmagyñ esasy görkezijilerini hasaplamak üçin nebit-gaz çykaryjy kärhananyñ nagt görnüşdäki we bahalardaky görkezijilerini ulanýarys. Munuñ üçin 2002-nji ýylda çykarylan nebitiñ we gazyñ möçberini hasaplaýarys:

-nebitiñ möçberi-156 452 tonna;

-gazyñ möçberi- 7 660 müñ. kub.metr.

1000$m^3$ gazyñ göwrümi 1 tonna nebitiñ göwrümi bilen deñeşdirilýär. Şeýlelik bilen umumy nebitiñ we gazyñ möçberi 2002-nji ýylda - 164 112 tonna bolýar. Öndürilen harytlyk önümiñ deñeşdirilen bahasy (nebitiñ bir tonnasynyñ bahasy 48 müñ manat we 1000$m^3$ gazyñ bahasy 13 800 manat) 7 615 404 müñ manat bolýar. Esasy serişdeleriñ ýyllyk ortaça bahasy bolsa 12 290 030 müñ manat bolýar.

şeýlelik bilen serişdeleriñ netijeligi:

- bahalardaky hasaplamasy $\dfrac{7\ 615\ 404}{12\ 290\ 030} = 0{,}6$ manat

- haryt görnüşinde $\dfrac{164\ 112}{12\ 290\ 030} = 0{,}01$ tn.

Hasaplamalara laýyklykda esasy serişdeleriñ 1 manatlyk göwrümine 0,6 manatlyk önüm öndürilipdir we 0,01 tonna

nebit we gaz çykarylypdyr. Serişdeleriñ üpjünçiligini hasaplasak

$$\frac{12\ 290\ 030}{7\ 615\ 404} = 1{,}61 \text{ manat bolýar.}$$

Bu bolsa öndürilen önümiñ 1 manatlyk möçberine 1,61manatlyk esasy serişdeleriñ bardygyny (düşýändigini) añladýar.

Esasy serişdeleriñ sarp edilişini hasaplanymyzda bolsa:

$$\frac{12\ 290\ 030}{386} = 31\ 839 \text{ müñ manat}$$

bolýar.

Bu bolsa senagat-önümçiliginde işleýän her bir işgäre esasy serişdeleriñ 31 839 müñ manatlyk möçberi düşýär diýmekdir.

Esasy serişdeleriñ işjeñ böleginiñ udel agramyny, ýagny önüm öndürmekdäki tutýan ornuny hasaplamak üçin desgalaryñ (guýularyñ) bahasyny 7587,2 mln.manat we maşynlaryñ hem-de enjamlaryñ bahasyny – 4026,3 mln. manat, jemi 7587,2+4026,3=11 613,5 mln.manady esasy serişdeleriñ umumy bahasyna - 19296,0 mln.manada bölýäris.

(Aktiw) işjeñ serişdeleriñ udel agramy:

$$\frac{116\ 113{,}5}{19\ 296} = 0{,}602 \text{ ýa-da } 60{,}2\ \% \text{ bolýar.}$$

Bu hasaplama esasy serişdeleriñ işjeñ görnüşleriniñ, ýagny önüm öndürmek üçin iñ wajyp işleri ýerine ýetirýän serişdeleriñ umumy serişdelere bolan gatnaşygyny we olaryñ önüm öndürmekdäki ornuny kesgitleýär.

# VI . GIRDEJI WE DÜŞEWÜNTLIK.

Nebit-gaz senagatynyñ kärhanalarynda hojalyk hasaplasygynyñ kämil gurnalan şertlerinde önüm öndürmek we ýerlemek wezipeleri bilen deñ derejede kärhananyñ işiniñ netijesini kesgitleýän, girdeji we düsewüntlik görkezijileri uly orun eýeleýär.

Öndürilen önümi ýerlemekden gelen girdejiniñ möçberi bilen, ony öndürmek üçin sarp edilen çykdaýjylaryñ, ýagny önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ möçberiniñ tapawudy karhanalaryñ sap girdejisini emele getirýär.

Nebit-gaz (çykaryjy we nebiti gaýtadan işleýän kärhanalar öz önümlerinden gelýän sap girdejiden degişli salgytlary, ýagny goşulan baha üçin, girdeji, ýer gatlaklaryndan peýdalananlygy we emläk üçin salgytlary we döwlet býudžetine degişli beýleki tölegleri amala aşyrandan soñ galýan girdejini kärhananyñ öz garamagyna geçirýärler. Bu girdejiler kärhananyñ garamagynda galýan girdejiler diýlip atlandyrylýar.

Kärhanalar tarapyndan döwlet býudžetine tölenýän salgytlar ýurdumyzyñ býudžetiniñ girdeji böleginiñ esasyny emele getirýär we halkymyzyñ durmuş şertleriniñ ösmegine harçlanylýar.

***Girdejilik*** - bu kärhanalaryñ işiniñ netijesiniñ derejesini kesgitleýän esasy görkezijidir. Ol önüm öndürmek, ýerlemek boýunça meýilnamalaryñ ýerine ýetirilişini, önümçiligiñ tehniki ösüşiniñ derejesini, önümiñ hiliniñ ýokarlanmagyny, tebigy baýlyklary, maddy, zähmet we maliýe serişdeleri tygşytly ulanmagy we işgärleriñ şahsy goşandynyñ ýokarlanýanlygyny añladýan görkezijidir.

Girdejilik kärhananyñ önümçilik-hojalyk isleriniñ ähli ugurlaryny aýan edýär.

Girdejilik ýokarlanmagynyñ iñ esasy çeşmeleriniñ biri-önümiñ özüne düşýän gymmatyny peseltmekdir. Emma onuñ mukdary öndürilýän we ýerlenýän önümiñ göwrümini we hilini

bagly bolup durýar. Önümiñ hili näçe ýokary bolsa şonçada onuñ bahasy ýokarlanýar.

Eger-de önümi öndürmek üçin harçlanýan çykdaýjylaryñ köpelmeginde onuñ hili ýokarlansa, onda girdejilik hem ýokary galmalydyr.

Girdejilik önümi ýerlemek bilen gös-göni baglydyr. Önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ görkezijisi önümi ýerlemek bilen baglanyşykly däldir. Girdejiligiñ görkezijisi bolsa kärhana üçin iñ bir zerur hem bähbitli netijedir.

Emma kärhana bilen baglanyşykly däl sebäplere görä, bahalaryñ üýtgemegi ýa-da başga bir sebäplere görä girdejiligiñ möçberi pese hem gaçyp biler. Şol sebäpli hem önümçiliginiñ netijesini ýokarlandyrmak, kämilleşdirmek, önümiñ özüne düşýän gymmatyny peseltmek, zähmet öndürijiligi ýokarlandyrmak, önümçilik serişdelerinden doly güýjünde peýdalanmak, ylmy tehnikanyñ gazananlaryny, öñdebaryjy tehnologiýany, täze tehnikany önümcilige ornaşdyrmak her bir kärhananyñ, bütin pudagyñ iñ esasy wezipeleriniñ biri bolmalydyr.

Nebit-gaz pudagyñ kärhanalaryñ, halk hojalygynyñ beýleki kärhanalary ýaly girdejiligiñ umumy möçberini-balans girdejisini meýilnamalaşdyrýarlar.

***Balans girdejisi*** - bu kärhananyñ ykdysady-maliýe işiniñ netijelerini kesgitleýän görkeziji bolmak bilen we şu aşakdakylardan emele gelýär:

1) harytlyk önümi ýerlemekden gelýän girdejiden;
2) beýleki işleriñ, hyzmatlaryñ netijesinde gelýän girdejilerden;
3) gaýry girdejilerden.

***Harytlyk önümi ýerlemekden gelýan girdeji*** - bu umumy girdejiniñ esasy bölegi bolmak bilen, ýerlenen önümiñ girdejisi bilen ony öndürmek üçin harçlanan çykdajylaryñ ara tapawudydyr.

***Beýleki işleriñ, hyzmatlardan emele gelýän girdejiler*** - bu kömekçi hojalykdan, gaýtadan işleýän we awtoulag

sehlerinden, önümçilige girmeýän bolümlerden, maddy gymmatlyklary satmakdan we ş.m. gelýän girdejilerdir.
**Gaýry girdejiler** - önümçilige we ýerlemäge degişli bolmadyk girdejiler, ýagny tölenen jerimeler, geçen ýyldaky ýerine ýetirilen amallardan düşýan girdejiler, gaýtarylmagy umytsyz hökmünde hasapdan öçürilen algylaryň gelip gowuşmagyndan gelen girdejiler we ş.m.

## Girdejileriň bölünişi.

***Girdejileri jemgyýetiň we kärhananyň arasynda bölmekligiň gurluşy*** - bu jemgyýetçilik önümçiligi ykdysady höweslendirmegiň esasy bolup hyzmat edýär. Girdejileriň bölünişiniň häzirki döwürde hereket edýän usulynyň görnüşi tablisada görkezilýar:
***Ilkinji nobatdaky tölegler*** - bu döwlete tölenilmeli salgytlaryň ähli görnüşleri we döwlet býudžetine degişli töleglerdir:
-goşulan baha üçin salynýan salgyt;
-girdejiden tölenýan salgyt;
-ýerasty baýlyklardan peýdalanlýanlygy üçin tölenýän salgyt;
-emläk üçin salgyt;
-býudžete degişli tölegler;
şeýle hem banklardan alnan karz pullaryň göterimi;

Bu tölegler soň kärhananyň garamagyna degişli girdejiden önümçiligi ösdürmek, durmuş-ykdysady harajatlar üçin, işgärleri maddy taýdan höweslendirmek we beýleki fondlar döredilýär.

## Önümçiligiň düşewüntligi.

Önümçilikde girdejiligiň hemmetaraplaýyn ösmegi kärhanalaryň önüm öndürmekdäki we ýerlemekdäki mümkinçiliklerini giňeltmek bilen, işgärleriň bütin halkymyzyň hal-ýagdaýynyň oňatlaşmagyny üpjün edýär. Emma şunuň bilen birlikde hem diňe girdejiniň ösmegini hasaba alyp,

kärhananyñ önümçilik, ykdysady-maliýe işiniñ netijesini doly kesgitlemek ýeterlik däldir. Girdejiligiñ diñe kärhananyñ işiniñ hiline bagly bolmany, önümçiliginiñ göwrümine hem baglydyr. Uly kärhanalar, köp girdeji alyp bilýän kiçi kärhanalardan pes işleýän halatlary hem bolýar. Girdejiligiñ ösüş depgini käbir pudaklarda önümçilik fondlarynyñ köpelmeginiñ depgininden pesde bolýar. Munuñ esasy sebäpleriniñ biri hem önümçilik kuwwatlyklarynyñ özleşdirilişiniñ haýal ýerine ýetirilmegi, täze meýdançalaryñ önümçilik taýdan işlenmeginiñ doly derejede amala aşyrylmaýanlygy, gurluşyk işleriniñ bahasynyñ ýokarlanmagy we ş.m. bolup durýar.

Şol sebäpli hem kärhanalaryñ girdejiligini kesgitlemekde belli bir derejede deñeşdirilen görkezijini hasaplamak zerurlygy döreýär.

Munuñ uçin, ýagny kärhananyñ girdejiliginiñ derejesini, önuñ netijeliligini kesgitleýan, önümçiligiñ düşewüntliginiñ görkezijisi ulanylýar.

***<u>Düşewüntlik</u>*** - bu gazanylan san girdejiniñ deñeşdirilen görkezijisidir. Kärhananyñ düşewüntligini iki hili görnüşde, ýagny balans girdejiniñ ýerlenen önümiñ özüne düşýän doly gymmatyna bolan gatnaşygynyñ göterimine ýa-da girdejiniñ önümçilikde ulanylan esasy önümçilik serişdeleriniñ, dolanşyk serişdeleriniñ bahasyna bolan gatnasygynyñ göterimine laýyklykda hasaplanylýar.

Mysal üçin: Bir ýylyñ dowamynda nebiti gaýtadan işleýän zawod 2 mlrd. manatlyk balans girdejisini gazanýar. Şol döwürde ýerlenen önümiñ bahasy 10 mlrd. manat bolup durýar we önümçilik serişdeleriniñ bahasy bolsa 40 mlrd. manat. şunda zawodyñ düşewüntliginiñ derejesi ýerlenen önümiñ özüne düşýän gymmatyna görä hasaplanyñda 2x100/10=20%, önümçilik serişdeleriniñ gymmatyna bolan gatnasygyna laýyklykda bolsa-2x100/40=5%, bolýar.

Düşewüntligiñ birinji usuldaky görnüşi dürli önümleriñ düşewüntligini kesgitlemäge mümkünçilik berýär we önümleriñ bahalaryny hasaplamakda we esaslandyrmakda

ulanylýar. Munuñ ýaly usul önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ üýtgemegini görkezmek bilen, esasy önümçilik serişdeleriniñ gymmatyny we olaryñ ulanyş derejesini kesgitlemeýär.

Şunuñ bilen birlikde hem girdejini göwrümi we onuñ önümiñ gymmatyna garanyñdaky möçberleri ulalyp, ýokarlanyp biler. Şol bir wagtyñ özünde hem netijelik pese gaçyp ýa-da hiç-hili netije gazanylmaýan ýagdaýlary hem bolar, esasan hem girdejiler uly göwrümdäki maýa goýumlarynyñ hasabyna gazanylanda. Şol sebäpli hem girdejileriñ önümiñ gymmatyna bolan gatnasygyñ kärhananyñ ykdysady netijesini doly hasaplamaga mümkinçilik bermeýär. Şonuñ üçin hem girdejileriñ önümçilik serişdeleriniñ bahasyna bolan gatnaşygynyñ derejesi iñ ygtybarly görkeziji bolup hyzmat edýär. Bu görkeziji kärhananyñ ulanyş we düýpli çykdajylarynyñ ykdysady netijesiniñ derejesini añladýar we kärhananyñ önümçilik işiniñ esasy jemleýji görkezijisi bolup hyzmat edýär.

Düşewüntlik (esasy önümçilik serişdelere bolan gatnaşygyñ derejesi) kärhanalarda iki görnüşde - umumy düşewüntlik hem-de hasaplanan düşewüntlik görnüşinde kesgitlenilýär.

***Umumy düşewüntlik*** - bu karhanalaryñ balans girdejisiniñ esasy önümçilik serişdeleriñ we kadalaşdyrylan dolanşyk serişdeleriñ bir ýyldaky ortaça bahasyna bolan gatnaşygy bolmak bilen şu aşakdaky görnüşde hasaplanylýar:

$$\mathbf{D_u = \frac{Gx100}{S_{\ddot{O}} \times S_D}}$$

bu ýerde:

**G** - balans girdejisi;

$\mathbf{S_{\ddot{O}}}$ - önümçilik serişdeleriniñ ortaça bahasy;

$\mathbf{S_D}$ - dolanşyk serişdeleriniñ ortaça bahasy;

Önümçilik serişdeleriniñ düzümine ähli ulanylan önümçilik serişdeleri, esasy önümçilige hyzmat edýän kärhanalaryñ balansynda hasapda durýan serişdeler we beýlekiler girýärler. Serişdeleriñ gymmaty ilkibaşdaky (balans) bahasy boýunça kesgitlenilýär.

Kadalaşdyrylan dolanyşyk serişdelerine bolsa ulanylan, atiýäçlyk we galyndy çig mallar, ýangyç, atiýäçlyk şaýlary, az bahaly we tiz ulanylýan serişdeler, çalgy ýaglary we beýlekiler girýärler.

Umumy duşewüntligiñ görkezijisi önümçiligiñ ykdysady netijesini kesgitlemek üçin ulanylýar.

Hasaplanan düşewüntlik - bu balans girdejiniñ möçberinden, fondlar üçin tölegler, bankdan alnan karz puluñ göteriminiñ we beýleki töleglerиñ aýrylan galyndysynyñ esasy serişdeleriñ we kadalaşdyrylan dolanşyk serişdeleriniñ gymmatyna bolan gatnaşygynyñ görkezijisidir. Bu görkeziji kärhananyñ işine baha bermek, ykdysady taýdan höweslendiriş fondlaryna geçirilmeli serişdeleriñ kadalaşdyrylan möçberlerini kesgitlemek hem şol fondlary döretmek üçin ulanylýar.

$$\mathbf{D_h = \frac{(G-(A+T+B)\ x100}{S+S_D+S_B}}$$

bu ýerde:
A - serişdeler üçin tölegler;
T - beýleki tölegler;
B - bankyñ karz pulunyñ göterimi;
S - esasy önümçilik serişdeleriniñ ortaça ýyllyk bahasy;
$S_D$ - dolanşyk serişdeleriniñ ortaça ýyllyk bahasy;
$S_B$ - tölegden boşadylan önümçilik serişdeleriniñ ortaça ýyllyk bahasy;

Esasy önümçilik serişdeleriniñ ortaça ýyllyk bahasy şu aşakdaky görnüşde hasaplanylýar:

$$S = S_B + \frac{S_G W}{12} - \frac{Sa(12-W)}{12}$$

bu ýerde:

$S_B$ - serişdeleriñ ýylyñ başyndaky bahasy;

Sg - önümçilige göýberilen serişdeleriñ bahasy;

W - serişdeleriñ ulanylan wagty;

Sa - önümçilikden aýrylan serişdeleriñ bahasy;

Hasaplanan düşewüntlik kärhanalarda artykmaç önümçilik serişdeleriniñ, önümçilikden boşadylmagyna we maýa goýumlarynyñ netijeli we doly ulanylmagyna zerurlyk döredýär.

Umumy we hasaplanan düsewüntligiñ kesgitlenişi tablisada görkezilen.

### *Düşewüntligi gazanmagyñ usullary we bu ugurdaky işleriñ görnüşi*

Umumy düşewüntligi gazanmagyñ esasy ugurlarynyñ biri hem ähli mümkinçiliklerden peýdalanyp girdejileriñ artmagyny üpjün etmek we esasy önümçilik serişdeleriniñ doly güýjünde ulanmak bolup durýar.

Düşewüntligi ýokarlandyrmakda şu aşakdaky çäreleri amala aşyrmak zerurdyr:

1) Ýerlenýän önümiñ möçberlerini we görnüşlerini köpeltmek;
2) Önümiñ özüne düşýän gymmatyny pese gaçyrmak;
3) Önümiñ hilini ýokarlandyrmak;
4) Esasy önümçilik serişdeleriniñ ulanyşyny kämilleşdirmek we ýokarlandyrmak;
5) Dolanşyk serişdeleriri ulanyşyny çaltlandyrmak;
6) Gaýry ýitgileriñ öñüni almak bilen harytlyk önümiñ möçberlerini ýokarlandyrmak;

Ýerlenýän önümiñ möçberlerini ýokarlandyrmak düşewüntligi ýokarlandyrmagyñ esasy mümkinçilikleriñ biri. Ähli ugurlar boýunça deñ şertlerde girdejiniñ hem-de

düşewüntligiñ ýokarlanmagy şu görkeziji bilen kesgitlenilýär. Mysal üçin awtoulag ýangyjynyñ (benziniñ) ýerlenişi 1,0 mln. tn.-dan 1,3 mln. tonna çenli ýokarlansa, önümiñ özüne düşýän gymmaty (l00 müñ manat/tonna) we lomaý baha (150 müñ manat/tonna) üýtgewsiz dursa, onda zawoda gelýän girdeji (1,3-1,0)x(20-15) = 15,0 mln. manat bolýar. Bu bolsa düşewüntligiñ hem ösmegine getirýär.

Önümiñ özüne düşýan gymmatyny peseltmek - girdejiniñ we düşewüntligiñ ýokarlanmagyna täsir edýän iñ esasy çeşmeleriniñ biri. Eger-de lomaý bahalar üýtgewsiz duran mahalynda, önümiñ gymmatyny pese düşürmek girdejiniñ ösmegine getirýär. Emma şol derejede düsewüntligin ýokarlanmagy, girdejileriñ önümçilik serişdeleriniñ bahasyndan has ýokary bolan ýagdaýynda amala aşýar.

Esasy önumçilik serişdeleri ulanmagy ýokarlandyrmak-düşewüntligi ösdürmegiñ iñ esasy şerti bolup durýar. Düşewuntligiñ ösmegine serişdeleriñ gowrümi, olaryñ gurluş döwrümi (işjeñ böleginiñ köplügi) we olary doly hem-de kämil ulanmak uly täsir edýär. Bu babatda serişdeleriñ upjünçiligi, ýagny öndürilýän önümiñ birlik mukdarynyñ esasy serişdelere bolan gatnaşygy uly orun eýeleýär.

Dolanşyk serişdeleriñ ulanyşygy çaltlandyrmak-düsewüntligiñ ösmegine täsir edýän mümkinçilikleriñ biri bolmak bilen, önümçilik ätiýaçlyklarynyñ , haryt, serişde gymmatlyklarynyñ köp wagtlap saklanmagyny aradan aýyrmaga, önümçiligiñ depgininiñ ösmegine we maddy-tehniki serişdeler bilen üpjünçiligi kämilleşdirmäge ýagdaý doredýär. Bularyñ hemmesi köp halatlarda önümçilik-tehniki we guramaçylyk çäreleriniñ ýerine ýetirilişine bagly bolýar.

Önümiñ hilini ýokarlandyrmak-bu görkeziji girdejiniñ we düsewüntligiñ ösmegine uly täsir edýär. Ýokary hilli önüme isleg köp bolýar we önuñ bahasy ýokary bolýar, şonuñ ýaly önüm sarp edijiniñ işinde tygşytly emele getirýär. Bu esasan hem ýokary hilli ýangyç, dizel ýangyjy, çalgy ýaglary we beýleki nebit önümlerini ýerlemekde uly orun eýeleýär.

Şular ýaly ýagdaýda şol önümleri öndürmek üçin sarp edilýän çykdaýjylaryñ möçberiniñ artýan ýagdaýynda hem girdejiligi we düsewüntligi üpjün edýär.

Gaýry ýitgileriñ oñüni almak-bu ýitgiler esasy önümçilik serişdeleriniñ ulanmak möhleti dolmanka hatardan çykarlanda çekilýan çykdajylardan ybarat bolup durýar.

Düşewüntligiñ ösüşini üpjün etmekdäki ätiýaçlyklar önümiñ özüne düşýän gymmatyny peseltmegiñ mümkinçilikleri ýaly wagtyna we ulanyş ýagdaýyna laýyklykda iki bölege gündelik we gelejekdäki ätiýaçlyklara bölünýär.

Düşewüntligi ýokarlandyrmagyñ esaslary kärhanalaryñ işinde girdejiligi we önümçilik serişdeleriñ uýtgemegini, şol sanda hem düşewüntligiñ üýtgemegini talap edýär. Şol we beýleki esaslar düsewüntligiñ ýokarlanmagyna getirýän beýleki şertlere hem öz täsirini ýetirýär.

Senagat kärhanalarynda düşewüntligi ýokarlandyrmagyñ ugurlary şol kärhanalaryñ özlerine bagly bolmak bilen şu aşakdaky işlerden ybaratdyr:

1) öñdebaryjy tehnologiýany ornaşdyrmak;
2) önümçilik tehnikasyny kämilleşdirmek;
3) önümçiligiñ we zähmetiñ guralyşyny kämilleşdirmek;
4) önümi ýerlemäniñ we sarp edijiler bilen hasaplaşyk gatnaşyklaryny netijeli we kämil usulda ýerine ýetirmek;
5) Isgärleri işjeñ ruhda terbiýelemek we öñdebaryjy usullary özleşdirmek.

Burawlaýyş, nebit-gaz çykaryş senagatynda gurluşyk işlerini kämilleşdirmek-gurluşygyñ smeta gymmatyny azaltmak, şonuñ bilen birlikde hem esasy serişdeleriñ gymmatyny pese gaçyrmak bolup durýar. Şeýle ýagdaý önümiñ özüne düsýän gymmatynyñ pese gaçmagyna, girdejiniñ we düsewüntligiñ ýokarlanmagyna getirýär.

Kärhanalaryñ düşewüntliginiñ ösmegine ylmy-tehniki tilsimatlaryñ, täze tehnikanyñ, bütindünýä ülñelerine laýyk gelýän enjamlaryñ, abzallaryñ we gurallaryñ, hazirki zaman

desgalaryñ ornaşdyrylmagy uly orun eýeleýär. Bu çäreler önümiñ göwrümine we hiline täsir etmek bilen esasy önümçilik we dolanyşyk serişdeleriñ doly güýjünde, netijeli ulanmagyna getirmek bilen, önümiñ esasy özüne düsýän gymmatynyñ peselmegine getirýär.

Nebit-gaz senagatynda düşewüntligiñ ösmegine çykarylýan we gaýtadan işlenýän nebitiñ hili uly täsir edýär. Nebitiñ hiliniñ derejesi näçe ýokary bolsa, şonça mukdarda ony gaýtadan işlemek üçin sarp edilýän gündelik we düýpli çykdajylar azalýar. Şeýle hem ýerlenýän önümiñ göwrümi ýokary galýar we nebiti cykarmagyñ hem-de gaýtadan işlemegiñ düsewüntligi ösýär.

Hasaplamalaryñ görkezmegine laýyklykda az kükürt gatyşykly 1 tonna nebitiñ düzüminde açyk reñkli nebit önümleriniñ 1% bolsa, şol nebiti gaýtadan işlemek üçin harç edilýän cykdajylar 3-3,4 müñ manat ýokarlanýar we önümçilik serişdelerine bolan tölegler 7müñ manat köpelýär. Şonuñ bilen birlikde hem 1 tn. nebiti gaýtadan işlemekden gelýan girdeji 16,5 müñ manat köpelýär. Şunuñ ýaly ykdysady kanunalaýyk nebitiñ düzümindäki ýag goşundylaryna laýyklykda olardan ýag önümleri öndürilende hem hereket edýär. 1 tonna nebit gaýtadan işlenende gelýän girdeji we düsewüntlik ösýär.

Nebitiñ düzümindäki açyk reñkli önümleriñ nebiti gaýtadan işlemekdäki getirýän ykdysady peýdasy tablisada görkezilen:



*Nebitiñ düzümindäki açyk reñkli önümleriñ düzümi %*

1- 1 tonna nebiti gaýtadan işlemekde gelýan girdeji;
2- 1 tonna nebite düşýan önümçilik serişdeleri;
3- 1 tonna nebiti gaýtadan işlemek üçin sarp edilýan çykdajylar.

Nebitiñ hiliniñ ykdysady görkezijilere bolan täsiri we düşewüntligi ösdürmegiñ ýollary baradaky görkezijileri dürli ýataklaryñ nebitiniñ hasaplamalary şu aşakdaky tablisada görkezilen

| *Görkezijiler* | *Nebit* | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **I** *ýatakdan* | **II** *ýatakdan* | ***III*** *ýatakdan* | ***IV*** *ýatakdan* | ***V*** *ýatakdan* |
| *1* | 2 | *3* | *4* | *5* | 6 |
| ***Nebitiñ düzümi*** | | | | | |
| kükürt garyndysy % | 1,62 | 2,84-3,08 | 0,2 | 0,11 | 0,89-0,92 |
| açyk renkli 350°C gaýnaýan garyndylar % | 46,0 | 41,6 | 59,0 | 52,0 | 63,0 |
| parafin garyndysy % | 4,97 | 4,7 | 7,0 | 18-20 | 2,4-2,8 |
| ***Guýulary burawlamagyñ şertleri*** | | | | | |
| ulanyş guýularyñ ortaça çuñlugy, m | 1733,0 | 1368,0 | 2913,0 | 2805,0 | 2100,0 |
| 1 guýuny burawlamagyñ dowamlýlýgý, aý | 0,86 | 0,72 | 7,6 | 3,2 | 0,84 |
| guýunyñ bahasy, mln.man. | 77.0 | 64.0 | 430.0 | 193,0 | 168,0 |
| ***Ýataklary özleşdirmegiñ şertleri*** | | | | | |
| bir gije-gündizdäki çykarylýan nebitiñ ortaça mukdary t/skw. | 58,0 | 20,0 | 506,0 | 64,0 | 300 |
| 1 tonna nebite düşýän esasy serişdeler % | 100 | 188 | 93 | 164 | 101,5 |
| 1 tonna nebitiñ özüne düsýän gymmatlygy | 100 | 152 | 92,5 | 137 | 74 |
| ***Nebiti gaýtadan işlemegiñ şertleri*** | | | | | |
| ýangyç öndürmek üçin sarp edilýän çykdaýjylar ltn.-manat | | | | | |
| Nebiti | 5,38 | 5,82 | 3,72 | 4,62 | 5,42 |
| açyk reñkli nebit önümi | 8,47 | 11,83 | 5,20 | 6,82 | 7,40 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| nebiti çykarmakda we gaýtadan işlemekde gazanylan ýkdysady netije | | | | | |
| 1 tonna nebitden gelýän sap girdeji % | 100 | 77,3 | 116 | 119 | 111 |
| 1 tonna nebite düsýän önümçilik serişdeleri % | 100 | 127 | 91 | 117 | 103 |
| Düşewüntlik, % | 100 | 60,2 | 128 | 102 | 108 |

Tablisadan görnüşi ýaly nebiti cykarmagyñ we gaýtadan işlemegiñ ýokary netijesini V ýatakdan alynýan nebit berýär.

Bir tonna nebitiñ hasabyna düşýän sap girdejiniñ göwrümi bu ýatakda beýlekilere garanyñda has uly we düşewüntlik boýunça 1-nji ýatakdakydan 1,08 esse uludyr.

Seredilýän ýataklaryñ içinde 2-nji ýatak iñ pes ykdysady görkezijili bolup 1 tonna nebiti çykarmakda we gaýtadan işlemekde gazanylan sap girdeji 1-nji ýatakdakydan 1,29 esse, düşewüntlik bolsa 1,65 esse pesdir. Şol sebäpli hem tabşyrylan nebitiñ hilini ýokarlandyrmak we ony tygşytly ulanmak iñ esasy wezipeleriñ biridir.

## VII. NEBIT-GAZ SENAGATYNDA YKDYSADY DÜSEWÜNTLIGIÑ, NETIJELILIGIÑ JEMLERINE SELJERME GEÇIRMEK.

Nebit-gaz çykaryjy kärhanasynyñ ykdysady netijeliliginiñ umumylaşdyryjy jemleri hökmünde onuñ düşewüntliliginiñ görkezijisi ulanylýar.

**Umumy düşewuntlilik** D (göterim ýa-da birlik möçberinde) kärhananyñ gazanan girdejisiniñ onuñ esasy fondlarynyñ gymmatyna bolan gatnaşygydyr we şu asakdaky görnüşde kesgitlenilýär:

$$D = \frac{G}{S+Sd};$$

Bu ýerde – **G** - kärhananyñ bir ýyldaky gazanan balans girdejisi, manatda **S** we **Sd** - esasy önümçilik serişdeleriñ we dolanyşyk daky serişdeleriñ bir ýyldaky ortaça bahasy, manatda;

Duşewüntlilik kärhananyñ hojalyk hasaply işleriniñ netijeleriniñ jemlerini seljermek bilen, onuñ ykdysady peýdalylygyny kesgitleýän we önümçilikde bolup geçýän ähli üýtgeşmelere özüniñ täsirini ýetirýän görkezijidir.Gazanylan girdejiniñ möçberini kesgitlemek bilen, düşewüntlilik beýleki deñ şertlerde önümiñ öndürilişi we ýerlenşiniñ, onuñ hiliniñ ýokarlanmagy hem-de önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ pese gaçmagy bilen derejesi ýokarlandyrylýar.

Gazanylýan girdejiniñ önümiñ özüne düşýän gymmatyna bagly bolmagy sebäpli, düşewüntlilik zähmetiñ öndürijililigine we maddy serişdeleriñ çykdajylarynyñ göwrümine özüniñ täsirini ýetirýär.

Önümçilik fondlaryñ möçberine baglylykda kesgitlenen düşewüntlilik görkezijisi şol fondlaryñ bahasynyñ azalmagy, önümçilik kuwwatlyklarynyñ netijeli ulanylmagy we dolanysykdaky serişdeleriñ çalt hereket etmegi netijesinde ýokarlanýar.

Umumy düsewüntliligiñ görkezijileri önümçiligiñ fondlaryna bolan goýumlar bilen baglanyşykly önümçiligiñ maddy netijelerini deñeşdirmekde, hojalyk hasaplaşygynyñ hazirki zaman usullaryny önümçilik fondlaryny netijeli ulanmak bilen baglanşdyrmakda uly mümkinçilikler döredýär. Umumy düsewüntlilik önümçilik fondlaryny we maýa goýumlaryny netijeli ulanmaklyk meýilnamalaşdyrylanda, önümçilik ulgamlarynyñ durkuny uýtgetmekde, täze önümçilik kärhanalaryny gurmakda, önümçilik fondlarynyñ hakyky peýdasyny, maýa goýumlarynyñ özleşdirilişiniñ netijesiniñ hilini kesgitlemekde hasaplanylýar. Kärhananyñ hojalyk hasaplaşygyndaky işleriniñ netijesiniñ görkezijisi bolup durýan umumy düsewüntligiñ we öndurilen önümiñ esasynda hasaplanan zähmet öndürijiliginiñ arasynda aýrylmaz gatnasyk bardyr.

Düşewüntliligiñ esasynda emele gelýän kärhananyñ girdejisi – bu milli girdejiniñ bir bölegidir we goşmaça öndürilen önümiñ pul görnüşindäki gymmatydyr. Her bir

kärhana düsewüntliligi ýokarlandyrmak bilen öndürilýän önümiñ we ony ýerlemegiñ möçberini ýokarlandyrýandyr, şunuñ bilen hem önümçiligi giñeltmäge, milli girdejimiziñ ösmegine goşandyny goşýandyr.

Nebit gaz çykaryjy kärhananyñ ykdysady netijeliligini seljermek işinde özara baglanyşykly görkezijileriñ hersiniñ hasaplamalara laýyklykda jemlerine seredilmelidir. Şol görkezijileriñ iñ esasylary hem 1 manatlyk harytlyk önüm üçin harçlanan çykdajylaryñ möçberi, zähmet öndurijiliginiñ derejesi, zähmetiñ fondlar bilen upjünçiligi, önüme maddy serişdeleriñ sarp ediliş, fondlaryñ netijeliligi, maýa goýumlaryñ netijeliligi, maýa goýumlaryñ özüni ödemeginiñ möhletleri bolup durýar.

I) 1 manatlyk harytlyk önüm üçin harçlanan çykdajylar-önümi öndürmek üçin harçlanýan çykdajylarynyñ umumy häsiýetlendiriji görkezijisidir. Bu görkeziji (**$Ç_m$**), önümiñ özüne düşýän gymmatyny **$Ö_G$**, onuñ umumy gowrüminiñ gymmatyna (Q) bölmek arkaly şu aşakdaky görnüşde hasaplanylýar:

$$Ç_m = \frac{Ö_g}{Q};$$

1 manatlyk harytlyk önüm üçin harçlanýan çykdajylaryñ möçberini azaltmaklyk-girdejileriñ ösmeginiñ esasy bolup durýar.

II) Zähmet öndürijililiginiñ derejesi, zähmet çekýän adamlaryñ ýerine ýetirýän işleriniñ netijesiniñ görkejisidir. Bu görkeziji nebit-gaz çykarmakda işleýän her bir adamyñ bir ýylyñ dowamynda öndüren önüminiñ möçberi bilen kesgitlenilýar.

$$Z_ö = \frac{Q}{A};$$

bu ýerde:
**$Z_{ö}$** - zähmet öndürijiligi;
**Q** - bir ýyldaky öndürilen önümiñ göwrümi;
**A** - senagat önümçiliginde bir ýyla işlän adamlaryñ ortaça sany;

Egerde zähmet öndürijililigi ortaça zähmet hakyndan çalt össe, onda gazanylýan girdejiniñ mukdary ýokarlanýar:

$$G3=Q(Z_{HB} - Z_{HM}),$$

bu ýerde:
**G3**-zähmet öndurijililigiñ ösmegi netijesinde gazanylan girdeji;
**Q**-öndürilen önümiñ göwrümi;
**$Z_{HB}$ - $Z_{HM}$ -1** manatlyk önüme düsýän başky we meýilnamalaşdyrylan döwür üçin harçlanan zähmet haky;

Zähmet öndürijiligi zähmetiñ fondlar bilen üpjünçiligine baglydyr. Bu bolsa senagat-önümçiligindäki isleýän adamlaryñ her birine düsýän fondlaryñ bahasynyñ mukdary bilen ölçenilýär. Belli bir sandaky işgärleriñ önümçilik serişdelerini herekete getirmegini ýokarlandyrsa, ýagny fondlaryñ üpjünçiligini ýokarlandyrsa onda zähmet öndürüjiligi hem ösýär.

III) Önüme maddy serişdeleriniñ sarp edilişi – 1 manatlyk harytlyk önüm üçin harçlanýan maddy serişdeleriniñ (çig mal, esasy we kömekçi serişdeler, ýangyç, energiýa) mukdary bilen ölçenilýär.

Sarp edilýän maddy serişdeleri azaltmak-önümçiligiñ netijeliligini ýokarlandyrmagyñ esasy usuly bolup durýar. Ol önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ peselmegine we girdejiniñ ýokarlanmagyna getirýär. Şol bir wagtyñ özünde-de bar bolan zähmet serişdelerini köpeltmezden öndürilýän önümiñ artmagyna täsir edýär. Önüme maddy serişdeleriñ sarp edilişini 1% peseltmek halk hojalygynda onlarça mlrd.manatlyk girdeji gazanylmagyna getirýär.

IV) Serişdeleriniñ netijeliligi-esasy önümçilik serişdeleriniñ tygşytly ulanyşynyñ görkezijisidir. Fondlaryñ netijeliligini

ýokarlandyrmak gosmaça maýa goýumlaryny çekmezden önümiñ öndürilişini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Serişdeleriniñ netijeliliginiñ ösmegi bilen önümiñ özüne düşýän gymmaty peselýär,girdejililik we düşewüntlilik ösýär.

Serişdeleriniñ netijeliligi **Sn** bir ýylda öndürilen önümiñ göwrümini, esasy fondlaryñ bir ýyllyk ortaça bahasyna bölmek arkaly, kesgitlenilýär:

$$Sn = \frac{Q}{S};$$

Önümçilik serişdeleriniñ netijeliliginiñ görkezijisiniñ uýtgemegini önümiñ öndurilişiniñ artmagyna edýän peýdaly täsiri şu asakdaky görnüşde kesgitlenilýär:

$$P_t = S(S_{nm} - S_{nh}),$$

bu ýerde:

$P_t$-peýdaly täsir

$S_{nm}$ - serişdeleriniñ netijeliligi, meýilnamalaşdyrylan döwürde;

$S_{nh}$ - serişdeleriniñ netijeliligi hasabat döwründe;

V) Maýa goýumlaryñ netijeliligi – täze maýa goýumlarynyñ özleşdirilşiniñ netijesini häsiýetlendirýär. Maýa goýumlaryñ netijeliliginde şol mukdarda köp öndürilýän önüm, şonça täze maýa goýum çykdajylary kemeltmäge täsirini ýetirýär.

Maýa goýumlaryñ netijeliligi **Mn** önüm öndürmegiñ depginini üpjün edýän maýa goýumlarynyñ möçberiniñ gatnaşygy bilen kesgitlenýär.

$$M_n = \frac{Q_d}{M_g};$$

bu ýerde:

$Q_d$ - önümiñ ösüş depgini

$M_g$ - maýa goýumlaryñ möçberi

Maýa goýumlarynyñ çykdajylaryny tygşytlamagyñ netijesinde özleşdirilen maýa goýumlarynyñ netijeliligi esasynda dörän peýdaly ösüş şu aşakdaky görnüşde kesgitlenilýär:

$$\mathbf{Pö = S(Mm-Mh),}$$

Bu ýerde
**Pö** - peýdaly ösüş;
**S** - serişdeleriniñ gymmaty;
**Mm – Mh** - meýilnamalaşdyrylan we hasabat döwürdäki maýa goýumlaryñ möçberi;
V) Maýa goýumlaryñ özüni ödemeginiñ möhleti-girdejileriñ depgininiñ ýokarlanmagynyñ hasabyna maýa goýumlarynyñ öwezini dolmagyñ möhletleriniñ görkezijisidir. Bu görkeziji maýa goýum maksatnamalarynyñ ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Maýa goýumlarynyñ özüni ödemeginiñ möhleti näçe az bolsa, beýleki deñ şertlerde olary ulanmagyñ peýdalylygynyñ derejesi hem ýokarlanýar.

Maýa goýumlarynyñ özüni ödemegiñ möhleti şu asakdaky görnüşde kesgitlenilýär:

$$\mathbf{M_m = \frac{M}{G_ý}}$$

Bu ýerde:
**$M_m$** - maýa goýumlarynyñ özüni ödemeginiñ möhleti;
**M** - maýa goýumlarynyñ möçberi;
**$G_ý$** - maýa goýumlary özleşdirmegiñ netijesinde gazanylan ýyllyk girdeji;

Bu görkezilen önümçiligiñ aýratynlykdaky netijelerine geçirilen seljermeler jemgyýetçilik önümçiliginiñ peýdalylygyny kesgitleýjiler, ýagny önümçiligiñ düşewüntliliginiñ görkezijileridir.
Düşewintliligi şu aşakdaky görnüşde synlap bolar.

$$D = \frac{Ç}{S} = \frac{Q - Qç}{S};$$

Bu ýerde:
**Q** - lomaý bahalardaky ýerlenen kärhananyñ önümleri;
**Ç** - 1 manatlyk öndürilen önüm nebit gaz üçin çykdajy;
S - esasy we dolanşyk daky fondlaryñ ýyl boýunça ortaça bahasy;

Bu görnüşden düsewüntliligiñ derejesiniñ 1 manatlyk harytlyk önüme bolan çykdajylarynyñ möçberine bagly bolup durýanlygy görünýär.

Düşewüntliligi hasaplanyşygyny şu aşakdaky görnüşde emele getirmek bolýar:

$$D = \frac{Ç}{S} = \frac{QxÇ}{SxQ} = \frac{So\ Q}{Q};$$

Bu hasaplama düsewintliliginiñ derejesi gös-göni fondlaryñ netijeliligine bagly bolup durýanlygyny görkezýär. Önümiñ gymmatynda girdejiniñ ornunyñ durgunlaşmagy ýa-da pese gaçmagy bilen düsewüntliligi diñe fondlaryñ netijeliligini ösdürmegiñ hasabyna gazanyp bolýar. Egerde beýle bolmadyk ýagdaýynda düsewüntlilik pese düşýär.

Önümçilik serişdeleriniñ netijeliligi bolsa fondlaryñ üpjünçiliginiñ zähmet öndürijililigine bolan gatnaşygydyr. Mundan ugur alyp ýokardaky görnüşi şeýle beýan etmek bolar;

$$D = \frac{Z_ö}{S_ü} x \frac{Q - Qç}{Q};$$

Bu ýerde:
$\mathbf{Z_ö}$ -zähmet öndürijililigi;
$\mathbf{S_ü}$ -zähmetiñ fondlar bilen üpjünçiligi;

Görnüşi ýaly düşewüntlilik esasanam zähmet öndürijililiginiñ fondlar bilen üpjünçiligine bolan gatnaşygyna baglylykda kesgitlenýär. Zähmet öndürijiliginiñ ösmegi bilen düsewüntlilik hem ösýär. Şunuñ bilen birlikde, fondlaryñ üpjünçiliginiñ ösüş depgini, zähmet öndürijiliginden çalt össe onda beýleki görkezijiler deñ derejede bolan ýagdaýynda düşewüntlilik pese gaçýar.

Nebit-gaz çykaryjy kärhanasynyñ işiniñ netijeliliginiñ görkezijileriniñ hasaplamalary şu aşakdaky nusgalarda görkezilýär.

**I. Mysaly maglumatlar.**

- Çykarylan nebitiñ, gazyñ gowrümi Q, mln. man
- Önümçilik serişdeleriniñ gymmaty S, mln. man
- Önümiñ özüne düşýän gymmaty Ög, mln. man
- Işgärleriñ sany A adam
- Girdeji G, mln. man

**II. Netijeliligiñ görkezijileri.**

**1. Umumy düşewüntlilik**

$$\mathbf{D = \frac{G}{S} = \frac{24{,}8x100}{43{,}1} = 57{,}5\ \%}$$

**2. 1 manatlyk önüme bolan çykdajy**

$$\mathbf{Ç = \frac{Ö_g}{Q} = \frac{77{,}6}{102{,}4} = 0{,}758\ manat}$$

**4. Zähmetiñ öndürijiligi**

$$Z\ddot{o} = \frac{Q}{A} = \frac{102,4}{4\ 000} = 25\ 600 \text{ manat}$$

**4. Serişde üpjünçiligi**

$$S_{ü} = \frac{S}{Ç} = \frac{43,1}{4\ 000} = 10\ 775 \text{ manat}$$

**5. Serişdeleriñ peýdalylygy**

$$Sp = \frac{Q}{S} = \frac{102,4}{43,1} = 2,38 \text{ manat}$$

**III. Düşewuntliligiñ netijeleriniñ beýleki görkezijileri bilen arabaglanyşygy.**

**1. Çykdajylar bilen**

$$D = \frac{Q - Qc}{S} = \frac{102,4-102,4x0,758}{43,1} \approx 0,57\%$$

**2. Serişdeleriñ netijeliligi bilen**

$$D = \frac{Sn}{Q} = \frac{2,38 \text{ x } 24,8}{102,4} \approx 0,57\%$$

**3. Zähmet öndürijiligi we zähmetiñ serişde üpjunçiligi bilen**

$$D = \frac{Z\ddot{o}}{S\ddot{u}} \times \frac{G}{Q} = \frac{25\,600}{10\,775} \times \frac{24{,}8}{102{,}4} \approx 0{,}57\%$$

# VIII. NEBIT-GAZ SENAGATYNDA MEÝILNAMALARY IŞLÄP DÜZMEGIŇ USULLARY WE UGURLARY

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda başy başlanan Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler syýasaty ýurdumyzy ähli ugurlar boýunça ösdürmegiň strategiki ugurlaryny kesgitlemek bilen milli ykdysadyýetimiziň kuwwatyny ýokarlandyrmak boýunça uzakmöhletleýin wezipeleri kesgitledi. 2010-njy ýylyň maý aýynda Daşoguz şäherinde geçirilen Ýaşulularuň maslahatynda kabul edilen "Türkmenistanyň durmuş - ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy" kabul edildi. Bu maksatnamada ýurdumyzyň ykdysadyýetini mundan beýläk hem ösdürmegiň ýokary görkezijileri bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Gündogar–Günbatar" gaz geçirijisiniň gurluşygyna başlamagy mynasybyýetli geçirilen dabarada sözlän sözünde: "Milli Maksatnamamyzy doly durmuşa geçirmek we ýurdumyzy güýçli depginler bilen ösdürmek üçin biz ähli zerur şertleri döretmelidiris, ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň mundan beýläk hem ösmeginiň esasy bolan energetika pudagynyň binýadyny hasda pugtalandyrmalydyrys" – diýip aýtdy.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň esasy sütünleriniň biri nebitgaz senagatynyň ösüş depginlerini ýokarlandyrmak, nebit we gazyň çykarylyşynyň, sarp edijilere ugradylşynyň, daşary ýurtlara eksport edilşiniň möçberlerini artdyrmak, bar bolan önümçilik serişdelerimiziň

kuwwatlyklaryny ýokarlandyrmak, döwrebaplaşdyrmak we täze nebit-gazly meýdançalary önümçilik taýdan özleşdirmekde uly möçberli taslamalary durmuşa geçirmek ýaly döwrebap işler Milli maksatnamamyzda öz beýanyny tapdy.

Maksatnama – Türkmenistanyñ gury ýer we deñiz çäklerinde geçirilen anyk barlaglaryñ, ýurdumyzyñ ýerasty uglewodorod çig mal serişdeleriniñ özleşdirilýän we heñiz açylmadyk nebit-gazly gorlarynyñ ätiýäçliklaryny, şeýle hem hereket edýän we gelejekde önümçilige göýberiljek kuwwatlyklarymyzy göz öñünde tutulyp işlenip düzülüpdir.

Nebit we gaz senagatynyñ esasy ösüş ugurlary kesgitlenende meýilnamalaşdyrylýan nebit we gazyñ hasaplanan göwrümleri geologiýa-gözleg, burawlaýyş işleri, gazylan güýulary özleşdirmek we izygiderli ulanmak, ýerasty gatlaklaryñ basyş kuwwaty, işläp duran guýularyñ önüm beriş ukyby ýaly dürli geologiki-tehniki çäreleriñ geçirilşine we bu ugurlardaky meýilnamalaryñ işläp düzülşine uly üns berilýär.

Aşakdaky bölümlerde şol ugurlar boýunça meýilnamalaşdyrylmak işleriniñ geçirilişini öwreneliñ.

## Geologiki gözleg işlerini meýilnamalaşdyrmak.

Nebit we gaz ýataklarynyñ geologiki-gözleg işleriniñ meýilnamasyny işläp düzmekde täze önümçilik gorlarynyñ netijeli ösüşini gazanmak we pudagy ösdürmek üçin uglewodorod serişdeleriñ senagat taýdan özleşdirilmäge degişli meýdançalaryny tapmak wezipelerinden ugur alynýar. Nebit we gaz üçin geologiki-gözleg işler şu aşakdakylardan ybarat bolup durýar: geologiki görnüşli ýazgy (1:50000 we ş.m.-masştabda) geofiziki işler (seýsmikigözleg, elektrogözleg, grawigözleg, magnitgözleg we ş.m.) gurluş düzümi boýunca buraw işleri, topografiki işler, çuñ gözleg burawlaýyş işleri ylmy-barlag, tematiki we beýleki işler. Bu işler san we pul görnüşinde meýilnamalaşdyrylýar.

Nebit we gaz üçin çuñ gözleg burawlaýyş işleriniñ we beýleki ýerine ýetirilmeli çäreleriñ maliýeleşdirilişi kesgitlenilýär. Geologiki-gözleg işlerini meýilnamalaşdyrmagyñ esasy görkezijilerine şu aşakdakylar girýärler:

- san we pul görnüşinde geologiki-gözleg işleriniñ göwrümi;
- çuñ gözleg işleri üçin taýýarlanan nebit-gazly gatlaklaryñ sany;
- gazuwa goýberiljek gatlaklaryñ sany;
- ulanyşa taýýarlanan meýdançalaryñ (ýataklaryñ) sany;
- çuñ buraw isleriniñ göwrümi (agtaryş, gözleg işleriniñ);
- nebit we gazyñ gorlarynyñ derejeler boýunça ösüşi;
- nebit we gazyñ gorlarynyñ ösüşiniñ 1 tonnasynyñ özüne düşýän gymmaty.

Geologiki-gözleg işleriniñ meýilnamasynyñ esasy görkezijisi - gorlaryñ ösüşi bolup durýar.

Nebit-gazly ýataklaryñ gorlarynyñ möçberleri olaryñ öwrenilişine laýyklykda şu aşakdaky derejelere bölünýär:

**A** – derejesi-ýataklaryñ göwrümi, olaryñ görnüşi, nebit-gaz birleşmeleriñ kuwwatlygy, nebitiñ hili, gazyñ we beýleki goşundylaryñ düzümi, gatlagyñ gurluş şertleri, guýularyñ önümligi we ulanyşyñ usullary barada ygtybarly kesgitlemeleri berýän anyk öwrenilen atiýaçlyk gorlarydyr. Bu ätiýaçlyklar gatlaklar ulanylýan wagty hasaplanylýar.

**B** – derejesi-bu ätiýaçlyklar gatlaklary önümçilik taýdan ulanylyp nebit ýa-da gaz akymy ýa-da gerekli promysel-geofiziki maglumatlar, ýerini alnyp başlan wagtynda maglumatlaryñ esasynda kesgitlenýän atiýaçlyk gorlarydyr. Bu gorlaryñ göwrümi, görnuşi, nebitiñ we gazyñ düzümi we beýleki maglumatlar anyk öwrenilýär we barlag ücin käbir guýular ulanylýar.

**$C_1$** - derejesi-nebitiñ we gazyñ akymlary önümçilik taýdan özleşdirilip başlanandan soñ nebitiñ we gazyñ mukdarynyñ göwrümi öwrenilen atiýaçlyk gorlarydyr. Bu

maglumatlar birnäçe guýulardan alnan şeýle hem bu gatlaklara ýakyn durýan gatlaklardan alnyp nebitiñ ýerleşýän şertleri ylmy-barlag işleriniñ netijesinde kesgitlenýär.

**$C_2$** - derejesi-degişli geologiki we geofiziki maglumatlaryñ, tektoniki böleklerde we gatlaklarda geçirilen barlaglaryñ netijesinde kesgitlenen nebitiñ we gazyñ atiýaçlyk gorlarydyr.Şeýle hem şol meýdançalarda geçirilen barlag işleriniñ netijesinde anyklanan täze gurluşlardaky atiýaçlyk gorlarydyr.

Geologiki gözleg işleriniñ meýilnamasy işlenip düzülende esasan hem **B** we **$C_1$** derejeli atiýaçlyk gorlaryñ ösüş depginini hasaplamak esasy orny eýeleýär. Sebäbi bu görkezijiler nebitiñ we gazyñ meýilnamalaşdyrylan möçberlerini üpjün etmekde şu esasy mümkinçilikleriñ biridir. Ätiýaçlyk gorlaryñ ösüş depginini esaslandyrmak üçin, geçen soñky aýynda çykarylan nebitiñ we gazyñ möçberinden hem-de meýilnama düzülýän ýylda çykarylmaly nebitiñ we gazyñ umumy möçberinden we ätiýaçlyk gorlar bilen üpjünçiligiñ möçberlerinden ugur alynýar.

$B+C_1$-derejeli gorlaryñ atiýaçlyklaryndan depginini kesgitlemek, gözleg we agtaryş gazuw işleriniñ esasy göwrümlerini hasaplamaga mümkinçilik döredýär we şu aşakdaky görnüşde anyklanýar:

$$I_{g.a} = \frac{G\ddot{o}.d}{N}$$

**$I_{g.a}$** - gözleg we agtaryş gazuw işleri;
**Gö.d** - gorlaryñ ösüş depgini;
**N** - l metr çuñluga düşýän netije-tonnada.

Geologiki-gözleg işlerine meýilnama düzülende nebit-gaz gatlaklaryny gözläp tapmagyñ iñ tygşytly we netijeli usullaryny ulanmak wezipesinden ugur alynýar. Bu babatda ilki bildirilýän talaplar:

l) birinji nobatdaky gözleg meýdançalaryny saýlamak;
2)gözleg-agtaryş işleriniñ iñ kämil ulgamyny ulanmak;

3)birinji nobatdaky toplumda zähmet we maddy serişdeleriniñ netijeli gatnaşygyny gazanmak.

Gözleg-agtaryş işleriniñ iñ esasy netijeli görkezijilerine şu aşakdakylar girýärler:

l) Derejeler boýunça taýýarlanan ätiýaçlyk gorlaryñ ösüş depgini;

2) taýýarlanan ätiýaçlyk nebitiñ we gazyñ hili;

3) nebit-gaz meýdançalarda ýerine ýetirilen gözleg-agtaryş işleriniñ dowamlygy;

4) $B+C_1$ derejeli gorlaryñ ösüşiniñ 1tonnasynyñ özüne düşýän gymmaty;

5) gözleg işlerine sarp edilen çykdajylaryñ özüni ödeýän döwrüniñ möhleti.

## Nebit çykarmagy meýilnamalaşdyrmak.

Nebiti çykarmagyñ meýilnamalarynyñ tehniki-ykdysady esaslary şu aşakdaky görkezijilerden ugur alnyp ýerine ýetirilýär:

1) umumy çykarylan nebit;
2) nebitiñ guýularynyñ görnüşleri boýunça çykarylyşy;
3) nebitiñ bir wagtda iki we ondan hem köp gatlaklardan alynýan guýulardan çykarylýan möçberi;
4) nebitiñ promysellerden taýýarlanyşy.

Nebiti çykarylmagyñ gowrümleriniñ tabşyryklary (meýilnamalary) esasan hem guýularyñ üç sany görnüşlerini ulanmagyñ hasabyna ýerine ýetirilýär: öñki ýyllardakydan geçenleri; burawlaýyşdan kabul edilenleri; hereketsiz duranlardan işe goýberilenleri.

Önki ýyllardakylardan geçen guýular, bu meýilnama düzülýän döwürden öñ işlän we işläp duran guýulardyr.

Burawlaýyşdan kabul edilen guýular, bu meýilnamalaşdyrylýan döwürde burawlaýyş kärhanalary

tarapyndan gazylyp gutarylan, nebit-gaz çykaryjy kärhana tabşyrylan täze guýulardyr.

Hereketsiz durup, soñ işe goýberilen guýular bolsa, meýilnama düzülýän döwre çenli işlemäni duran we meýilnamalaşdyrylan döwürde işe goýberilen guýulardyr.

Nebit çykarmagyñ möçberleriniñ meýilnamasyny guýularyñ görnüşleri boýunça taýýarlaýarlar. Bu möçberleri ulanyş guýularyny burawlamagyñ göwrümlerini esaslandyrmak üçin we beýleki meýilnama gerekli hasaplamalar (ulanyş desgalarynyñ, kuwwatlyklaryny, maýa goýum möçberleriniñ täze guýulardan alynjak 1 tonna nebit üçin harçlanjak udel mukdaryny, isçi güýjüni we ş.m.) ulanýarlar.

Nebiti çykarmagyñ meýilnamasy işlenip düzülende guýularyñ öndürijiliginiñ derejesini we olaryñ wagtyñ geçmegi bilen üýtgeýşiniñ görkezijileri giñden ulanylýar. Bu görkezijilere:

*Guýunyñ önümçiligi*- belli bir wagtyñ (sagat, gije-gündiz, aý) dowamynda guýunyñ öndürijiligi: Meýilnama işjenip düzülende her bir guýunyñ ortaça bir aýdaky önümçiligi hasaplanylýar. Bu babatda ilkinji, başlangyç we gündelik önumçilik görkezijileri ulanylýar.

*Ilkinji önumçilik*- bu täze gazanylan guýunyñ ortaça 30 günüñ dowamyndaky öndürijiligi bolup, täze guýulardan nebit almagyñ meýilnamasy düzülende ulanylýar.

*Başlangyç önümçilige*- meýilnamalaşdyrylýan döwrüñ başyndaky guýularyñ ortaça gije-gündiziñ dowamyndaky öndürijiligi bolup, bu görkeziji öñki ýyllardan geçen guýulardan alynjak nebitiñ möçberleri meýilnamalaşdyrylanda hasaplanylýar.

*Gündelik önumçilik*- bu her aýda bir gije-gündiziñ dowamynda ähli guýulardan alynjak nebitiñ möçberidir. Bu görkeziji başlangyç önümçilige bagly bolýar.

Nebiti çykarmagyñ üýtgemeginiñ derejesi-Dÿ.ýerasty gatlaklaryñ basyş güýjüniñ üýtgemegi, nebit alnan mukdary we

nebit çykarmagyñ kämil görnüslerini ulanmagyñ netijesinde ähli guýularyñ önümçiliginiñ derejesiniñ üýtgemegi:

$$\mathbf{D_Ý = \frac{Ö_2}{Ö_1};}$$

$\mathbf{Ö_1}$ - geçen aýda gije-gündiziñ dowamyndaky önümçilik -Tn;
$\mathbf{Ö_2}$ - soñky aýda gije-gündiziñ dowamyndaky önümçilik Tn;

Bu görkezijini kesgitlemek üçin guýularyñ öndürijiligiñ degşirlenen çyzgysy ulanylýar. Bu görkezijiniñ möçberi her bir gatlagyñ fiziki-geologiki häsiýetine, guýularyñ ýerleşýän aralygyna, gündelik alynýan nebitiñ göwrümine nebitiñ çykarylyşyny ýokarlandyrmak üçin geçirilýän çärelere we beýlekilere bagly bolup durýar.

*Gaýtalanmak derejesi* - bu görkeziji bir ýylyñ dowamynda aýdaky çykarylan nebitiñ başlangyç önümçilikden ýokarlanandygyny görkezýän derejeleriñ jemidir.

*Umumy başlangyç döwründe çykarylýan nebitiñ möçberi* - bu meýilnamalasdyrylýan döwrüñ başky tapgyrynda garaşylýan nebitiñ gije-gündizdäki möçberi bolmak bilen, ähli görnüşdäki, ýagny burawdan çykan täze guýulardan, işe goýberilen, hereketsiz duran guýulardan we geologiki-tehniki çäreler esasynda çykaryljak nebitiñ gowrümidir. Umumy başlangyç dowürde çykarylýan nebitiñ möçberi hökmünde geçen ýylyñ iñ soñky aýynyñ (Dekabr) nebit çykarmakdaky b görkezijisi ulanylýar.

*Guýularyñ ulanyş derejesi* – belli bir wagtyñ dowamynda guýularyñ ulanyş döwrüniñ derejesini häsiýetlendirýär.

## *Nebiti çykarmagyñ meýilnamasyny işläp düzmegiñ usuly.*

Nebit çykarmagyñ meýilnamalary işlenip düzülende ýokarda beýan edilen guýularyñ üç sany görnüşleri boýunça hasaplamalary ýerine ýetirýärler.
Öñki ýyllardaky işläp duran we meýilnama döwrüne geçýän guýularyñ berjek önüminiñ göwrümi şu aşakdaky görnüşde hasaplanýar:

$$G \frac{\text{ýyl}}{\text{guýy}} = 30{,}4\ Ö_{bd}\ D_{ý}$$

Bu ýerde **30,4** - bir aýdaky ortaça günleriñ sany;

**$Ö_{bd}$** başlangyç döwürdäki nebitiñ möçberi, (geçen ýylyñ Dekabr aýyndaky mukdardan ugur alynýar);

**$D_{ý}$** - nebit çykarmagyñ uýtgemeginiñ bir ýyldaky derejesi. Bu görnüşdäki guýularyñ hasaplamalarymeýilnama boýunça çykarylmaly nebitiñ esasy bölegini tutýar.
Burawlaýyşdan çykan täze guýulardan alynjak nebitiñ göwrümi şu aşakdaky görnüşde hasaplanýar:

$$G \frac{\text{ýyl}}{\text{täze guýu}} = Ö_{t.g.}\ T_g I_g;$$

Bu ýerde:
**$Ö_{tg.}$**- täze guýulardan gije-gündizde ortaça çykaryljak nebitiñ möçberi;
**$T_g$** - ulanyşa kabul edilen täze guýularyñ sany;
**$I_g$** - guýularyñ bir ýyldaky işlän günleri.

Hereketsiz duran guýulardan işe goýberilenlerinden alynjak nebitiñ mukdarlary hem ýokardaky görnüşde kesgitlenilýär.

Nebiti çykarmagyñ meýilnamalarynyñ tehniki-ykdysady taýdan esaslandyrmak maksady bilen nebit-gaz çykaryjy kärhanalarda, konsernde nebiti çykarmagyñ meýdançalar boýunça hasaplamalaryny ýerine ýetirýärler. Meýdançalaryñ gatlaklary boýunça düzülýän bu hasaplamalar şu aşakdaky ugurlary göz öñünde tutýar:

- Ulanyşyñ taslamasynyñ görkezijilerini-guýularyñ sany (ulanyş, akdyryş, atiýaçlyk) guýularyñ gije-gündizdäki önümi, bir ýyldaky çykaryljak nebitiñ mukdary, bir ýylda gatlaklara akdyryljak suwuñ möçberi;
- Meýilnama düzülýän döwrüñ başyndaky garaşylýan nebitiñ görkezijileri-ulanyljak gorlaryñ başlangyç önüminiñ göterimi, nebit guýularynyñ sany, gije-gündizdäki önüm, ýyllyk öndüriljek nebitiñ mukdary, suwuñ düzümi, gatlaklara goýberilýän suwuñ göwrümi, dekabr aýyndaky nebitiñ möçberinden ugur alnyp hasaplanan görkeziji we ş.m.;
- Ulanyşa goýberiljek guýularyñ, buraw işleriniñ göwrümi, ýyllyk çykaryljak nebitiñ (ähli görkezijiler boýunça) möçberi baradaky meýilnamalaşdyrylýan ýyl boýunça taslama;

Häzirki döwürde bu hereket edýän usullar nebit-gaz senagatynyñ ösüş depginine laýyklykda kamilleşdirilýär. Ýurdumyzda işleýän daşary ýurt kompaniýalarynyñ ýerine ýetirýän işlerinden, özleşdirilýän maýa goýumlaryndan, amala aşyrylýan elin hyzmatlardan, önümçilige ornaşdyrylýan häzirki zaman tehnologiýalardan we täze tehnikadan önüm öndürmegiñ depginleriniñ ösmegi göz öñünde tutulýar.

Önümi paýlaşmak şertlerinde, şertnamalaýyn çäklerde işleýän kompaniýalarynyñ çykarjak nebitiniñ türkmen tarapyna düşjek paýynyñ möçberleri, ýerine ýetirilýän elin hyzmatlaryñ netijesinde alynýan nebit hem meýilnamalardaky hasaba goşulýarlar.

## *Gaz gykarmagy meýilnamalaşdyrmak.*

Ugurdaş gazy çykarmagyñ meýilnamasyny hasaplamagyn esasy hökmünde gatlaklardaky gazyñ möçberi, gazyñ ulanyşy we onuñ umumy mukdarlary baradaky sanlar ulanylýar.

Gazyñ umumy mukdary şu aşakdaky görnüşde hasaplanylýar:

$$\mathbf{G_g = G_n x G_{g.o.}}$$

Bu ýerde:

**$G_n$** - meýilnama boýunça çykarylmaly nebitiñ möçberi,tn.

**$G_{g.o}$** -ortaça bir tonna nebitdäki gaz garyndysy, m$^3$.

Tebigy gazy çykarmagyñ meýilnamasy işlenip düzülende gatlaklardaky çig malyñ mukdary, tehnologik şertler boýunça ulanmaga degişli möçberler, gaz geçirijileriñ önümçilik kuwwaty, sarp edijileriñ islegininñ göwrümi ýaly hasaplamalardan ugur alynýar. Gazy çykarmagyñ meýilnamasy her bir kiçi we uly meýdançalar üçin aýratyn işlenip düzülýär. Şeýle hem nebit çykarmakdaky ýaly guýularyñ görnüşleri, buraw işleriniñ netijeleri, başlangyç önüm, bir gije-gündiziñ dowamynda çykarylýan gazyñ mukdary, guýularyñ işlän günleri, hatardan çykjak guýularyñ sany we beýleki hasaplamalar ulanylýar.

Gaz kondensatyny çykarmagyñ meýilnamasy hasaplananda şu aşakdaky görkezijilerden ugur alynyar:

1) gaz kondensatynyñ ätiýaçlyk möçberleri;
2) gaz kondensatynyñ çykarmagyñ göwrümi;
3) çykarylan tebigy gazyñ düzümindäki kondensatyñ möçberi;
4) kondensaty gazdan saýlamagyñ derejesi;
5) kondensaty ýerlemegiñ hasaplamasy.

Bu babatda kondensatyñ möçberiniñ ýokarlanmagy has çuñ gatlaklarda ýerleşýän gazyñ çykarylyşy bilen baglanyşdyrylýar.

## Nebit we gaz guýularyny burawlamak işlerini meýilnamalaşdyrmak.

Buraw işleriniñ meýilnamasy täze guýulardan alynmaly nebiti upjün etmek, uglewodorod çig malynyñ gorlarynyñ ulanyşy bilen atiýaçlyk gowrümleriniñ deñagramlylygyny saklamak we geljekde gerekli çig mal binýadyny emele getirmek maksady bilen ýerine ýetirilýär.

Buraw işleriniñ esasy tehniki-ykdysady görkezijileri-burawlanýan çuñluk, synagdan geçen guýu sany, buraw desgasynyñ bir aýdaky çuñluk gazmakdaky tizligi (çuñluk tizligi) bolup durýar. Şu we beýleki görkezijileri ulanyş we gözleg guýularyny burawlamak işlerinde meýilnamalaşdyrylýar. Şeýle hem ulanyş we gözleg buraw işlerini nebit we gaz çykarmak ugurlary boýunça bölýärler.

Bu göwrümleri nebit we gaz çykarmakdaky meýilnama düzülende täze guýulardan alynmaly önümiñ mukdaryny kesgitlemek üçin hasaplaýarlar.

Buraw işleriniñ iñ esasy tehniki-ykdysady görkezijileriniñ biri hem bir buraw desgasynyñ bir aýdaky gazýan çuñlugynyñ tizligidir. Buraw tizligi buraw işleriniñ guramaçylyk, tehnologik we tehniki ýagdaýyny görkezýän dereje bolmak bilen, bir buraw desgasynyñ bir aýdaky geçen çuñlugyny metrlerde kesgitlenýär:

$$\mathbf{T_c = \frac{720\ Ç}{B_s}}$$

**Ç** - çuñluk, metrde;
**720** - bir aýdaky dowamlylyk, sagatda;
$\mathbf{B_s}$ - burawlanan wagt, sagatda.

Buraw tizligi köp babatda buraw desgalarynyñ, enjamlarynyñ sanyny, kömekçi sehleriñ kuwwatlygyny, esasy

we dolanşyk serişdeleriniñ möçberlerini, buraw işleriniñ özüne düşýän gymmatyny kesgitlemekde uly orun eýeleýär.

Buraw tizligini meýilnamalaşdyrmakda guýularyñ çuñlugyny, geologiki-tehniki ýagdaýyny, buraw işleriniñ önümçilik-tehniki göwrümini, täze tehnikany we oñdebaryjy tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmagyñ maksatnamalaryny we beýleki görkezijileri ulanýarlar.

Burawlaýyş işlerini meýilnamalaşdyrmakda çuñlugyñ mehaniki tizligini hem hasaplamak zerurlygy döredýär. Bu görkeziji 1 sagadyñ dowamynda bir dolotanyñ gazan çuñlugy bilen kesgitlenýär:

$$T_M = \frac{Ç}{B_s};$$

Bu ýerde:
**$B_s$** - dolotanyñ guýunyñ düýbünde işlän wagty, sagatda.

Bulardan başga-da buraw işleriniñ tehniki tizligini hem hasaplamak zerurdyr. Bu görkeziji bir buraw desgasynyñ bir aýda gazan çuñlugynyñ möçberi bilen kesgitlenýär:

$$T_T = \frac{720\ Ç}{B_s};$$

$B_s$- buraw desgasynyñ işlän wagty sagatda.
Bu görkeziji hasaplananda buraw desgasynyñ işlemedik wagty hasaba alynmaýar. Şol sebapli hem bu buraw işlerini netijeli ulanmakda, bar bolan mumkinçiliklerden doly peýdalanmakda we işleriñ netijesine seljerme geçirmekde buraw işleriniñ tehniki tizliginiñ jemleri uly orun eýeleýär.

Buraw işlerinde önümçilik döwrüniñ sarp edilişini kesgitlemek üçin burawlaýyş wagtynyñ balansy düzülýär. Bu

görkezijä buraw işlerine sarp edilen wagtyñ möçberleri girýärler:

***Buraw işleriniñ balansy.***

| Işleriñ jeminiñ sagatlara bolan gatnaşygy | Ähli kalendar wagty | Burawlaýyş wagty | Çuñluk gazylan wagty | Şol sanda | | Pugtalandyryş işleri | Kömekçi işler | Abatlaýyş işleri | Näsazlyklary aradan aýyrmak | Awariýalary duzetmek | Ýitgiler | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | gazylan wagt | turbalary goýbermek we galdyrmak | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | |

Buraw işleriniñ tizligi gatlaklary böwsüp geçmekde kämil tehnika başarjañlyk bilen ulanylanda hem-de degişli işleriñ, näsazlyklaryñ, awariýalaryñ, sanynyñ azalmagyny we kömekçi sehleriñ işleriniñ kemsiz we işjeñ ýola goýulmagy gazanylan wagtynda ösýär.

## IX. ÖNÜMIÑ ÖZÜNE DÜŞÝÄN GYMMATY BARADA DÜŞÜNJE WE ONY PESELTMEGIÑ NEBIT-GAZ ÇYKARMAKDAKY TÄSIRI.

### Önümiñ özüne düsýän gymmaty barada düsünje.

Nebit-gaz senagatynda öndürilýän önümiñ özüne düşýän gymmaty önümçiligiñ netijeliliginiñ iñ esasy jemleýji görkezijisidir.

Önümiñ özüne düşýän gymmaty - kärhananyñ önüm öndürmek we ýerlemek üçin eden esasy çykdajylarynyñ pul görnüşine öwrülen gymmatydyr. Muña önümçilik döwründe sarp edilen çig mal, maddy serişdeler, ýagny, elektrik energiýa we ş.m., girmek bilen, adam zähmetine bolan çykdajylar, ýagny aýlyk haky, durmuş ätiýaçlandyrmalaryna geçirilýän maliýe serişdeleri hem girýärler.

Önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ bir kärhananyñ möçberindäki görnüşi hem-de pudak boýunça önumiñ özüne düşýän gymmatynyñ görnüşi hasaplanýar.

Her bir kärhananyñ önüminiñ özüne düşýän gymmaty onuñ aýratynlyklaryna, önümçiligiñ özboluşlylygyna bagly ýagdaýda bolýar.

Önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ derejesi bilen kärhananyñ tehniki-guramaçylyk işleriniñ öñe gidişini ýa-da ýol berilýän yzagalaklygyny seljerip bolýar. Bulardan başga-da maddy serişdeleriñ maliýe we zähmet mümkinçilikleriniñ, tebigy baýlyklarynyñ ulanyşynyñ derejesini hem-de önümçiligi guramagyñ usullaryny we işgärleriñ işe, önüm öndürmäge bolan gatnaşygyny kesgitlemek bolýar.

**Önümiñ özüne düşýän gymmaty** - bu görkeziji tehniki-ykdysady we dürli görnüşli hojalyk işleri boýunça netije çykarmak, täze tehnologiýany, tehnikany ornaşdyrmak, önumçiligiñ peýdaly toplumlaryny işe goýbermek, maýa goýumlaryny özleşdirmekde we beýleki taslamalar işlenip düzülende esasy oruny eýeleýär.

**Önümiñ özüne düşýän gymmaty -** bu lomaý bahalar kesgitlenende hem hasaplamalarda esasy görkeziji bolup hereket edýär.

Önümiñ özüne düşýän gymmatyny pese gaçyrmakdaky mümkinçilikleri gözläp tapmak, ony meýilnamalaşdyrmak, hasabyny ýöretmek we seljerme işi, onuñ çykdajylarynyñ häsiýetine görä görnüşleriniñ öwrenilmegini talap edýär. Muña bolsa çykdajylaryñ esasan şu aşakdaky görnüşleri girýär:

- Önümçiligiñ häsiýetine göra çykdajylar önümçilik we önümçilik däl görnüşlere bölünýärler. Birinji görnüşe önümi öndürmek üçin harç edilýän çykdajylar. Ikinji görnüşe bolsa ony ýerlemek (satmak) üçin edilýän çykdajylar girýärler.
-Ykdysady gurluşy boýunça çykdajylar esasy we üstüne goşulýan çýkdajylara bölünýärler. Esasy çykdajylara- önümçiligiñ tehnologiki ugurlaryna degişli bolan (çig mal, esasy maddy serişdeler, tehnologik ýangyç we energiýa, esasy önümçilik işgärleriniñ zähmet haky, desgalary we enjamlary ulanmakda sarp edilýän harajatlar we s. m) girýärler, üstüne goşulýan çýkdajylara bolsa önümçilige hyzmat edýän we ony dolandyrmak üçin sarp edilýän çykdajylar girýärler.

## Önümiñ özüne düsýän gymmatynyñ derejeleri.

- Önümiñ özüne düşýän gymmatyna degişlilikde çykdajylar birinji we ikinji derejeli çýkdajylara bölünýärler.
**Birinji derejeli çykdajylar** - önümiñ belli bir görnüşini öndürmek üçin edilýän we şonuñ üçin hem onuñ gymmatyna gönüden-göni degişli bolýan çykdajylar. Mysal üçin, nebit-gaz senagatynda gazy ýygnamak we akdyrmak diñe gazy çykarmaga degişli bolany sebäpli ol harajatlar diñe gazy çykarmagyñ özüne düşýän gymmatyna girýär.
**Ikinji derejeli çykdajylar -** bu çykdajylar birinji derejedäki çykdajylardan tapawutlylykda önümiñ ähli görnüşlerine harç edilen çykdajylara girýärler we bir sehiñ ýa-da bütin kärhananyñ çykdajylaryna degişji edilýärler. Bu çykdajylara edara üçin harçlanan serişdeler, sehi, zawody dolandyrmak we hyzmat etmek üçin sarp edilen umumy kärhana çykdajylary girýärler.
Buraw işleriniñ özüne düsýän gymmatyny meýilnamalaşdyrmakda we hasaba almakda, çykdajylaryñ esasy we üstüne goşulýan görnüşlerini ulanýarlar. Esasy görnüşler- guýuny gazmakda buraw işleriniñ usulyna görä harç edilýän çykdajylar, üstüne goşulýan çykdajylar bolsa, buraw

kärhanasynyñ edarasy üçin we buraw işlerini guramak, üpjün etmek we beýleki harajatlar girýärler.

**Üstüne goşulýan çykdajylar -** bular ikinji derejeli çykdajylar. Bu çykdajylar ähli gazylýan guýulara degişli edilýärler we burawlaýyş kärhanasynyñ umumy çykdajylaryna bölünýärler (esasy çykdajylaryñ bölüniş mukdarlarynyñ deñ derejelerinde her buraw desgasynyñ gije-gündizdäki esasy çykdajylaryna bölünip goşulýarlar.

- Önümçiligiñ göwrümine laýyklykda çykdajylar şertli-üýtgeýän we şertli-hemişelik böleklere bölünýärler.

Şertli üýtgeýän çykdajylar – bu çykdajylaryñ mukdary önümçiligiñ göwrümine göra üýtgeýär, ýöne olaryñ derejesi önümiñ birlik mukdarynda köplenç halatda belli bir möçberde galýarlar. Muña mysal edip çuñluk nasoslary arkaly nebit çykaryş usulynda sarp edilýän el. energiýasynyñ sarp edilşini görkezmek bolýar.

Nebit-gaz çykarmagyñ özüne düşýän gymmatyny peseltmek, ýagny nebitdir-gazyñ bir tonnasy üçin harç edilýän çykdajylaryñ möçberini azaltmak-konserniñ iñ esasy wezipeleriniñ biri bolup durmak bilen, ykdysady işiñ wajyp görkezijileriniñ hem esasydyr.

Nebit-gaz çykaryjy müdirlikleriñ meýdançalarynyñ, nebit-gazly gatlaklaryñ, önümi çykarmakdaky ulanylýan usullaryñ özboluşlylygyny nazara almak bilen konserinde bu işi yzygiderli amala aşyrmakda belli bir usullardan peýdalanylýar. Nebit-gazyñ özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek geologiki-gözleg, burawlaýyş we düýpli abatlaýyş işlerine, nebiti taýýarlamak, akdyrmak çärelerine we başgada tehniki-guramaçylyk, işlerine bagly bolup durýar.

## Önümi öndürmek üçin harç edilýän çykdajylarynyñ görnüşleri.

Önümi öndürmek üçin harç edilýän çykdajylarynyñ görnüşleri anyklamak maksady bilen önümiñ özüne düsýän

gymmatyna girýän çykdajylaryñ görnüşleri işlenip düzülen we olar şu aşakdakylardan ybaratdyr.

**-Nebiti çykarmakda sarp edilýän energiýanyñ möçberleri.** Nebiti çykarmagyñ çuñluk-sorujy arkaly amala aşyrylýan usulynda çykdajylar-elektrik energiýasynyñ mukdaryna bagly bolup durýarlar, gazlift usulynda bolsa sarp edilen ýokary we orta basyşly gazyñ möçberlerine bagly bolýar.

**-Önümçilikde işgärleriñ esasy zähmet hakynyñ çykdajylary.** Muña nebit-gaz çykarmak, nebit-gaz guýularyna hyzmat etmek bilen meşgul bolýan işleriñ we hünärmenleriñ zähmet haklaryny maliýeleşdirmek boýunça sarp edilýän çykdajylar girýärler. Şunda maddy höweslendirmeler üçin tölenýän baýraklar önümiñ çykdajylaryna girmeýärler, sebabi olar başga gaznadan harçlanýarlar.

**-Durmuş atiýaçlandyryş gaznalary üçin tölenýän tölegler.** Häzirki döwürde Türkmenistanda hereket edýän kanuna laýyklykda Durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna aýlyk hakynyñ 20% geçirilýär.

-Guýulary ýerasty we düýpli abatlaýyş işleriniñ we umumy abatlaýyş işleriniñ çykdajylary. Bu çykdajylaryñ hataryna abatlaýyş işlerine harç edilen çykdajylar bilen bilelikde şol ugurda işleýän işgärleriñ zähmet haklary, olaryñ durmuş ätiýaçlandyrmalaryna tölenýän tölegler, önümçilik desgalaryny we enjamlary ulanmak üçin ulanylýan harçlar we beýlekiler girýärler.

**-Ulag serişdeleri we aragatnaşyk hyzmatlary üçin harç edilen çykdajylar.** Bu görnüşe esasan hem ulag serişdelerine, ýagny awtomobil we ýörite ulaglar üçin sarp edilen çykdajylar, nebitçileri iş ýerine alyp gitmek, getirmek ýaly işler birlikde önümçilikde ulanylýan ulag serişdeleri, ýangyç we çalgy ýaglaryna sarp edilen çykdajylar we şunuñ bilen bagly bolan beýleki çykdajylar girýärler. Aragatnaşyk hyzmatlaryna bolsa telefon aragatnaşygy, ykjam telefon, rasiýa we beýleki serişdeleriñ çykdajylary girýärler.

-Geologiýa-gözleg we ulanyş guýularyny burawlamak, geofiziki işleri ýerine ýetirmek bu ugurda alnyp barylýan ylmy isleriñ harajatlary şeýle hem bu ugurda işleýän işgarleriñ aýlyk haklary we beýlekiler girýärler.

**-Umumy önumçilik çykdajylary.** Bu çykdajylar dolandyryş edaralarynyñ işgärlerini saklamak boýunça sarp edilen harajatlar, jaýlaryñ, awtomatiki-tilsimat abzallaryñ we her bir nebit-gaz çykaryjy müdirligiñ özboluşlygyna laýyklykda harçlanýan çykdajylar girýärler.

Ýokarda bellenip geçilen çykdajylaryñ görnüşleri umumy çykarylan nebit üçin sarp edilen önümçiligiñ özüne düşýän gymmatynyñ görnüşlerini emele getirýär.

Önümiñ özüne düşýän gymmatyny arzanlatmak, ýagny pese gaçyrmak-bu kärhananyñ düşewüntliginiñ we girdejililiginiñ esasy çeşmesi bolup durýar. Bulardan başgada önümçiligi giñeltmäge, zähmet we maddy serişdeleriñ tygşytlanmagyna, aýlyk haklarynyñ ýokarlanmagyna getirýär. Her bir kärhananyñ girdejisini kesgitlemek onuñ önümini ýerlemegiñ, bahasynyñ we önümiñ özüne düsýän gymmatynyñ meýilnamalaşdyrylmagy bilen bagly bolýar. Önümiñ özüne düsýän gymmatyny meýilnamalaşdyrmak önuñ emele gelmeginiñ, ýagny şol gymmatyñ nämelerden durýanlygyny, haýsy harajatlardan emele gelýänligini öz içine alýar.

Nebit senagatynda önümiñ özüne düsýän gymmatyny peseltmek halk hojalygynda ykdysady oñaýly ýagdaýy döredýär, ähli sarp ediji kärhanalaryñ ýangyç önümleriniñ bahasynyñ arzanlamagyna getirýär. Nebit önümleriniñ özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek nebit senagatynyñ gurluş düzümindäki özboluşly häsiýetlere bagly bolup durýar. Önuñ hakyky gymmatyny hasaplamalar geologiki gözleg işlerinden başlap, nebitiñ gaýtadan işleniş döwrüne çenli harajatlary öz içine alýar. Bu nukdaý nazardan nebit önümleriniñ özüne düşýän gymmatyna geologiki-gözleg, buraw işleri, nebit-gazy çykarmak, akdyrmak we gaýtadan işlemek boýunça sarp edilen harajatlar girýärler. Şonuñ üçin hem şol işlerde önümiñ özüne

düşýän gymmatynyñ peselmegini gazanmak önümiñ iñ soñky haryt görnüşiniñ özüne düşýän gymmatynyñ peselmegine getirýär. Bu babatda ilkinji nobatda nebit-gaz çykarmakdaky çykdajylary azaltmak zerurlygy döreýär. Munuñ üçin bolsa nebit-gaz guýusy üçin buraw işleriniñ özüne düşýän gymmatyny peseltmek boýunça iş alnyp barylmalydyr.

Nebit-gaz senagatynda önümiñ özüne düşýän gymmatyny peseltmek üçin köp ugurly iş alyp barmak, yzygiderli teklipleri girizip, önümçiligiñ gurnalyşyny kämilleşdirmek, bu baradaky jogapkärçiligi ýokarlandyrmak ilkinji nobatdaky wezipeleriñ biri bolup durýar.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak-bu önümiñ özune düşýän gymmatyny peseltmegiñ esasy bolup durýar. Konserniñ nebit-gaz çykaryjy müdirliklerinde nebitdir-gazyñ birlik sanyny (1 tonna, müñ m3) çykarmakda harçlanýan çykdajylaryñ möçberini azaltmakda ýokardaky bellenen ugurlar boýunça dürli çäreler geçirilýär.

Olardan zähmetiñ guralyşyny we aýlyk haklaryñ tölenişini kämilleşdirmek, öñdebaryjy tilsimatlary we täze tehnikany önümçilige ornaşdyrmak, iş wagtyny, önümçilik maddy serişdelerini tygşytly ulanmak we bu ugurda degişli kadalary işläp düzmek ýaly işler özüniñ degerli netijesini berýär. Bulardan başga-da konserniñ gurluş düzüminde geçirilen kämilleşdiriş işleri, işleýän adam sanyny kadalaşdyryp, işgärleriñ başarnygyny, hünär ukybyny ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işler umumy önümçiligiñ ýokarlanmagyna uly täsirini ýetirýär.

**Nebit-gaz çykaryjy kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmatynyň görnüşleri.**

| N/ № | Çykdajylaryň görnüşleri | Çykdajylaryň jemi | | Önümiň görnüşleri | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Nebit | | Ugurdaş gaz | | Tebigy gaz | |
| | | 2008 | 2009 | 2008 | 2009 | 2008 | 2009 | 2008 | 2009 |
| 1. | Nebiti çykarmak üçin sarp edilen energiýa | | | | | | | | |
| 2. | Gatlaklara emeli täsir etmek üçin çykdajylar | | | | | | | | |
| 3. | Önümçilik işgärleriniň esasy zähmet haklary | | | | | | | | |
| 4. | Önümçilik işgärlerine tölenen goşmaça zähmet haklary | | | | | | | | |
| 5. | Durmuş ätiýäçligine tölegler | | | | | | | | |
| 6. | Guýularyň amortizasiýasy | | | | | | | | |
| 7. | Nebiti ýygnamak we akdyrmak üçin çykdajylar | | | | | | | | |
| 8. | Nebiti tehnologiki taýarlamak üçin çykdajylar | | | | | | | | |
| 9. | Önümçiligi taýýarlamak we synagdan geçirmek üçin çykdajylar | | | | | | | | |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 10. | Ulanyş enjamlaryny saklamak we ulanmak üçin çykdajylar | | | | | | | | |
| | - şol sanda guýulara ýerasty abatlamak işleri üçin | | | | | | | | |
| 11. | Sehlaryň çykdajylary | | | | | | | | |
| 12. | Umumy önümçilik çykdajylar | | | | | | | | |
| 13. | Beýleki önümçilik çykdajylar | | | | | | | | |
| | - şol sanda geologiki-gözleg işleri üçin | | | | | | | | |
| | - şäheri abadanlaşdyrmak işleri üçin | | | | | | | | |
| | Önümçiligiň gymmaty | | | | | | | | |
| | a) umumy önüm | | | | | | | | |
| | b) harytlyk önümler | | | | | | | | |
| 14. | Önümçilige degişli bolmadyk çykdajylar | | | | | | | | |
| | Önümiň umumy bahasy | | | | | | | | |
| | Harytlyk önümiň olçeg birligine düşýan gymmaty | | | | | | | | |
| | Hasabat döwründe hereket edýän lomaý baha | | | | | | | | |

## Burawlaýyş işleriniň özüne düşýän gymmatynyň kesgitlemegiň görkezijileri.

| № | Çykdajylaryň görnüşleri | Ulanyş guýulary | | Gözleg guýulary | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Taslama bahasy 2008 | Taslama bahasy 2009 | Taslama bahasy 2008 | Taslama bahasy 2009 |
| 1. | Ýerine ýetirilen işleriň jemi | | | | |
| 2. | Öz güýçleri bilen ýerine ýetirilen işler | | | | |
| 3. | Hakyky çykdajylaryň bank tarapyndan ýapylmagy | | | | |
| 4. | Gazylan çuňluk metr | | | | |
| 5. | Işleriň görnüşleri | | | | |
| 6. | Guýyny burawlamak üçin taýýarlyk işleri | | | | |
| | Şol sanda meýdançany gurmak | | | | |
| 7. | Ýerüsti desgalaryň gurluşugy we enjamlary gurnamak hem-de sökmek | | | | |
| 8. | Guýyny burawlamak – jemi<br>şol sanda:<br>- transport çykdajylary<br>- energiýa çykdajylary<br>- gaýry çykdajylar | | | | |
| 9. | Guýyny synagdan geçirmek | | | | |
| 10. | Promysel – geofiziki işler | | | | |
| 11. | Goşmaça çykdajylar | | | | |
| 12. | Meýilnamalaýyn ýygymlar | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 13. | Näsazlyklar üçin ýitgiler | | | | |
| 14. | Çykdajylaryň jemi | | | | |
| 15. | 1 manatlyk ýerine ýetirilen iş üçin çykdajylaryň möçberiniň göwrümi | | | | |
| 16. | Meýilnamalaşdyrylan çykdajylar | | | | |
| 17. | 1 metr çuňlugyň bahasy (manat) | | | | |

## X. NEBIT-GAZ ÇYKARMAK ÖNÜMÇILIGINDE ZÄHMET ÖNDÜRIJILIGI WE ONUÑ YKDYSADY GÖRKEZIJILERE BOLAN TÄSIRI.

Nebit-gaz çykarmak işinde zähmet öndürijiligi baradaky seljermelere geçmezden öñürti onuñ bütin nebit-gaz senagatyndaky görnüşleri we ugurlary barada käbir düsünjeleri anyklamak zerurdyr. Sebäbi nebit-gaz çykaryjy müdirlikleriñ işi, olaryñ öndürýän önüminiñ göwrümi, ösüş depgini beýleki kärhanalar, ýagny burawlaýyş, hyzmat ediş, geofiziki müdirliklerine bagly bolup durýar. Konserniñ düzüminde esasy iş buýrujynyñ wezipesini nebit-gaz çykaryjy müdirlikler ýerine ýetirip, burawlaýyş, ulag, gurluşyk, geofiziki we beýleki kärhanalar esasan potratçynyñ wezipesini ýerine ýetirýärler.

**Zähmet öndurijiligi** - bu önümçiligiñ dowam edýän pursatynda zähmetiñ önümçiligiñ we netijeliliginiñ görkezijisidir. Ol kesgitlenen iş wagtyñ dowamynda öndürilen önümiñ möçberi (sany) bilen ýa-da önüm birliginiñ göwrümini öndürmek üçin sarp edilen kesgitlenen iş wagtyñ möçberi bilen ölçenýär.

**Zähmet öndurijiligini ýokarlandyrmagy gazanmak** - zähmete sarp edilýän çykdajylary tygşytlamak, her bir işgär

tarapyndan öndürilýän önümiñ möçberini köpeltmäge mümkinçilik döredýär.
Zähmet öndürijiligiñ şahsy we umumy görnüşleri bolýar.

**Şahsy zähmet öndürijiligi - adam zähmetiniñ sarp edişiniñ möçberiniñ öndürilýän önümiñ mukdaryna, ýagny şol önümi öndürýän işgärleriñ zähmetine bolan gatnaşygydyr.**

Emma adam zähmetiniñ sarp edişiniñ möçberi bilen umumy zähmet öndürijiliginiñ derejesini anyklap bolmaýar. Sebäbi her bir önümi öndürmek üçin diñe bir adam güýji sarp edilmäni (mysal üçin nebit-gaz çykarmakda) eýsem önümçilik serişdeleri: maşynlar, desgalar, enjamlar, çig mal, ýangyç, maddy serişdeler, elektrik energiýasy ýaly öñki önümçilik tapgyrynda adam zähmetiniñ sarp edilmegi bilen öndürilen önümler hem harçlanylýar.

Zähmet öndürijiliginiñ umumy görnüşi-önümi öndürmek üçin sarp edilýän ähli çykdajylaryñ möçberi bilen ölçenilýär ýagny adam güýjüniñ sarp edilişiniñ harajatlary bilen nebit-gaz senagatynda zähmet öndürijiligi bir işçiniñ çykarýan nebitiniñ, gazynyñ möçberi bilen we deneşdirilen ýa-da hereket edýän bahalarda harytlyk önümiñ öhdürilişi bilen ölçenilýär. Harytlyk önümiñ möçberi çykarylan nebit-gazdan başga kömekçi sehlere (gaz gysyjy beketlere, mehaniki ussahana, düýpli we ýerasty abatlaýyşa, buraw işlerine we ş. m.) iberilýän önümi göz önüne tutýar we şonuñ üçin hem zähmet öndürijiliginiñ derejesini hasaplamakda iñ esasy hasaplamalaryñ biri bolup durýar.

---

**Bellik - esasy serişdelere bolan amartizasion çykdajylar Türkmenistanda hereket edýän karara laýyklykda 2005-nji ýylyñ mart aýyndan öndürilýän önümiñ gymmatyna girmeýärler.*

Nebit-gaz ulgamynda tebigy şertleri we onuñ öz aýratynlyklaryny göz öñünde tutup, hem-de tehniki-guramaçylyk ýagdaýlary hasaba alyp nebit-gaz önümçiliginde zähmet öndürijiliginiñ ýene bir görkezijisini ýagny bir önüm berýän nebit-gaz guýusyna düşýän işgär (işçi) sanyny kesgitleýärler. Bir guya hyzmat edýän adam sanynyñ azalmagy, işçi güýjüni sarp edilişiniñ tygşytlanmagyna we zähmet öndürijiliginiñ ýokarlanmagyna getirýär, şunuñ bilen birlikde, şol önümi öndürmeklige gatnaşan, zähmetiñ öñki tapgyrlarynda iş gurallaryna we serişdelerine sarp edilen çykdajylar we beýleki harajatlar goşulýar.

Umumy zähmet öndürijiligini ösdürmek her bir kärhana, pudak we ýurduñ halk hojalygy üçin ykdysady taýdan bähbitlidir.

**Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak - bu önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ peselmeginiñ we önümçiligiñ düşewüntliligini ýokarlandyrmagynyñ esasy bolup durýar.** Zähmet öndürijiliginiñ ýokarlanmagy bilen, zähmetiñ guralyşy kamil derejede bolanda , her bir önümi öndürmek üçin edilýän harajatlaryñ düzüminde zähmet hakynyñ möçberi azalýar. Öndürilýän önümiñ göwrümi zähmet öndürijiligiñ ösmegi arkaly ýokarlananda, esasy sarp edilýän çykdajylaryñ tygşytlanmagyna getirýär. Bu bolsa özüne düşýän gymmatynyñ peselmegine, girdejiniñ we düşewüntligiñ ösmegine getirýär.

Şunuñ bilen birlikde hem zähmet öndürijiligiñ ýokarlanmagy, aýlyk haklarynyñ ýokarlanşyndan öñde bolmalydyr. Diñe şunuñ ýaly ýagdaýlarda zähmet öndürijiligi önümçilikde garaşylýan netijäni berer. Bu görkezijini ulanmaklyk nebit-gazyñ çykarylşynyñ işçi güýji bilen gatnaşygyny hem-de zähmet öndürijiliginiñ derejesini, ölçegini we bar bolan ätiýaçlyklaryny öwrenmäge mümkinçilik döredýär.

Burawlaýyş kärhanalarynda zähmet öndürijiligiñ iñ esasy görkezijisi bir işgäre düşýän gazylan çuñlugyñ göwrümidir (metr). Bu görkeziji buraw kärhanasynyñ ähli

işgärleriniñ zähmetiniñ netijeliligini añladýar we guýularyñ çuñlugyna, gözleg-agtaryş işleriniñ göwrümine, bularyñ umumy çuñlukdaky möçberine, buraw desgasynyñ hiline, kuwwatlylygyna we başgada beýleki sebäplere bagly bolýar. Burawlaýyşda zähmet öndürijiliginiñ iñ kämil görkezijisi-tassyklanan smeta bahalarynda bir işgäre düşýän gazuw işleri bolup durýar.

Buraw işlerini ýerine ýetirmegiñ aýratynlyklaryny, onuñ alnyp barylýan ýerleriniñ tebigy şertlerini, buraw tehnikasynyñ durkuny, önümçilik işleriniñ guramagyñ görnüşini göz öñünde tutup buraw işleriniñ zähmet öndurijiligiñ görkezijisini kesgitlemekde bir buraw desgasyna düşýän adam (işçi) sanyny hem hasaplamalarda ulanmak bolýar.

Geologiki-gözleg kärhanalarynda zähmet öndürijiligi geologiki-gözleg işleri bilen meşgul bolýan her bir işgäriñ tassyklanan (smeta) bahalarda şol işleriñ möçberine bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenýär. Nebitgeçirijiler kärhanasynda zähmet öndürijiligi her bir işleýän adama iberilen nebitiñ 1 tonna-kilometre düşýän möçberine laýyklykda kesgitlenýär.

## Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyñ usullary.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyñ esasy mümkinçilikleri we çeşmeleri-iş wagtynyñ ulanylmaýan, önümçilige täsir etmeýän wagtlaryny ýagny, işçi güýjüni peýda getirmeýän harajatlara sarp etmegi aradan aýyrmak, täze tehnikany we öndebaryjy tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmak, önümçiligiñ guralyşyny kämilleşdirmek bolup durýar.

Bu mümkinçilikler önümçiligiñ guralyşyna, amala aşyrylýan ýerine, ýagdaýyna göra belli bir görnüşlere bölünýärler.

Nebit-gaz senagatynda bu mümkinçilikler üç sany topara bölünýärler: nebit-gaz çykarmak ýa-da önüm öndürmek

üçin sarp edilýän zähmet güýjüni peseltmek; iş wagtyny doly ulanmagy başarmak; işgärleri ulanmagy kämilleşdirmek;

Bu mümkinçilikleriñ birinji toparyny ulanmagyñ esasy-önümçiligiñ tehniki derejesini ýokarlandyrmak, guýularyñ önümini doly ulanmak, zähmeti we önümçiligi kämilleşdirmek we işgärleriñ tehniki hünärini ýokarlandyrmak bolup durýar.

Ikinji topardaky mümkinçilikler bolsa işgarleriñ hemmesiniñ işe çykmagyny, iş wagtynyñ boş geçmezligini gazanmak, iş çalşygynyñ arasynda ýitgilere ýol bermezlik, guramaçylyk we üpjün ediş işlerini ýokary derejede guramak, zähmet düzgün bozulmalaryny aradan aýyrmak bilen bagly bolýar.

Üçünji mümkinçilikleriñ esasy bolsa işgärleri ýerli ýerinde goýup, jogapkärçiligi güýçlendirmek, olaryñ hünär ukybyny ýokarlandyrmak, edara ediş işgärleriniñ sanynyñ köpelmegine ýol bermezlik we beýlekiler bolup durýar.

Ylmy-tehniki ösüş-zähmet öndürijiliginiñ ösüşiniñ maddy esasydyr.

Ylmy-tehniki ulgamyñ ösüş, onuñ hemme taraplaýyn önümçilige ornaşmagy - halk hojalygynda, nebit-gaz pudagynda agyr iş zähmetini kämilleşdirmäge, zähmetiñ öndürijiligini ýokarlandyrmaga esas bolup durýar. Täze tehnologiýany, öñdebaryjy tehnikany, dünýä ülñülerine laýyk gelýän tilsimatlary önümçilige ornaşdyrmak nebit-gazyñ çykarylyşyny ýokarlandyrmaga, harajatlaryñ azalmagyna, girdejileriñ köpelmegine getirýär. Nebit-gaz çykaryjy pudakda tehniki ösuşiñ we zähmet öndürijiligi ýokarlandyrmagyñ netijeli ýollarynyñ biri – nebit-gaz ýataklaryny özleşdirmegiñ, ulanmagñ usullaryny we görnüşlerini yzygiderli kämilleşdirmek bolup durýar.

## Zähmet öndürijiligiñ meýilnamalaşdyrylyşy.

Nebit-gaz çykaryş senagatynda zähmet öndürijiligi her ugur boýunça aýratyn meýilnamalaşdyrylýar.

Bu kärhanalar boýunça zähmet öndürijiliginiñ hasaplamalary düzülende şol kärhanalarda senagat önümçiligine degişli bolan işgärleri (işçiler, inžener-tehniki işgärler, gullukçylar we önümçilik bilen bagly bolan beýleki hünärmenler) umumy sany alynýar. Beýleki hojalyklaryñ işgärleriniñ möçberi bu hasaplamalara goşulmaýar. Şeýle hem şol edaralaryñ işinde zähmet öndürijiliginiñ görkezijileri göz öñünde tutulmaýar we meýilnamalaşdyrylmaýar.

Zähmet öndürijiligini meýilnamalaşdyrylmagyñ esasy wezipesi zähmet çykdajylaryny tygşytlamak, zähmet öndürijiliginiñ üznüksiz ösmegi üpün guramaçylyk-tehniki çäreleri işläp düzmek bolup durýar.

Meýilnama düzülende şu asakdaky dört sany görkezijilerden ugur alyp hasaplamalary işläp düzýärler:

1) önümçiligiñ tehniki derejesini ýokarlandyrmakdan;

2) önümçiligiñ we zähmetiñ guramaçylygyny ýokarlandyrmakdan;

3) önüm çykarýan senagatda tebigy şertleriñ üýtgemeginden;

4) önümçiligiñ gurluş düzüminiñ üýtgemeginden;

Şu görkezilen ugurlara laýyklykda işlenip düzülen tehniki-ykdysady hasaplamalar ilki kärhana boýunça, soñ birleşik we pudak boýunça we bütin halk hojalygynyñ möçberinde kesgitlenilýär. Bu bolsa umumy zähmet önümçiligini ýokarlandyrmakda bar bolan mümkinçilikleri anyklamaga ýardam berýär.

Bu hasaplamalarda, zähmet öndurijiliginiñ derejesini ýokarlandyrmakda önümçilikde tassyklanan guramaçylyk-tehniki çärelere laýyklykda işçi guýjiniñ ýagny işgärleriñ umumy sanyny hasaba alýarlar.

Munuñ üçin bar bolan tehniki serişdeler bilen öndüriljek önümiñ göwrümini (mukdaryny) hasaplap, şonuñ üçin zerur işgärleriñ sanyny kesgitleýärler.

Egerde, bir kärhanada ähli senagat önümçiliginde 2500 adam işleýän bolsa, şolardan kömekçi we beýleki derejeli işgärler 1300 adam, önüm öndürmegiñ meýilnamasy bolsa 50%

ýokarlanmaly, kömekçi işgärleriñ sanyny bolsa 20% köpeltmek göz öñünde tutulýar. Munuñ ýaly ýagdaýda şu asakdaky hasaplamalar arkaly işgär sanynyñ kemeldilmegi kesgitlenilýar:

$$\frac{\mathbf{1300\ (50\text{-}20)}}{\mathbf{100}} = \mathbf{390\ adam}$$

Işçi güýjüni iş wagtyny netijeli ulanmagyñ, işsiz durulýan wagtyñ azaltmagyñ, işden galmalaryñ doly aradan aýrylmagynyñ we beýleki usullaryñ hasabyna tygşytlamak ilki bilen meýilnamalarda iş wagtynyñ göwrüminiñ ulalmagyny göz öñüne tutup hasaplaýarlar. Mysal üçin:

Egerde meýilnamalarda öndürilmeli önümiñ möçberleri 1200 adam bilen öndürmek göz önünde tutulyp iş wagtynyñ ýitirilmegi 12% bolan bolsa, meýilnamalaşdyrylýan döwürde bolsa 7% garaşylýan bolsa, onda kemeldilmäge degişli adam sany şu aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

$$\frac{\mathbf{1200\ (12\text{-}7)}}{\mathbf{100}} = \mathbf{60\ adam}$$

Ähli ugurlar boýunça adam sanynyñ umumy tygşytlylygyny kesgitläp, zähmet öndürijiliginiñ derejesini şu aşakdaky hasaplama arkaly ölçäp bolýar:

$$\mathbf{Z_{ö}} = \frac{\mathbf{Ku\text{-}100}}{\mathbf{V_{c}\text{-}K_{i}}}$$

Bu ýerde:

**$Z_{ö}$** - zähmet öndürijiligi, %

**$K_{i}$** - işçi sanynyñ kemeldilmegi

$V_c$ - meýilnamalaşdyrylan önümi öndürmek üçin göz önüne tutulýan işgär sany;

Bu hasaplamany zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda ulanylmaga degişli beýleki usullar uçin hem ulansañ bolýar.

**Nebit–gaz guýularynda ýerasty abatlaýyş işleriniň zähmet öndürijilik wagtyny kesgitlemegiň görkezijileri.**

| № | Görkezijiler | | | 2008 | | 2009 | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | sagat | % | sagat | % |
| **1.** | **Kalendar wagt** | | | | | | |
| **2.** | **Bellenen döwrüň soňuna çenli işlenen wagt** | | | | | | |
| | şol sanda | Potrat usulunda | | | | | |
| | | Wagt ölçegi usulunda | | | | | |
| | 2.1. | ***Öndürijilikli döwür*** | | | | | |
| | | 1. | Bir guýudan başga guýa geçmek döwri. | | | | |
| | | 2. | Taýýarlanyş işleri. | | | | |
| | | 3. | Guýuny petiklemek | | | | |
| | | 4. | Abatlaýyş wagty | | | | |
| | | 5. | Guýunyň düýbüne çenli ýetmek we nebit çykaryjy turbalara bug bilen gyzdyryp arassalamak | | | | |
| | 2.2. | ***Öndürüjiliksiz wagt*** | | | | | |
| | | 1. | Göterüjüleriň guranlygy | | | | |
| | | 2. | Elektroenergiýanyň kesilmegi | | | | |
| | | 3. | Ýörüte tehnikanyň ýetmezçiligi | | | | |
| | | 4. | Berkidiji agregatlaryň ýoklugy | | | | |
| | | 5. | Tehniki suwuň kesilmegi | | | | |
| | | 6. | Enjamlaryň we gurallaryň etmezçiligi | | | | |
| | | 7. | Işçi güýji ýetmezçiligi | | | | |
| | | 8. | Güýçli ýel turany üçin | | | | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 9. | Şol bir iş gaýtadan abatlamak üçin | | | | | |
| | | 10. | Labyrlaryň täzeden berkidilmegi | | | | | |
| | | 11. | Beýleki sebäpler | | | | | |
| | | 12. | Guýuda üýtgeşmeleriň bolup başlamagy | | | | | |
| | | 13. | Guýa göýberilmeli gaz akymyna garaşmak | | | | | |
| | | 14. | Agyr ýükleri süýreýji ulaga garaşmak | | | | | |
| | | 15. | Karotaž toparyna garaşmak | | | | | |
| | | 16. | Ölçeg we barlag abzallarynyň näsazlygy üçin | | | | | |
| | | 17. | Çuňlukdaky ýerleşýän sorujylaryň getirilmegi | | | | | |
| | | 18. | Sementli laýyň ýetmezçiligi | | | | | |
| | | 19. | Nebitiň çykýan turbalarynyň ýetmezçiligi | | | | | |
| | | 20. | Çuňluk ölçeýji enjamyň ýetmezçiligi | | | | | |
| | | 21. | Turba çekiiji ulaglaryň ýetmezçiligii | | | | | |
| | | 22. | Guýunyň düýbünden suwkluk akymynyň gelmegine garaşmak | | | | | |
| | | 23. | Synag işleri | | | | | |
| **3.** | **Abatlaýyş işleriniň jemi** | | | | | | | |
| | | 1. | Turba sorujylaryny çalşyrmak | | | | | |
| | | 2. | Turbalary galdyrmak bilen berkidilen sorujylary çalşyrmak | | | | | |
| | | 3. | Turbalary galdyrmazdan sorujylary çalşyrmak | | | | | |
| | | 4. | Çäge dykylaryny ýuwmak bilen sorujylary çalşyrmak | | | | | |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 5. | Ýerasty gatlaklaryň basyş güýjüni ölçemek bilen sorujyny galdyrmak | | | | |
| | | 6. | Ştangalaryň üzülen we berkidilen ýerine düzlemek | | | | |
| | | 7. | Turbalaryň berkligini barlamak bilen sorujylary çalşyrmak | | | | |
| | | 8. | Çüwdürüm usulyna geçmek | | | | |
| | | 9. | Sorujylar usulyna geçmek | | | | |
| | | 10. | Gazlift usulyna geçmek | | | | |
| | | 11. | Guýydaky turbalary uzaltmak ýa-da kemeltmek | | | | |
| | | 12. | Turbalar sütününi täzeden işlemek | | | | |
| | | 13. | Turbalar sütününe goşmaga agram arkaly täzeden işlemek | | | | |
| | | 14. | Turbalar sütününi ýeňletmek arkaly täzeden işlemek | | | | |
| | | 15. | Turbalar sütününiň çäge dykylaryny ýuwmak arkaly täzeden işlemek | | | | |
| | | 16. | Turbalar sütününi gazlift klapanlaryny çalşyrmak bilen täzeden işlemek | | | | |
| | | 17. | Turbalar sütününi basyş güýjüne ukyplygyny barlamak arkaly täzeden işlemek | | | | |
| | | 18. | Turbalar sütününi täzeden işläp gazlift klapanlaryny barlamak | | | | |
| | | 19. | Ulanyş oturtma sütünlerinde perforasiýa işlerini geçirmek bilen turba sütünlerini täzeden işlemek | | | | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 20. | Gazlift klapanlaryny barlamak | | | | | |
| | | 21. | Beýleki işler | | | | | |
| | | 22. | Gaýtadan ýerine ýetirilýän abatlaýyş işleri | | | | | |
| | | 23. | Gazlift guýylaryny abatlamak | | | | | |
| | | 24. | Guýunyň ýerüsti enjamlaryny gurnamak | | | | | |
| | | 25. | Nebit çykaryjy turbalary ýörüte ekileriň üstünde buglamak arkaly arassalamak | | | | | |
| | | 26. | Ýylmanan ştogy çalşyrmak | | | | | |
| | | 27. | Guýuny düýpli abatlaýyş işlerine taýýarlamak | | | | | |
| | | 28. | Guýuny düýpli abatlaýyşdan soň synagdan geçirmek | | | | | |
| | | 29. | Düýpli abatlaýyşdan soň guýyda synag işlerini geçirmek | | | | | |
| | | 30. | Guýunyň nebit çykaryjy turba sütünlerini täzelemek | | | | | |
| | | 31. | Sorujylary täzelemek bilen ştangalary düzlemek we täzelemek | | | | | |
| | | 32. | Sorujylary çalşyrmazdan ştangalary sazlamak | | | | | |
| | | 33. | Çarhly sorujylara geçmek | | | | | |
| | | 34. | Çarhly sorujylary barlamak | | | | | |
| | | 35. | Çäge dykylaryny ýuwmak | | | | | |
| | | 36. | Guýunyň düýbüne ýiti uçly enjamy göýbermek | | | | | |
| | | 37. | Sementlenen köprüni oturtmak bilen atyş we gaýtadan atyş işlerini geçirmek | | | | | |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 38. | Ulanyş guýusyny doly barlamak | | | | |
| | | 39. | Nebit çykaryjy turbalaryň üzülip galanlaryny we galyndylaryny guýydan çykarmak | | | | |

## XI. NEBIT WE GAZ SENAGATYNDA DOLANYŞYK SERIŞDELERI WE OLARYÑ DÜZÜMI.

Halk hojalygynda her bir kärhana önüm öndürmek üçin dolanyşyk serişdeleriniñ emläk görnüşini emele getiryän çig mal, gerekli enjamlar, ýangyç we beýleki zähmet gurallary bilen üpjün bolmalydyr.

***Dolanyşyk önümçilik serişdeleri*** - önümçilikde esasy önüm tutýan zähmet önümine maddy serişde hökmünde gatnaşýan ýa-da öndürmäge täsir edýän,önümçiligi diñe bir tapgyrynda sarp edilip,özüniñ gymmatyna öndürilen önümüñ özüne düşýän gymmatyna geçirýän önümçilik serişdeleridir.

Zähmet gurallarynyñ önümçilige gatnaşmagyna ýa-da gatnaşmaga taýýarlanýanlygyna laýyklykda dolanyşyk serişdeleri önümçilik ätiýaçlygyna we doly öndürilmedik önüm görnüşlerine bölünýärler.

***Önümçilik ätiýaçlyklary*** heniz işlenip başlanmadyk, kärhananyñ ätiýaçlygy hökmünde ambarlarda saklanýan zähmet maddy serişdelerdir. Bulara: çig mal, esasy maddy serişdeler, kömekçi maddy serişdeler, ýangyç, haryt gaplary, esasy önümçilik serişdelerini abatlamak üçin ätiýaçlyk şaýlary girýärler.

Iş ýüzünde meýilnama we hasabat düzülende arzan bahaly hem-de tiz ulanyşdan galýan gurallary we hojalyk emläklerini hem önümçilik ätiýaçlyklaryna goşýarlar.

Çig mal, esasy maddy serişdeler, satyn alynýan ýarym fabrikatlar-bular öndürilýän önümüñ esasyny tutýan ýa-da

önümi öndürmekde zerur düzümleriñ biri bolup durýan zähmet maddy serişdeleridir.

Nebiti gaýtadan işleýän, gazy gaýtadan işleýän we nebit-himiýa zawodlarynda bu zähmet maddy serişdelerinde nebit, gaz kondensaty, tebigy gaz we onuñ önümi, mazut, we beýlekiler girýärler.

Burawlaýyş kähanalarynda bolsa oturtma turbalar, berkleýji sement, himiki reagentler, glin ürgüni we beýlekiler girýärler.

***Kömekçi maddy serişdeleriñ toparyna*** bolsa öndürilýän önümiñ düzümine girmeýän, ony diñe öndürmäge gatnaşýan zähmet maddy serişdelerine degişlidir. Bu serişdeler önümçilik pursadyna täsir edýän enjamlary we desgalary bökdençsiz işletmek, abatlamak üçin ulanylýar. Nebit we gaz senagatynda kömekçi maddy serişdeler hökmünde çuñlukdaky nebiti sorujylar, remenler, polat urganlar, nebit saplaýjy himiki serişdeler we beýlekiler giñden ulanylýar.

***Ätiýaçlyk şaýlaryna*** – maşynlaryñ agregatlaryñ, mehanizmleriñ bölekleýin şaýlary we stanok kaçalkalaryñ, elektrik bilen işleýän sorujylaryñ, nebiti we gazy gaýtadan işleýän desgalaryñ, buraw enjamlarynyñ hem-de beýleki önümçilik kuwwatlyklaryny çalşyrylýan zerur şaýlary girýärler.

Arzan bahaly we tiz ulanyşdan galýan gurallar we hojalyk emläkleri –az möhletde ulanylyp, täzelenmegi üçin düýpli çykdajylar talap etmeýän zähmet maddy serişdelerdir.

***Doly öndürilmedik önüm*** - dolanyşyk serişdeleriniñ ikinji bölegine degişli bolmak bilen kärhanada zähmet siñdirilen we taýýarlanyş pursadynda duran zähmet maddy serişdeli bolmak bilen bulara :

1. Doly tamammlanmadyk önümçilik;
2. Öz güýçleri bilen taýýarlanan ýarym fabrikat;
3. Geljekki döwrüñ çykdajylary girýärler.

**Doly tamamlanmadyk önümçilige we öz güýçleri bilen taýýarlanan ýarym fabrikatlaryň hataryna** – kärhana üçin tassyklanan tehnologiki möhleti doly geçmedik, taýýarlanyp saklanýan zähmet maddy serişdeleri girýärler.

Nebiti gaýtadan işleýän zawodlarda bu serişdeleri, mazutdan, nebit saplaýjylardan we öz harajatlary üçin taýýarlanan zawodyň aralyk çeleklerinde saklanýan maddy serişdelerinden durýar.

Burawlaýyş kärhanalarynda bolsa doly tamamlanmadyk önümçilige-çuň bolmadyk buraw işlerinde –guýunyň gurlup gutarylmadyk bölegi, çuň burawlaýyşda bolsa guýunyň tapgyrlaýyn gurulmadyk bölekleri degişli bolup durýarlar.

Geljekki döwrüň çykdajylary – önümçilik pursadynyň gündelik döwründe sarp edilen, ýöne geljekki döwürdäki öndüriljek önüme degişli hasaplanýan önümçilik çykdajylarydyr.

Dolanyşyk önümçilik serişdeleri – kärhananyň dolanyşykdaky maliýe serişdeleriniň esasy bölegini emele getirýärler. Haryt-pul gathaşyklarynda zähmet önümleri haryt hataryna geçmek bilen dolanyşygyň netijesinde pul görnüşüne öwrülip, önümçilik üçin goşmaga zähmet maddy serişdelerine ornaşdyrmaga mümkünçilik döredýär.

Şol sebäpli hem önümçilikde hereket edýän dolanyşyk serişdelerinden başga-da kärhana üçin dolanyşyga hyzmat edýän serişde dolanyşygy hem zerurdyr.

Serişde dolanyşygyň düzümüne ambarlarda saklanýan taýyn önümler, sarp edijilere iberilen önümler, kärhananyň bankdaky hasabynda we pulhanasynda duran pul serişdeleri girýärler.

Dolanyşyk önümçilik serişdeleriniň we pul görnüşdäki dolanyşyk fondlarynyň gatnaşyga kärhananyň dolanyşyk serişdelerini emele getirýärler. Bularyň esasy wezipesi – kärhananyň önümçiligini we dolanyşygyny bökdençsiz üpjün etmek, we önüm öndürmäni üznüksiz dowam etdirmek bolup durýar.

## Dolanyşyk serişdeleriniñ ulanylyşy we olary tygşytlamagyñ ugurlary.

Ýurdumyzyñ nebit we gaz senagatyny ösdürmek nebitiñ we gazyñ çykarylyşyny ýokarlandyrmak, olaryñ gaytadan işleniş mukdaryny köpeltmek wezipeleri we energiýa serişdelerimiziñ dünýä bazarynda giñ möcberde eksport etmek maksatnamalary.

Nebit we gaz önümçiliginde dolanyşyk serişdeleriniñ – çig malyñ, maddy serişdeleriñ, ýangyjyñ uly mukdarynda sarp edilmegini we olaryñ ulanmagy üznüksiz kämilleşdirmegi talap edýär.

Dolanyşykdaky serişdeleri ulanmagy kämilleşdirmek, öndürilýän önümiñ belli bir mukdaryna sarp edilýän çig malyñ maddy serişdeleriñ, ýangyjyñ we energiýanyñ sarp edilmegini tygşytlamaga, serişdeleriñ dolanyşygynyñ netijeliligini gazanmaga täsirini ýetirýär.

Önüm öndürmek üçin sarp edilýän çig malyñ, maddy serişdelerini, ýangyjy, energiýanyñ tygşytlanmagy, döwlet emläginiñ ulanyşygynda öndürilýän önümleriñ köpelmegine getirýär. Dolanyşyk serişdeleriñ ulanyşyny kämilleşdirmek, sarp edilşini tygşytlamak, önümçilik kuwwatlyklarynyñ, işçileriñ netijeliligini artdyrýar.

Dolanyşyk serişdelerini tygşytly ulanylmagy-önümçiligiñ düşewüntligini ýokarlyndyrmagyñ esasy ýollarynyñ biri bolup durýar. Sebäbi çig malyñ, maddy serişdeleriniñ, ýangyjyñ energiýanyñ, tygşytly ulanylmagy, öndürilýän önümiñ özüne düşýän gymmatynyñ peselmegine getirýär.

Nebit-gaz we nebithimiýa senagatynda dolanyşyk serişdeleriniñ tygşytly ulanyşynyñ esasy görkezijilerine maddy serişdeleriñ, ýangyç, elektrik-ýangyç energiýasynyñ we gaýtadan işleýän çig maldan çykýan önümleriñ harçlanyşynyñ sarp ediliş mukdary bolup durýar.

Sarp ediliş mukdary - bu maddy serişdeleriñ, ýangyjyñ, energiýanyñ, öndürilýän önümiñ ýa-da ýerine ýetirilýän işleriñ ölçeg birligine (1 tonna nebit,1 tonna awtomobil ýangyjy,1 metr çuñluk we ş.m.) öndürilşikde, çykarylşykda, işleriñ ýerine ýetirilşinde ortaça harç edilişiniñ möçberleridir.

Gaýtadan işlenýän çig maldan önümüñ çykmagy- gaýtadan işlemek üçin ulanylýan çig malyñ möçberiniñ gaýtadan işlenen önümüñ mukdary bilen gatnaşygydyr. Bu görkeziji nebiti gaýtadan işleýän we nebit-himiýa zawodlarynda taýýarlanan önümleriñ (awtomobil ýangyjy, dizel ýangyjy, çalgy ýaglary, etilen) möçberleriniñ gaýtadan işlenen çig malyñ mukdaryna bolan gatnaşygy bilen häsiýetlendirilýär.

Nebit we gaz çykarmakda tebigy şertlere we nebitiñ we gazyñ hiline hem-de tehniki guramaçylyk çärelere laýyklykda kömekçi serişdeler giñden ulanylýar.

Nebit we gaz çykarylanda ulanyş guýularyna harç edilýän serişdeleriñ 1 aýlyk, ýyllyk mukdarlary, nebiti gaýtadan işleýän zawodlarda her bir desganyñ çig maly gaýtadan işlemek üçin 1 tonna harç edilýän dolanşyk serişdeleriñ mukdary kesgitlenilýär.

## Dolanyşyk serişdeleriniñ dolanyşygyny guramagyñ esaslary.

Kärhananyñ dolanyşyk serişdeleri yzygiderli öwrülişikli dolanyşykda bolýarlar.

***Dolanyşygyñ birinji tapgyry*** - zähmet maddy serişdesini taýýarlamak bolup durýar.

Kärhananyñ pul görnüşindäki dolanyşyk serişdesi, önümçilik hajatlary üçin çig mal,

maddy serişde, ýangyç ätiýaçlyk şaý, gural, emläk we ş.m. satyn almak üçin harç

edilýär. Dolanyşyk serişdelerine zähmet maddy serişdesi hökmünde, önümçilik ätiýaçlygynyñ görnüşine öwrülýär.

***Ikinji tapgyrda*** bolsa önümçilik maksatly öwrülişik başlanýar. Öñki ambarlarda durýan maddy gymmatlyklar kärhananyñ sehlerine getirilýär we taýýar önüm emele gelýär. Dolanyşyk serişdeleri doly tamamlanmady önümçilik görnüşe we ýarym fabrikatrlara öwrülýärler.

***Üçünji tapgyrda*** bolsa taýýar önüm görnüşinde, ambarlara getirilýär we soñ sarp edijilere ugradylan haryt görnüşine öwrülýärler we sarp edijiden hasaplaşyk arkaly kärhananyñ maddy serişdesine öwrülýärler, ýagny kärhananyñ öñki maliýe serişdesi dolanyşyk arkaly ýene-de maliýe serişde bolup gaýdyp gelýär.

Önümçilik bökdençsiz netijeli işlemegi üçin kärhananyñ üznüksiz dolanyşykda aýlanyp duran, ýagny önümçilik ätiýaçlykdan tamamlanmadyk önüme, soñ taýýar önüme we pul serişdeleri bolmalydyr. Bu yzygiderli dolanyşyk, ýagny pul serişdesiniñ önümçilik we öndürilen önüm (haryt) görnüşine geçip durmagyna dolanyşyk serişdeleriniñ dolanyşygy diýip atlandyrylýar.

Dolanyşyk serişdeleriniñ göwrümi olaryñ dolanyşyk öwrüminiñ wagtyna bagly bolýar. Dolanyşyk näçe köp wagt dowam etse, kärhana şonçada dolanyşyk serişdeleri gerek bolýar. Şol bir wagtyñ özünde-de kärhana serişdeleriñ dolanyşygyny çaltlandyryp bilse, olaryñ köp bölegini tygşytlap, başga maksatlar üçin ulanmaga mümkünçilik döredýär.

## Dolanyşyk serişdeleriñ dolanyşygynyñ görkezijileri.

Dolanyşyk serişdeleriñ dolanyşygynyñ görkezijileri şu aşakdaky görnüşde bolýarlar:

- serişdeleriň dolanyşygynyň tizligi;
- serişdeleriň dolanyş döwrüniň dowamlygy;
- dolanyşykdaky serişdeleriň göwrümiň derejesi;

Serişdeleriň dolanyşyk tizligi (dolanyşyk derejesi) bir ýylyň dowamynda serişdeleriň dolanyşyk sany bilen ölçelinip, şu aşakdaky görnüşde hasaplanýar:

$$\mathbf{D_S = \frac{Q}{G};}$$

**$D_S$** – 1 ýyldaky dolanyşyk sany;

**Q** – ýerlenen önümleriň kärhananyň manat bahasy;

**G** – dolanyş serişdeleriniň 1 ýyldaky ortaça galyndysy;

Serişdeleriň dolanyş dowrüniň dowamlygy – serişdeleriň dolanyşykdaky bolan günleriň sany.

$$\mathbf{S_G = \frac{360*G}{Q};}$$

**$S_G$** – dolanşyk döwrüniň gün sany;

Dolanşyk serişdeleriniň göwrüminiň derejesi – bu 1 manatlyk ýerlenen önüme harçlanan dolanşyk serişdeleriniň göwrümidir.

$$\mathbf{S_{DD} = \frac{G}{Q};}$$

**$S_{DD}$ –** dolanyşyk serişdesiniň göwrümüniň derejesi.

Mysal üçin, kärhananyň bir ýyldaky ýerlän önüminiň bahasy 20 mln. manat, bir ýyldaky dolanyşyk serişdeleriniň galyndysy ortaça 2 mln. manat. Onda serişdeleriň bir ýyldaky dolanyşygynyň tizligi, 20/2=10 gezek, bir dolanyşyk döwrüniň möhleti (360*2)/20=36 gün, dolanşyk serişdeleriniň derejesi

bolsa 2/20=0,1 ýa-da 1 manatlyk ýerlenen önüme 10 teňňelik dolanyş serişdesi düşýär.

Kärhananyň öndürýän önüminiň möçberiniň şu derejesinde oňa zerur dolanyşyk serişdeleriniň möçberleri serişdeleriň dolanyşygynyň tizligine bagly bolup durýar. Egerde kärhana bir ýylda dolanyşygynyň tizligini 10 öwrümdin 12 – ýetirse onda önümçiligiň meýilnamasyny ýerine ýetirmek we önümi ýerlemek üçin oňa 1,66 mln. manat gerek bolar (20/12), we (2-1,66)=0,34 mln. manady bolsa dolanyşykdan aýryp beýleki maksatlary gönükdirmese mümkinçilik dörär.

## XII. NEBIT-GAZ SENAGATYNDA MAÝA GOÝUMLARYNYÑ ÖZLEŞDIRILIŞI.

### Düýpli maýa goýumlarynyñ düzümi

Nebit-gaz senagatynda köpugurly önümçilik ulgamlary bilen birlikde, uly möçberlerde gurnama-gurluşyk işleri ýerine ýetirilip onuñ esasy maksady nebit- gazly meýdançalarda önümçilik maksatly jaýlary, desgalary, turba geçirijileri, elektrik geçirijileri, ýollary gurup işe goýbermek bilen birlikde Gaz-gysyjy beketleri, nebit ýygnaýjy, saplaýjy we akdyryjy desgalary ýaly dürli görnüşli toplumlar gurnalýar. Bu düýpli gurnama-gurluşyk işleriniñ netijesinde geologiki gözleg we burawlaýyş işlerinde, nebit-gazy çykarmak, akdyrmak we gaýtadan işlemekde uly möçberli önümçilik kuwwatlyklary işe goýberilýär, bar bolan kuwwatlyklaryñ durky täzelenýär. Bu babatda düýpli gurluşyk işleriniñ möçberleri, täze önümçilik kuwwatlyklaryny işe goýbermek, durkuny täzelemek, giñeltmek üçin harç edilýän çykdajylaryñ, ýagny maýa goýumlarynyñ göwrümlerine bagly bolup durýar. Maýa goýumlarynyñ düzümlerine şu aşakdakylar girýärler :

1. Dürli görnüşli jaýlary, ulgamlary, desgalary bina etmek, gurnamak, giñeltmek, durkuny täzelemek, suw üpjünçiligi, gaz

üpjünçiligi, elektrik, nebit geçirijilerini, desgalaryñ düýbüni tutmak, ýygnamak, gurnamak ýaly işleriñ bahasy;

2. Önümçilik enjamlaryny, abzallaryny (tehnologiki, energetiki we göteriji-ulag we şm) önümçilik serişdeleriñ hataryna girýän gurallary hem-de iş serişdelerini satyn almak üçin harç edilýän çykdajylaryñ gymmaty;

3. Ulanyş we gözleg guýularyny burawlamak üçin harç edilýän çykdajylar;

4. Düýpli gurluşyk bilen bagly taslama işlerini işläp düzmek, gurluşyk meýdançalaryny taýýarlamak, gurluşyk edaralarynyñ bölümlerini bökdençsiz üpjün etmek,şol edaralar üçin hünärli işgärleri we hünärmenleri taýýarlamak ýaly çykdajylar;

Gurluşyk gurnama işlerine, enjamlara, abzallara, gurallara we beýleki düýpli maýa goýumlaryna harç edilýän çykdajylaryñ gatnaşygy maýa goýumlarynyñ gurluş düzümini emele getirýär.

## Düýpli maýa goýumlarynyñ we esasy ugurlary.

Nebit, gaz we nebit-himiýa senagatynda düýpli maýa goýumlary şu aşakdaky işlere harç edilýän çykdajylardan durýarlar :

- Guýulary burawlamak (gözleg, nebit, gaz, barlag, we beýleki maksatlar üçin) ;
- Gurnama-gurluşyk işleri ;
- Tehnologiki, energetiki we beýleki önümçilik enjamlaryny, esasy önümçilik serişdeleriniñ düzümine girýän gurallary, abzallary, önümçilik serişdelerini satyn almak ;
- Beýleki düýpli gurluşyk işleri.

Nebit,gaz we nebithimiýa senagatynda düýpli maýa goýumlarynyñ gönükdürülişi laýyklykda olar alty sany topara bölünýärler :

1. Nebitiñ we gazyñ gorlaryny taýýarlamak ;

2. Nebiti we gazy çykarmak we gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly esasy önümçilik häsiýetli ulgamlar ;
3. Umymy nebitpromysel we umumy zawod hojalygynyñ ulgamlary ;
4. Nebiti, gazy, nebit önümlerini ýygnap saklamak, akdyrmak bilen bagly ulgamlar;
5. Ýaşaýyş we medeni-durmuş häsiýetli ulgamlar;
6. Beýleki düýpli harajatlar;

Nebit çykaryjy senagatynda umumy düýpli maýa goýumlarynyñ düzüminde nebit çykarmak bilen bagly bolup durýan ulanyş guýularynyñ gurnamak, desgalandyrmak, nebiti we ugurdaş gazy ýygnamak, akdyrmak, nebiti taýýarlamak ýaly işlere goýberilýän düýpli maýa goýumlarynyñ möçberleri uly orun eýeleýär. Düýpli maýa goýumlarynyñ bu topary esasan hem önümçilik taýdan özleşdirilýän meýdançalaryñ, täze açylan nebit ýataklaynyñ köpelmegi, nebiti çykarmagyñ gazlift usulynyñ giñ möçberinde ulanylmagy önüçiligi täze tehnikanyñ, öñdebaryjy tehnologiýanyñ ornaşdyrylmagy bilen bagly bolup durýar. Gaz çykaryjy senagatynda hem täze önümli ýataklaryñ açylmaga önümçilik taýdan özleşdirilmegi bilen bir hatarda ilaty gaz bilen üpjün etmek gazy arassalamak saplamak talap edilýän hilini üpjün etmek hemde sarp edijilere ugratmak bilen bagly bolup durýar.

Nebitiñ çykarylyşynyñ depgininiñ ösmegi onuñ harytlyk möçberleriniñ köpelmegi nebiti gaýtadan işleýän zawodlary gurmagy bar bolan zawodlaryñ önümçilik kuwwatlyklaryny enjamlaşdyrmagy talap edýär. Bu ugurda dünýä ülñelerine laýyk gelýän desgalary enjamlary satyn almak gurnamak-gurluşyk işlerine uly düýpli maýa goýumlaryny gönükdirmek zerurlygy döreýär. Aşakdaky tablisada nebiti gaýtadan işleýän zawoduñ gurluşygyna sarp ediljek düýpli maýa goýumlarynyñ toplumlaýyn gurluş düzümüne seljerme geçireliñ :

| Düýpli maýa goýumlarynyñ Ugurlary | Gurluşygyñ umumy çykdajylarynda udel oprall % |
|---|---|
| Gurluşygyñ meýdanyny taýýarlamak | 2,3 |
| Esasy önümçilik maksatly ulgamlar | 52,5 |
| Umumy zawod ulgamlary, | 29,6 |
| Şol sanda ; | |
| Energiýa toplumy | 4,6 |
| Ulag we aragatnaşyk | 4,2 |
| Suw üpjünçiligi we lagym akdyryjy toplum | 11,3 |
| Önümçilik meýdançasyny abadanlaşdyrmak | 0,5 |
| Taslama-gözleg işleri | 2,0 |
| Gaýry düýpli işler we çykdajylar | 13, 1 |
| **Jemi** | **120,1** |

Düýpli maýa goýumlary emele geliş çeşmelerine laýyklykda iki görnüşe ýagny, merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlaryna we merkezleşdirilmedik düýpli maýa goýumlaryna bölünýärler.

Merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary bu döwlet maksatnamalarynda tassyklanan çykdajylardan emele gelýän düýpli maýa goýumlarydyr. Merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary esasan hem täze gurluşyklaryñ kärhanalaryñ zawodlaryñ önümçilik toplumlarynyñ durkuny düýpli özgertmek ýaly işlere gönükdirilýär. Düýpli maýa goýumlarynyñ bu görnüşi bütin ýurt boýunça halk hojalygynda önümçiligiñ ösmegine, önümçilik kuwwatlyklarynyñ netijeliginiñ ýokarlanmagyna ýerine ýetirilýän işleriñ öndürilýän önümleriniñ artmagyna we hiliniñ ýokarlanmagyna getirýär hem-de ilaty iş ýerleri bilen üpjün etmekde uly orun eýeleýär.

Merkezleşdirilmedik düýpli maýa goýumlarynyñ görnüşine döwlet tabşyryklaryndan aýry toplumlaryna gönükdirilmäge rugsat berilen, kärhanalaryñ öz maliýe serişdelerinden emele gelýän düýpli maýa goýumlarydyr. Düýpli maýa goýumlarynyñ bu görnüşleri önümçiligi

kämilleşdirmek enjamlary, abzallary, gurallary çalyşmak, durkuny täzelemek täze tehnikanyñ görnüşlerini önümçilige ornaşdyrmak ýaly işlere we ýaşaýyş jaýlaryny, medeni durmuş maksatly toplumlary we beýleki ulgamlara gönükdirilýär. Merkezleşdirilmedik düýpli maýa goýumlaryndan maliýeleşdirilýän guramaçylyk tehniki çäreleriñ netijesinde önümçilik kuwwatlyklarynyñ artmagy, esasy önümçilik serişdeleriniñ ulanylşynyñ kämilleşmegi täze öñdebaryjy tehnikanyñ ornaşdyrylmagy hereket edýän kärhanalarda, täze kuwwatlyklary özleşdirmek üçin harç ediljek merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlaryny tygşytly ulanmaga täsir edýär.

## Nebit-gaz we nebit-himiýa senagatynda düýpli maýa goýumlary

| Düýpli maýa goýumlary nyñ easasy ugurlary | Nebit çykarmak senagatynda | Gaz çykarýan we gazy gaýtadan işleýän senagatynda | Nebiti gaýtadan işleýän we nebit himiýa senagatynda | Nebiti gazy we nebit önüml erini saklam ak we akdyr makda |
|---|---|---|---|---|
| Düýpli gurluşyk ulgamlary we düýpli çykdajylaryñ görnüşleri | | | | |
| 1. Nebitiñ, gazyñ gorlaryny taýýarlamak | 1. Çuñ gözleg guýulary.<br>2. Buraw enjamlary<br>3. Beýlekiler | 4. Çuñ gözleg guýulary.<br>5. Buraw enjamlary<br>6. Beýlekiler | | |
| II. Esasy önümçilik maksatly ulgamlar (nebiti gazy çykarmak gaýtadan işlemek bilen bagly bolan) | 1.Nebit barlag guýulary<br>2.Buraw enjamlary<br>3.Guýularyñ enjamlary<br>4.Gatlaklaryñ basyş güýjüni ýokarlandyrmak bilen bagly ulgamlar<br>5.Turbageçirijiler we ýygnaýyjy çelekler<br>6.Gaz ýygnaýyjy desgalar<br>7.Nebiti taýýarlamak ulgamy<br>8.Gazy gaýtadan işleýän desgalar | 1.Gaz, barlag guýulary<br>2.Buraw enjamlary<br>3.Guýularyñ enjamlary<br>4.Gaz ýygnaýjy gurnamalar<br>5.Gazy gaýtadan işleýän desgalar<br>6.Turba geçirijiler we çelekler<br>7.Gazy gysyjy desgalar | 1.Tehnologiki desgalar<br>2.Çig mal, tehnologiki, haryt çelekleriniñ parky<br>3.Çig mal, haryt sorujylar<br>4.Tehnologiki turba geçirijiler<br>5.Himiki serişdeler hojalygy | |

| | | |
|---|---|---|
| III. Umumy promysel ulgamlary | 1.Mehaniki ussahanalar we abatlaýyş bazasy.<br>2.Suw üpjünçilik we lagym ulgamlary<br>3.Ulag we aragatnaşyk ulgamlary<br>4.Energetiki hojalyk ulgamlary<br>5.Beýlekiler | |
| IV. Nebiti, gazy nebit önümlerini saklamak, akdyrmak ulgamlar | | 1.Nebit we nebit önümleriniñ geçirijileri<br>2.Esasy gaz geçirijiler we olardan şäherlere, obalara, kärhanalary sowulan geçirijiler<br>3.Gaz gysyjy desgalar<br>4.Gaz bölüji nokatlar<br>5.Gaz ýygnaýjy ulgamlar<br>6.Nebit we nebit önümlerini ýygnaýjy we daşaýjy ulgamlar<br>7.Beýlekiler |
| V. Ýaşaýyş medeni-durmuş maksatly ulgamlar | 1.Ýaşaýyş jaýlary<br>2.Jemagat üpjünçiligi hojalygynyñ ulgamlary<br>3.Bilim, saglygy goraýyş we medeni ulgamlar | |
| VI. Beýleki düýpli çykdajylar | 1.Taslama-gözleg işleri<br>2.İşgärleri taýýarlamak<br>3.Wagtlaýyn jaýlar we gurnamalar<br>4.Gurluşyk edarasyny saklamak<br>5. Beýlekiler | |

# XIII. NEBIT-GAZ SENAGATYNDA ZÄHMETE HAK TÖLEMEGIŇ WE HÖWESLENDIRMEGIŇ GÖRNÜSLERI WE USULLARY .

Nebit we gaz senagatynyň işgärlerine zähmet hakyny we onuň öndürijilikli netijelerini höweslendirmek üçin tölegler Türkmenistanyň zähmet kodeksi esasynda amala asyrylýar. Bu kanun ähli kärhanalarda zähmet çekýän işgärleri zähmetine hak tölemegiň kadalaryny kesgitlemek bilen rayatlaryň hak hukuklaryny kepillendirýär.

Nebit we gaz senagatynyň işgärlerine zähmet hakyny tölemeklik şu aşakdaky esaslara bagly bolup durýar .

Ähli ugurlarda zähmetiň netijesine, wagt kadalaryny ýerine ýetirmek, işiň ahyrky netijesine we işgärleri hünär derejesine, zähmet öndürijiligiň ösüş depginine, ýagny ýerine ýetirilýän işleriň (hyzmatlaryň) netijeligine öndürilýän önümiň möçberine we hiline bagly bolýar.

Işgärleriň zähmet hakynyň esasy bolup tarif derejesi we aýlyk haklary ulanylýar. Höweslendiriş tölegler bolsa işleriň öndürilýän önümleriň möçberine we hiline, hemde işgärleriň hünär ussatlaryna bagly bolup durýan goşmaça haklardyr.

Zähmet haklaryny tölemeklik – bu her bir önümcilik kärhanasynyň ýerleşýän ýerine, önümcilik häsiýetine, zähmet şertlerine, ýerine ýetirilän işleriň häsiýetine hem-de işgärleriň durmuş ýagdaýlaryna we beýleki ýagdaýlara bagly bolup durýar. Her bir önümçilik kärhanasynyň işlerine zähmet haky tarif derejesine,ýagny ýörite düzülen we degişli edaralar tarapyndan tassyklanylmagy hökmanydyr. Her bir işgäriň belli bir wagtyň içinde ýerine ýetirýän işine kesgitlenen kadalar esasynda tölenmeli zähmet hakynyň mukdaryna görä işgäriň işlän wagtyna laýyklykda hasaplanylyp çykarylýar. Bu babatda işgäriň ýerine ýetirýän işiniň görnüşi zähmet güýjniň sarp edilişi, işgäriň hünär derejesine, önümçiligiň şertleri göz öňünde tutulýar. Her bir iş ýeri ýagny iş hünäri birnaçe

derejede kesgitlenilýär. Mysal üçin, burawlaýyş brigadalarynda işiň şertlerine görä burawlaýja iň ýokary derejede (razrýad) bellenilip, onuň kömekçisine ondan pesiräk, kömekçi işç bolsa ondan aşaky aýlyk bellenilýär.

## Burawlaýyş işlerinde potratlaryň zähmet hakyny tölemegiň usullary we tertibi.

Potratlaýyn hak tölemegiň burawlaýyş we desgagurnama iş toparlaryndaky tertibi we amala aşyrylyşy şu aşakdaky görnüşde ýerine ýetirilýär:

Guýularyň gurluşygyny üznüksiz dowam etdirýän we düzülen kadalara laýyklykda işgärler bilen üpjün edilen bir burawlaýyş toparyna potratlaýyn hak tölemek tassyklanan kadalar we töleg haklarynyň möçberine laýyklykda amala aşyrmagyň möhletleri kesgitleýän esasy resminama guýuny gazmak we synag etmegiň ýeketäk narýady bolup durýar.Ulanyş guýularynda ýeketäk narýada guýuny gazmak, berkitmek we synagdan geçirmek işleri girýär.

Gözleg guýularynda bolsa ýeke-täk narýada guýuny gazmak, burawlaýyş wagtynda gatlaklary synagdan geçirmek işleri girýär. Burawlaýyş işleriniň başlangyjy (sagat,gün,aý) buraw dolatasyny goýberip, işe girizilen wagtyndan hasap edilýär we degişli kepilnama esasynda tassyklanylýar.

Burawlaýyş işleriniň gutaran güni (sagat, gün,aý) bolsa:

Ulanyş guýularynyň gurluşygynda gazylyp gutarylan guýudan akym gelende ýa-da şular bilen bagly tehnologik çäreler geçirilende gözleg guýularynyň gurluşygynda, egerde oturtma sütünlerde synag işleri geçirilende sementlenen reňk goýmak üçin birinji gözleg gatlagy barlananda we onuň berkligi synag edilende ýa-da ulanyş sütüni goýberilmäge barlag gatlaklary synag edijiler bilen ýerine ýetirilende-geofiziki barlag işleriniň jemine baglylykda kesgitlenilýär.

Şeýle hem burawlaýyş işleriniň gutarylan wagty gözleg guýularynyň gurluşygynda ulanyş sütünleri goýbermegi,

geofiziki barlaglaryň jemi boýunça guýunyň gurluşygyny bes edilen wagtynda hem-de onuň ýolbaşçysynyň görkezmesi esasynda burawlaýyş topary birinji gözleg gatlagynda synag geçirmezden, başga bir guýuny gazmaga iberilen ýagdaýynda.

Guýunyň gurluşygynyň gutaran wagty hemme ýagdaýlarda buraw işleri müdirliginiň we nebit-gaz çykaryjy müdirliginiň baş inženerleriniň, buraw toparynyň başlygynyň, geologiki gullugynyň we ýolbaşçylaryň gol çeken kepilnamasy esasynda tassyklanylýar.

Buraw işleriniň başlan gününden berlen narýada soň üýtgeşmeler girizilmeýär.

Emma aýratyn ýagdaýlarda, ýagny ýokary edaralaryň tassyklanan resminamalaryna lýyklykda guýunyň gurluş taslamasyna çuňlugyň möçberine girizilende oturtma sütünleriň goýberilmegi çuňlugy üýtgedilende ýa-da beýleki tehnologiki taslamalara täzeden seredilende goşmaçalar goşulyp bilner.

Guýulary burawlamak berkitmek we synagdan geçirmek işleriniň potrat usulyndaky töleg haklarynyň möçberleri potratlaryň tarif hakynyň möçberine, bir buraw çalşyrymynyň (wahtanyň) hünär derejesine we sanyna bagly bolup durýar.

Bu görkezijiler bolsa guýunyň çyňlugyna baglylykda kesgitlenilýär. Burawlaýyş işleriniň togtadylan wagty buraw toparynyň işgärleri zähmet haky hünär derejelerine we wagt hasabyna laýyklykda gelýär we tölenilýär.

Buraw işleriniň başynda tassyklanan kadalaýyn tabşyryk bir aýyň dowamynda ýerine ýetirilmese hem wagt hasabyna laýyklykda töleg geçirilýär.

Şeýle hem buraw toparyna bagly bolmadyk sebäpler,ýagny oturtma sütünleriň (turbalaryň) himiki serişdeleriň, sementiň ýa-da beýleki enjamlaryň ýetmezçiligi sebäpli iş togtadylsa işgärlere wagt hasabyna görä aýlyk tölenýär we bu barada burawyň başlygy, merkezi inžener-tehnologiki gullugyň we önümçilik tehniki başlyklary tarapyndan kepilnama düzülýär. Kepilnama kärhananyň baş inženeri tarapyndan tassyklanýar. Egerde buraw toparynyň

günäsi bilen bolmadyk nazarlyklary, awariýalary düzetmek işleri ýerine ýetirilen işlere potrat usulynda tölenilýär. Ýone bulary aradan aýyrmak üçin işler üstünlikli ýerine ýetirilende, burawlaýyş kärhanasynyň başlygy işgärleriň tarif haklarynyň üstüne 20% goşmaça töleg amala aşyrýar. Şunuň ýaly ýagdaýda näsazlyklaryň we awariýalaryň ýüze çykmagynyň sebäpleri barada kepilnama düzülip kärhananyň baş inženeri baş geology tarapyndan kepilnama düzülip buýryjy tarap ýokary edaralar bilen ylalaşýar.

Egerde näsazlyklar we awariýalar buraw toparynyň günäsi boýunça emele gelse, onda işgärleriň tarif hakynyň derejesiniň 2/3 böleginiñ möçberinde aýlyk haky hasaplanylýar. Bu barada kepilnama düzülýär we günäkärlere çäre barada buýruk berilýär.

Burawlaýyş topary her aýdaky tabşyrygy ýerine ýetirse ýada artygy bilen ýerine ýetirse onda buraw işleriniñ tarif hakynyñ derejesine we inžener-tehniki işgärleriñ aýlyk hakynyñ möçberine şu aşakdaky goşmaçalar tölenilýär:

-Tabşyrygyñ ýerine ýetirilişi üçin-30%

- Artykmaç ýerine ýetirilen işiñ her bir göwrümine – 2%

Burawlaýyş topary guýunyñ gurluşygyny bellenen wagtda ýa-da ondan öñ gutarsa goşmaça haklar şu aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

- wagtynda gutarany üçin-10%
- wagtyndan öñ gutarsa -110%-2%
- 110% ýokary bolanda -1%

Mysal üçin kadalaýyn dowamlylyk 110% ýerine ýetirilse goşmaça hak şu aşakdaky tertipde ýerine bellenilýär.

10%+(110%-100%)x2=30%

Egerde 115% - bolsa onda

30+(115-110)x1=35%

Wagtyndan öñ gutarylany üçin goşmaça hak 50% çenli tölenilýär.

Goşmaça haklar burawlaýyş döwründe ýerine ýetirilen işleriñ potratlaýyn aýlyk hakynyñ üstünde hasaplanylyp tölenilýär we öñki tölenen mysaly hasaplanyp tölenilýär,öñki tölenilen goşmaça haklar hasaba alynmaýar.(bu babatda mysaly hasaplanylyp ýerine ýetiriler)

Buraw işleriniñ netijesinde guýuda synag geçirilip nebitiñ ýada gazyñ akymy alynsa onda işgärlere aýlyk hakynyñ 50% çenli goşmaça töleg amala aşyrylýar. Burawlaýyş işleriniñ dowamynda toparyñ işçilerine täze tabşyryk, ýagny goşmaça gatlaklary synagdan geçirmek işleri buýrulsa,onda bu işleriñ tertibi düzülip potratlaýyn hak tölemegiñ düzgünnamanyñ ýerine ýetiriliş tertibi barada ýörite bölümde durulup geçiler. Burawlaýyş we desgagurnama toparlaryñ güýji bilen daşary ýurt buraw desgalaryny täzeden gurnamak, sökmek we bir nokatdan beýleki nokada alyp gitmek işlerinde tabşyryk bellenen möhletlerde ýerine ýetirilişe işlenen wagt üçin tarif hakynyñ möçberine 40% goşmaça töleg amala aşyrylýar.

Burawlaýyş toparynyñ hataryna girýän slesarlar,elektromontýorlar,buraw desgasynyñ maşinistleri,buraw işlerine tölenýän potratlaýyn zähmet hakyny deñ derejede alýarlar. Bu işgärleriñ ortaça aýlyk topar sagadynyñ möçberini hasaplamak üçin, olar tarif haklaryny 12 sagatlyk iş gününiñ tertibinde 180 sagada köpeldip 730 sagada bölýärler.

Burawlaýyş toparynyñ hataryna girýän buraw başlyklaryna, ussalaryna we beýleki inžener-tehniki işgärlere gözleg meýdançalarynda burawlaýyş işleri ýerine ýetirilende wezipe haklarynyñ üstüne 10% goşmaça hak tölenilýär.

Eger-de burawlaýyş işleriniñ dowamynda guýunyñ gurluşynyñ tehnologiýasy bozulsa, işgärlere ýolbaşçylara temmi berilse jenaýat işlerine çekilse, işden galsa ýa-da beýleki zähmet we önümçilik tertibi bozulsa, kärhananyñ ýolbaşçysyny

günäkärlere goşmaça haklardan bölekleýin ýa-da doly mahrum etmäge hukugy bardyr.

Nebit we gaz guýularyny burawlaýan buraw toparynyñ işçilerine gazylýan guýularyñ çuñlugyna we geologiki aýratynlygyna laýyklykda tarif haklarynyñ möçberleriniñ şu aşakdaky tertipde goşmaça töleg tölenýär.

Guýunyñ çuñlugy 400m-den 6000m-e 10% çenli, 6000m 8000m 20% çenli, 8000m- ýokary-30% çenli.

## *Desgagurnayjy iş toparyna we olaryñ hataryna girizilen mehanizatorlara zähmet hakynyñ tölenilişi*

Desgagurnayjy toparlara we olryñ hataryna girizilen goyberiji kärhanalaryñ maşinistlerine ,traktorçylaryna, buldozerçilerine hemde potrat usulynda zähmet haky tölenilýär. Bellenilen tertibe laýyklykda gurnama işleriniñ möhletiniñ bellenilişi desga gurnaýjy sehiñ başlygy tarapyndan işlenip düzülýär we kärhananyñ baş injeneri tarapyndan tassyklanylýar.

Desgalary gurnama – gurluşyk işleriniñ başlanan wagty diýlip, kadalaşdyrylan möhleti tabsyryklara laýyklykda her bir buraw desgasynyn sökülip we gurnalyp başlanan güni, sagady bellenilýär. Işleriñ gutarylan wagty bolsa desga gurnaýjy sehiñ baslygynyñ, prorabynyñ, brigadiriñ bir tarapdan, we beýleki tarapdan bolsa merkezi inžener-tehnologiki gullugynyñ başlygynyñ, buraw ussasynyñ, baş mehanigiñ, baş energetigiñ, zähmeti goramak we howpsyzlyk tehnikasy bolüminiñ başlygynyñ gol çekip tassyklan kabul ediş – tabşyryş kepilnamasy esasynda buraw desgasynyñ tabşyrylan güni hasap edilýär.

Desgalary gurnama – gurluşyk işleriniñ kadalaşdyrylan möhleti tabşyrygy düzülende desgany sökmek, enjamlaryny we desgany alyp gitmek, onuñ tirkelip gidiljek ugrunda mehanizmleşdirilen tekizleýiş işlerini geçirmek, enjamlaryñ

geçiriljek ugrundaky päsgelçilikleri aradan aýyrmak ýaly çäreler hem goşulýar.

Desgagurnaýjy işgärlere we olaryñ hatarlaryna girizilen mehanizatorlaryna zähmet haklary şu aşakdaky görnüşde tölenilýär.

Her aýyñ jemi boýunça desgagurnayjylaryñ we mehanizatorlaryñ hakyky ýerine ýetiren işleriniñ tabeli düzülýär, we potratlaýyn tarif haklarynyň derejesinde iş gün hasaplanylýar.

Eger-de kadalaşdyrylan tabşyryk 100% ýerine ýetirilse- 20% goşmaça hak , 100%-120% çenli 30%, 120%-den ýokary bolanda 40% goşmaça hak tölenilýär.

Şunuň bilen birlikde hem ýerine ýetirilen işleriň hili bildirýän talaplary ödemese goşmaça tölenýän haklaryň möçberleriniň diňe 50% tölenilýär.

Egerde gurluşyk-gurnama işleriniň tabşyrygy bellenilen möhletlerde ýerine ýetirilmese goşmaça hak tölegi amala aşyrylmaýar.

Gurnama–gurluşyk işlerinde zähmet çeken mehanizatorlara buraw işleri müdirligi tarapyndan tehnologiki ulag kärhanasynda mehanizatorlaryň hakyky ýerine ýetiren işlerini tassyklap we potratlaýyn haklarynyň we wagt hasabynda sagatlaýyn tölegleriň möçberleri barada kepilnama gowşurylýar.

Tehnologiki ulag kärhanasy bu resminamalaryň esasynda mehanizatorlara potratlaýyn zähmet hakyny tölenilýär.

Desgalary gurnamak işleri ýerine ýetirilýän döwründe goşmaça tabşyryklar berilmeýär we bu barada töleg geçirilmeýär. Işiň togtadylan wagty işgärlere wagt hasabyndaky hakyň möçberinde aýlyk tölenilýär.

**Desgagurnaýjy toparyň işgär sany we hünär derejeleri şu aşakdaky tertipde tassyklanylýar:**

| | Isgärleriň hünäri | razrýady | sany |
|---|---|---|---|
| 1 | Desgagurnaýjy | *2razrýad 1dereje* | 1 |
| | Desgagurnaýjy | *2razrýad 2dereje* | 2 |
| | Desgagurnaýjy | *2razrýad 3dereje* | 3 |
| | Desgagurnaýjy | *1razrýad 1dereje* | 2 |
| 2 | Desgagurnaýjy kebşirleýji | *2razrýad 1dereje* | 1 |
| | Desgagurnaýjy kebşirleýji | *2razrýad 3dereje* | 1 |
| 3 | Desgagurnaýjy elektromontýor | *2razrýad 2dereje* | 1 |
| | Desgagurnaýjy elektromontýor | *2razrýad 3dereje* | 1 |
| 4 | Işçi | *2razrýad 3dereje* | 1 |
| | *Jemi:* | | 13 |

Eger-de buraw işleri müdirliginiň düzüminde elektrik gurnaýjylaryň ýörite iş topary bar bolsa, onda desgagurnaýjy - elektromontýorlar desgagurnaýjy toparyň hataryna girizilmeýärler.

Müdirligiň düzüminde desgagurnaýjy ýöriteleşdirilen ulag tehnikasy bar bolsa onda mehanizatorlara-ulag kärhanasynyň işgärlerine zähmet hakyny tölemegiň tertibinde aýlyk tölenilýär.

**Buraw desgalaryny gurnamak üçin işlere gerekli ýörüteleşdirilen tehnikasynyň kadalaşdyrylan sany şu aşakdaky tertipde tassyklanylan:**

| | Ýörüte tehnikanyň görnüşleri | Buraw desgasynyň görnüşleri | | |
|---|---|---|---|---|
| | | 4Э, 3Д | | |
| | | sany | | |
| | | Desgany Sökmek | Alyp gitmek | Gurnamak |
| 1 | Traktor T-100,T-130 | 4 | 8 | 3 |
| 2 | Buldozer | 4 | 3 | 4 |
| 3 | Kran KP-25 | 1 | 1 | 1 |
| 4 | Kran Arimuaş-5 | 1 | 1 | 1 |

Desgagurnaýjy toparlar täze tehnikany ornaşdyrmak we özleşdirmek işleri bilen meşgul bolup tabşyrygy ýokary hilli ýerine ýetiren ýagdaýynda - 40% möçberinde goşmaça hak tolenilýär.Täze tehnikany özleşdirmegiň möhletleri her ýagdaýda buraw işleri müdürliginiň ýolbaşçylary tarapyndan kesgitlenilýär.

**Guýulary synagdan geçirýän iş toparlaryna zähmet hakynyň tölenilişi**

Guýulary synagdan geçirýän iş toparynyň işgärlerine tabşyrygyň möhletlerine laýyklykda ýerine ýetirilen işiň göwrümi üçin wagt hasabyndaky tariff haklarynyň möçberinde aýlyk haky tölenilýär.

Topar işe başlamazdan öň gatlakly synagdan geçirmek üçin tabşyrygyň möhletleri kesgitlenilýär.

Synag işleri bellenen möhletlerde ýa-da ondan öň ýerine ýetirilende kärhananyň ýolbaşçysy işgärleriň sagatlaýyn tariff haklarynyň möçberlerine 40% goşmaça hak töläp bilýär.

Synag toparynyň ussalaryna hem şol derejede goşmaça hak tölenilýär.

**Guýularyň gurluşyny doly ýerine ýetiren burawlaýyş toparyna goşmaça hak tölemegiň mysaly hasaplamasy.**

**Buraw işleriniň tassyklanan möhletleri:**

2160 sagat möçberinde - 90 gije 1 gündiz
Burawyň başlanan wagty - 01.11.2006ý.
Burawyň tamamlanan wagty 15.11.2007ý.

Kadalaýyn yzygiderliligiň ýerine ýetirilişi -118,42%

Buraw toparynyň 01.11.2006ý-dan 15.01.2007ý çenli döwürde zähmet hakynyň möçberi:

1. Noýabr 2006 ý - potratlaýyn iş haky -20.000man.
goşmaça hak 40%-800manat.
2. Dekabr 2006ý - potratlaýyn iş haky -25 000 manat.
goşmaça hak 40%-10 000manat.
3. Ýanwar 2007ý - potratlaýyn iş haky – 15 000manat.
goşmaça hak 40% - 6 000manat.
Wagt hasabynda tarif 10000 manat.

Guýunyň gurluşygy doly gutarylan,tabşyrygyň möhleti 118,42% bolanda işgärlere tölenýän goşmaça hakyň möçberi şu aşakdaky tertipde hasaplanylýar:

30+(118,42-110)x1=38,42%
Potratlaýyn aýlyk hakyň möçberi.
20.000+8000+25000+10000+15000+6000=84 000manat.

Şeýle hem öňki tölenen goşmaça hakyň möçberleri 24000manat.
84000-24000+60000manat x 38,42 x 100%=23052 manat.
Goşmaça tölegiň möçberi 23052 manat.

# EDEBIÝATLAR.


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, haklyň hatyrasyna“ – gündelik metbugat sahypalary. Iýun 2010ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamasy. „Türkmenistan“ gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
8. „Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy“. Aşgabat, 2006.
9. „Türkmenistanyň durmuş – ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy“. Maý 2010.
10. В.И.Егоров, Н.Н.Победоносцева, Э.А.Павлинин, Е.С.Сыромятинов. Экономика нефтегазодобывающей промышленности. Москва – 1984г.
11. Л.М.Уманский, И.М.Уманский. Экономика нефтяной и газовой промышленности. Москва – 1974г.
12. В.Б.Ястремская, Е.С.Сыромятинов, Л.Г.Злотникова, В.Б.Савицкий. Организация и планирования производства на предприятиях нефтяной и газовой промышленности. Москва – 1978г

13. Г.А.Егизарян, А.Д.Шеремета.Справочное пособие директору «Экономика, организация, планирование, управление» Москва – 1977г.Научная организация труда в управлении производственным коллективом. Москва – 1987г.
14. Авторский коллектив под редакцией В.Т.Лавриненко, А.Б.Амбарцумова, Н.О.Назарова, А.Б.Перенглиева. Нефть Туркменистана Ашхабад – 1979г.
15. Международный журнал «Туркменистан», Ашхабад – 2006г.
16. „Türkmennebit“ Dowlet Konserniniň ykdysady, maliýe hasabatlarynyň we hereket edýän kadalaryň nusgalyk görnüşleri.

## MAZMUNY


**I. SÖZBAŞY 7**

**II. NEBIT-GAZ SENAGATYNYÑ ÖSÜŞINIÑ ESASY SEPGITLERI 10**

- Nebit-gaz senagatynyñ gysgaça taryhy 10
- Nebit-gaz senagaty Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynda 14

**III. NEBIT-GAZ SENAGATYNYÑ YKDYSADYÝETI WE KÄRHANALARYÑ ESASY YKDYSADY GÖRKEZIJILERI 20**

Türkmenistanyñ nebit-gaz senagaty 20
Nebit-gaz senagatynyñ ykdysadyýeti 21
Esasy ykdysady görkezijiler 23

**IV. NEBIT WE GAZ SENAGATYNYŇ GURLUŞ DÜZÜMI WE DOLANDYRMAK 31**

- Pudagy dolandyrmagyň guramaçylyk gurluşy barada düşünje 34
- Dolandyrmagyň tehniki serişdeleri 36
- Dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan gurluşy 38
- Pudagy dolandyrmagyň aýry-aýry bölünişleri boýunça dolandyrmagy bölmegiň wezipe-borçlary 39

**V. ESASY ÖNÜMÇILIK SERIŞDELERINIÑ (FONDLARYNYÑ) GÖRNÜŞLERI WE DÜZÜMI 41**

- Esasy serişdeleri ulanmagyñ görkezijileri 45

**VI. GIRDEỲJI WE DÜŞEWÜNTLIK 51**

- Girdejileriñ bölünişi 53
- Önümçiligiñ düşewüntligi 53
- Düşewüntligi gazanmagyñ usullary we bu ugurdaky işleriñ görnüşi 57

**VII. NEBIT-GAZ SENAGATYNDA YKDYSADY DÜSEWÜNTLIGIÑ, NETIJELILIGIÑ JEMLERINE SELJERME GEÇIRMEK** 64

- Umumy düşewüntlilik 64
- Mysaly maglumatlar 71
- Netijeliligiñ görkezijileri 71

- Düşewuntliligiñ netijeleriniñ beýleki görkezijileri bilen arabaglanyşygy 72
**VIII. NEBIT-GAZ SENAGATYNDA MEÝILNAMALARY IŞLÄP DÜZMEGIÑ USULLARY WE UGURLARY 73**
Geologiki-gözleg işlerini meýilnamalaşdyrmak 74
Nebit çykarmagy meýilnamalaşdyrmak 77
Nebiti çykarmagyñ meýilnamasyny işläp düzmegiñ usuly 80
Gaz gykarmagy meýilnamalaşdyrmak 82
- Nebit we gaz guýularyny burawlamak işlerini meýilnamalaşdyrmak 83
**IX. ÖNÜMIÑ ÖZÜNE DÜSÝÄN GYMMATY BARADA DÜSÜNJE WE ONY PESELTMEGIÑ NEBIT-GAZ ÇYKARMAKDAKY TÄSIRI 85**
- Önümiñ özüne düsýän gymmaty barada düsünje 85
- Önümiñ özüne düsýän gymmatynyñ derejeleri 87
- Önümi öndürmek üçin harç edilýän çykdajylarynyñ görnüşleri 88
**X. NEBIT-GAZ ÇYKARMAK ÖNÜMÇILIGINDE ZÄHMET ÖNDURIJILIGI WE ÖNUÑ YKDYSADY GÖRKEZIJILERE BOLAN TÄSIRI 95**
- Zähmet öndurijiligini ýokarlandyrmagyñ usullary 98
- Zähmet öndürijiligiñ meýilnamalaşdyrylşy 99
**XI. NEBIT WE GAZ SENAGATYNDA DOLANYŞYK SERIŞDELERI WE OLARYÑ DÜZÜMI 106**
- Dolanyşyk serişdeleriniñ ulanylyşy we olary tygşytlamagyñ ugurlary 109
- Dolanyşyk serişdeleriniñ dolanyşygyny guramagyñ esaslary 110
- Dolanyşyk serişdeleriñ dolanyşygynyñ görkezijileri 111

**XII. NEBIT-GAZ SENAGATYNDA MAÝA GOÝUMLARYNYÑ ÖZLEŞDIRILIŞI 113**
- Düýpli maýa goýumlarynyñ düzümi 113
- Düýpli maýa goýumlarynyñ esasy ugurlary 114

**XIII. NEBIT-GAZ SENAGATYNDA ZÄHMETE HAK TÖLEMEGIŇ WE HÖWESLENDIRMEGIŇ GÖRNÜSLERI WE USULLARY 120**
- Burawlaýyş işlerinde potratlaryň zähmet hakyny tölemegiň usullary we tertibi 121
- Desgagurnayjy iş toparyna we olaryñ hataryna girizilen mehanizatorlara zähmet hakynyñ tölenilişi 125
- Guýulary synagdan geçirýän iş toparlaryna zähmet hakynyň tölenilişi 128
- Guýularyň gurluşyny doly ýerine ýetiren burawlaýyş toparyna goşmaça hak tölemegiň mysaly hasaplamasy 129

Edebiýatlar 131